**B. Alyýew**

# AÝDYM-SAZ WE ONY OKATMAGYŇ USULYÝETI

Orta hünär okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**
**2010**

UOK 78:377
A 51

**B. Alyýew**

A 51 **Aýdym-saz we ony okatmagyň usulyýeti.** Orta hünär okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

TDKP №172, 2010 KBK 85.2 ýa 73

© B. Alyýew, 2010.



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow häzirki döwürde milli medeniýetimiziň ösüşi dogrusynda şeýle diýdi: “Döwletimiz döredijilik işgärleri barada hemişe alada edýär. Biz köp sanly medeniýet köşklerini, muzeýleri, teatrlary we medeni maksatly beýleki desgalary gurýarys”. Munuň hakykatdan hem şeýledigine soňky 3-4 ýylyň içinde bu ulgamda gazanylan işleriň barşyna anyk göz ýetirýän halkymyzyň buýsanjy çäksizdir. Täze Galkynyş zamanasynda milli medeniýetimiz, sungatymyz barada edilýän alada döwlet derejesinde esasy üns merkezinde saklanýar. Indi diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, welaýatdyr etrap merkezlerinde gurulýan we gurluşygy güýçli depginde dowam edýän medeni ojaklar barha artýar. Bu bolsa ilkinji nobatda ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň yglan eden “Döwlet adam üçindir!” diýen ynsanperwer syýasatynyň durmuş hakykaty bolsa, ikinji tarapdan halkymyzyň medeniýetli dynç alşyna gönükdirilýän täze zamananyň ajaýyp özgertmeleriniň miwesi bolup, kalplara ruhy galkynyş paýlaýar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda uzak ýyllaryň dowamynda aýdym-saz sungatymyzy ösdürmek, ýaş zehinlerimizi ýüze çykarmak we terbiýeläp ýetişdirmekde çeken asylly zähmetlerini göz öňünde tutup, olara hormatly atlary dakmak we sylaglamak baradaky Permana gol çekmegi hem Täze Galkynyş zamanasynda milli aýdym-saz sungatymyza goýulýan çäksiz sarpadan nyşandyr. Bu bolsa her bir medeniýet ulgamynda işleýän adamlaryň kalbynda ruhy joşgun döredip, geljekde olary has-da döredijilikli işlemäge borçly edýär. Ýurdumyzyň köpugurly hem köptaraply medeniýetiniň çözgüdini tapan hormatly Prezidentimiz milli medeniýetimiziň her bir ulgamy dogrusynda jikme-jik durup geçdi. Her bir ulgamyň ýerine

ýetirmeli wezipeleri barada nygtap, geljekde edilmeli anyk işleriň ýollaryny hem salgy berdi.

Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamany hiç bir eýýama meňzemeýän ajaýyp döwürdir. Bu eýýam ajaýyp eserleriň zamany bolup, halkymyzyň baý taryhyna altyn harplar bilen girjekdigine hiç hili şek-şübhe bolup bilmez. Çünki täze Galkynyş hem beýik özgertmeler zamanasyny esaslandyryjy hormatly Prezidentimiziň howandarlygynda milli medeniýetimizde eýelenilýän netijeli sepgitler barha gerimini giňeldýär. Bu bolsa her bir döredijilik işgärleriniň täze zamanadan ruhlanyp, tutanýerli zähmet çekmegine ruhy ganat berýär. Türkmen saz sungatyny ösdürmekde, başlangyç synp okuwçylaryna saz sungaty barada giňişleýin düşünje bermekde milli, döwrebap, ylmy maglumatlara baý gollanmanyň ýazylmagynyň sebäbi, döwrüň talabynyň örboýuna galmagydyr.

Aýdym-sazyň mazmuny adam duýgularynyň we oý-pikirleriniň saz sesleri bilen ýazylan çeper beýanydyr.

Aýdym-sazyň mazmunynyň beýany saz serişdeleriniň özara gatnaşyklarynyň berk düzgünleri esasynda amala aşyrylýar. Ol düzgünler halk sazynyň we kompozitorlaryň döredijiliginiň köp asyrlyk tejribesi netijesinde emele gelipdir.

Bu işde aýdym-sazyň dürli ugurlaryndan maglumatlar berilýär. Saz teoriýasynyň maksady saz serişdeleriniň esaslaryny öwretmekden ybaratdyr.

Bu synag okuw kitabynda kompozitorlaryň we bagşy-sazandalaryň ömri we döredijiligi barada baý hem-de yzygiderli maglumatlar berilýär. Ol maglumatlar okuwçylaryň milli saz sungatymyza bolan bimöçber söýgüsini artdyrýar.

Türkmen aýdym-sazynyň iňňän gadymy, baý we çuňňur manylylygy, özboluşlylygy, saz diliniň aýratynlygy milli aýratynlyk hem çuňňur baýlykdyr. Mugallym türkmen milli aýdym-sazynyň özboluşlylygyndan ugur alyp, mekdep okuwçylaryna öz milli aýdym-sazyna söýgi döretmegi başarmalydyr.

Eliňizdäki synag okuw kitabynda okuwçylara aýdym we saz sungatynyň inçeligi, onuň syrlary barada amatly usullary, ýagny milli aýdym-sazy ösdürmek, aýdym-sazyň ýönekeý nazaryýet bilimleri

barada giňişleýin düşünje bermek, aýdym-saz terbiýesini bermegiň dürli usullaryny, şeýle hem sazyň edebiýatyny öwretmek göz öňüne tutulandyr. Berilýän düşünjeler diňe nazary nukdaýnazardan däl-de, amaly okuwlaryň baglanyşyklylygynda yzygiderli beýan edildi.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynyň öwredilýän zatlara akyl ýetirişi, aýdym-saz barada düşünjesi, oňa bolan höwesi we üşügi deň bolmaýar. Bu ýagdaýy mugallym göz öňünde tutmalydyr, şonuň üçin--de okuwçylaryň milli aýdym-saz barada düşünjelerini ösdürmekde, gözýetimini giňeltmekde we saza bolan höwesini artdyryp, oňa bolan üşügini ýüze çykarmakda sadadan çylşyrymla geçmeklik, yzygiderliligi saklamak mugallymyň üns merkezinde bolmalydyr. Aýdym-saz we onuň edebiýaty barada görkeziş, tejribelik usullaryndan peýdalanmak arkaly amatly netijäni gazanyp bolýandygy göz öňünde tutulmalydyr.

Başlangyç synplarda aýdym-saz we ony okatmagyň usulyýeti synag okuw kitaby taýýarlanylanda, bu ugurdan ozal bar bolan usuly gollanmalardan, gazet-žurnal maglumatlaryndan we bu ugurda köp ýyl bäri zähmet çekip ýören ýokary, ýörite orta, orta mekdepleriň mugallymlarynyň iş tejribesinden, şeýle hem öz tejribämizden ugur alyndy.

## Ses

Ses – bu fiziki hadysa bolup, iki jisimiň çaknyşmagy netijesinde ýüze çykýar. Islendik bir zady beýleki bir zat bilen çaknyşdyranymyzda sesiň emele gelýändigini görýäris. Biz gulaga eşidilýän sesleriň hemmesini kabul edip bilýäris, ýöne olaryň hemmesi gulagymyza ýakymly eşidilmeýär. Sesler iki topara bölünýärler.

1. Saza girýän owazly sesler.

2. Saza girmeýän owazsyz, ýakymsyz sesler.

Saza girýän owazly seslere adamlaryň we saz gurallaryň sesleri girýär. Adamda ses emele gelende kiçi dilimiziň töweregindäki ses perdejikleriniň çaknyşmagy netijesinde ses emele gelýär. Saza girýän owazly sesler owazly, owadan, çekimli, güýçli bolýarlar.

Saza girmeýän owazsyz seslere biziň daş-töweregimizdäki eşidilýän sesler: şakyrdy, güpürdi, tarkyldy, maşynlaryň sesi, zawod-fabrikleriň sesleri, şeýle hem tebigy sesler: gök gürlemegi, ýyldyrym çakmagy, ýel turmagy, ýagşyň ýagmagy – bularyň barysy saza girmeýän owazsyz seslerdir. Saza girmeýän owazsyz seslerde owazlylyk, çekimlilik, güýçlülik bolmaýar. Şonuň üçin hem saza girýän owazly sesler, saza girmeýän owazsyz seslerden:

**l) owazlylygy;**

**2) çekimliligi;**

**3) güýji** bilen tapawutlanýar. Biz aýdym aýdanymyzda sözleriniň her bognunda owazlylyk görýäris, emma parta elimizi uranymyzda gulaga ýakymsyz ses eşidýäris. Biz öz sesimizi ýa-da saz guralynyň seslerini isledigimizçe çekip bilýäris, töweregimizdäki islendik gulaga ýakymsyz sesleri bolsa isledigimizçe çekip bilmeris. Edil şular ýaly saza girýän owazly sesleri isledigimizçe güýçlendirip bilýäris ýa-da güýjüni peseldip bilýäris, emma saza girmeýän owazsyz sesleri isledigimizçe güýçlendirip bilmeýäris, şonuň üçin biz sesleri iki topara bölüp, owazly we owazsyz diýip atlandyrýarys.

## Nota düşegi

Notalary ýerleşdirmek üçin nota düşegi ulanylýar. Bäş sany kese ýatýan çyzyga **nota düşegi** diýilýär. Nota düşegi aşakdan ýokarlygyna sanalýar:

Birinji nota düşegi
Ikinji nota düşegi
Üçünji nota düşegi
Dördünji nota düşegi
Bäşinji nota düşegi

5

4

3

2

1

Notalar nota düşeginiň üstünde, arasynda ýerleşdirilýär. Bäşinji nota düşeginiň ýokarsynda we birinji nota düşeginiň aşagynda ýerleşdirilýär.

## Nota

Sözleriň harplar bilen ýazylyp beýan edilişi ýaly, sazyň dili hem notalar bilen ýazylyp beýan edilýär, şonuň üçin sazyň ýazuw belgisine **notalar** diýilýär. Bütin Ýer şary boýunça ýeke-täk sazyň ýazuw belgisi bar, olar hem notalardyr. Jemi ýedi sany nota bolup, olar dürli belentliklerde gaýtalanyp gelýärler. Notalaryň atlary: do, re, mi, fa, sol, lýa, si.

## Gyjak açary

Gelip gutarýan ýeri 1-nji oktawanyň *sol* notasynyň ýatýan düşegini görkezýän belgä **gyjak açary** diýilýär. Gyjak açary nota dü-

şegini açmak üçin ulanylýar. Nota düşeginde açar bolmasa notalary ýerleşdirip bolmaýar. Gyjak açary diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi, ol biziň gyjak saz guralymyza meňzeş bolanlygy üçindir. Gyjak açarynda orta hem belent (inçe) sesler (notalar) ýazylýar, sebäbi gyjak saz guralynda orta hem inçe sesler bar. Başgaça gyjak açaryna sol açary hem diýilýär, sebäbi onuň gelip gutarýan ýeri sol notanyň ýatýan düşegini görkezýär.

Notalaryň nota düşeginde ýerleşişi.



*Do* notasy nota düşegine sygmanlygy sebäpli goşmaça çyzygyň üstünde ýerleşýär.
*Re* notasy birinji nota düşeginiň aşagynda ýerleşýär.
*Mi* notasy birinji nota düşeginiň üstünde ýerleşýär.
*Fa* notasy birinji, ikinji nota düşekleriniň arasynda ýerleşýär.
*Sol* notasy ikinji nota düşeginiň üstünde ýerleşýär.
*Lýa* notasy ikinji, üçünji nota düşekleriniň arasynda ýerleşýär.
*Si* notasy üçünji nota düşeginiň üstünde ýerleşýär.

## Bas açary

Başlangyjyny kiçi oktawanyň fa notasynyň ýatýan düşeginden alyp gaýdýan belgä **bas açary** diýilýär. Bas diýmeklik ýogyn diýmekligi aňladyp, bas açarynda ýogyn sesler (notalar) ýazylýar.



# Oktawalar

Sekiz sany sesiň yzygiderliligine ýa-da bir sesiň indiki gezek gaýtalanyp gelýän aralygyna **oktawa** diýilýär. Jemi sekiz sany oktawa bolup olar şulardan ybarat:

Subkontr oktawa
Kontr oktawa
Uly oktawa
Kiçi oktawa
Birinji oktawa
Ikinji oktawa
Üçünji oktawa
Dördünji oktawa

Oktawalar saz guralynda şu aşakdaky ýaly ýerleşýär




Oktawalaryň altysy doly oktawa, ikisi doly däl oktawa. Doly däl oktawalar subkontr oktawa bilen dördünji oktawa. Birinji, ikinji, üçünji, dördünji oktawalar nota düşeginde gyjak açarynda ýazylýar, (ýerleşdirilýär) subkontr, kontr, uly, kiçi oktawalar nota düşeginde bas açarynda (ýerleşdirilýär) ýazylýar.

# Takt çyzygy

Aýdym-saz eserleri ýazylanda böleklere bölünip ýazylýar. Şol saz eseriniň bölekleri güýçli urgudan indiki güýçli urga çenli aralygy alýar. Şol bölekleriň arasyny nota düşegini dik kesip geçýän çyzyk bölýär, şonuň üçin nota düşegini dik kesip geçýän çyzyga **takt çyzygy** diýilýär.



Takt çyzygy

## Takt

Aýdym-saz eserleri ýazylanda (notada ýerleşdirilende) birnäçe böleklere bölünýär. Güýçli urgudan indiki güýçli urga çenli **bir takt saz eseri** diýilýär. Takt takt çyzyklary arkaly aňladylýar. Iki sany takt çyzygynyň arasyna bir takt diýilýär.



Takt

## Ton we ýarym tonlar

Dürli belentlikdäki iki sany iň ýakyn sesiň arasyna ýarym ton diýilýär. Ýarym ton iki sesi öz içine alýar. Mi - fa, si - do sesleriniň arasy ýarym ton. Iki sany ýarym ton birigip, bir tony emele getirýär. Notalarda do - re, re - mi, fa - sol, sol - lýa, lýa - si sesleriň arasy bir ton.

## Notalaryň bölünişi

Notalar öz çekimliliklerine görä bölünýär

𝅝 – bitin nota çekimliliklerine – 4 i-e deň.

𝅗𝅥 – ýarymlyk nota çekimliliklerine – 2 i-e deň.

♩ – dörtden bir ýa-da çärýeklik nota çekimliliklerine 1 i-e deň.

♪ – sekizden bir notanyň çekimliligi 1 ýa-da i-e deň. Notalaryň çekimliligi sanalanda 1 i, 2 i, 3 i, 4 i diýlip her sany, her harpy sana-

landa aýratyn wagtda sanalýar, li diýip bile sanalmaýar, olaryň hersi aýratyn wagty aňladýar.

## Nota taýajyklarynyň nota düşeginde ýazuw düzgüni

Notalaryň nota düşeginde tygşytly ýerleşmegi, ýerine ýetirijiniň aňsat ýerine ýetirmegi üçin, notalaryň nota taýajyklarynyň nota düşeginde ýazuw düzgüni ulanylýar. Nota düşeginde üçünji nota düşeginden aşakda ýerleşen notalaryň taýajyklary sag gapdalyndan ýokaryk çekilýär.



Üçünji nota düşeginiň üstünde we ondan ýokarda ýerleşýän notalaryň taýajyklary çep gapdalyndan aşak çekilýär.



Bitinlik notada nota taýajyklary ýoklugy sebäpli, ol nota düşeginiň niresinde ýerleşýänem bolsa, öz bolşy ýaly ýazylýar.

## Mažor perdesi

Giň göwrümli, açyk, şadyýan eşidilýän sekiz sany sesiň yzygiderligine **mažor perdesi** diýilýär. Mažor perdesini gurmak üçin ýörite tonlar berlen 1 t, 1 t, 0.5 t, 1 t, 1 t, 1 t, 0.5 t.

## Mažor perdesini gurmak üçin:

1. Berlen notany indiki gezek gaýtalanyp gelýänçä aralygyndaky notalar bilen bilelikde nota düşeginde ýerleşdirmeli. Mysal üçin, mažor perdesini gurmak üçin *do* sesi berilýär.



2. Notalary nota düşeginde ýerleşdirenimizden soň, mažor perdesini gurmak üçin berlen tonlary notalaryň arasynda ýerleşdirmeli.




3. Notalaryň arasynda tonlary ýerleşdirenimizden soňra, olaryň arasyndaky ton ululyklary saz guraly bilen deňeşdirmeli. Eger-de saz guralynda notalaryň aralygyndaky tonlar ýokarda ýazylan notalaryň arasyndaky tonlar bilen gabat gelmese, onda alterasiýa belgileriniň kömegi bilen beýgeldip ýa-da peseldip, berlen tonlara gabat getirmeli. *Do* mažor perdesini guranymyzda hiç hili alterasiýa belgisi gerek bolmady. *Do* mažor perdede alterasiýa belgisi ýok.

## Minor perdesi

Gamgyn, tutuk halda eşidilýän sekiz sany sesiň yzygiderliligine **minor perdesi** diýilýär. Minor perdesini gurmak üçin ýörite tonlar berlen:

1 t, 0.5 t, 1 t, 1 t, 0.5 t, 1 t, 1 t.

Minor perdesini gurmak üçin:

1. Berlen notany indiki gezek gaýtalanyp gelýänçä aralygyndaky notalary bilen bilelikde nota düşeginde ýerleşdirmeli. Mysal üçin, minor perdesini gurmak üçin *lýa* sesi berilýär.



2. Notalar nota düşeginde ýerleşdirilenden soň, minor perdesini gurmak üçin berlen tonlary notalaryň arasynda ýerleşdirmeli.




3. Notalaryň arasyndaky ton ululyklary ýerleşdirenimizden soň, olaryň arasyndaky ton ululyklary saz guraly bilen deňeşdirmeli. Eger-de saz guralynda notalaryň arasyndaky tonlar ýokarda ýazylan notalaryň arasyndaky tonlar bilen gabat gelmese, onda alterasiýa belgileriniň kömegi bilen beýgeldip ýa-da peseldip berlen tonlara gabat getirmeli.

Lýa minor perdesini guranymyzda hiç hili alterasiýa belgisi gerek bolmady. Sebäbi lýa minor perdesinde alterasiýa belgisi ýok.

## Perdäniň durnukly we durnuksyz sesleri

Owazlylygy öz üstünde saklap, gapdalyndaky sesleri özüne çekýän perdäniň I-III-V-VIII seslerine durnukly sesler diýilýär. Durnukly we durnuksyz sesler mažor we minor perdeleriniň ikisinde-de meňzeş (deň).

Do-mažor perdesiniň durnukly sesleri



Owazlylygy öz üstünden çalt geçirip, gapdalyndaky seslere ymtylýan perdäniň II-IV-VI-VII seslerine durnuksyz sesler diýilýär. Durnuksyz sesler mažor we minor perdeleriniň ikisinde-de meňzeş (deň).

Lýa - minor perdesiniň durnuksyz sesleri



## Bas açarynda notalaryň ýerleşişi

Bas açarynda kiçi oktawanyň notalary we ondan pesde (aşakda) ýerleşýän oktawanyň notalary ýerleşýär.



## Minor perdesiniň üç görnüşi

Minor perdesiniň üç görnüşi bar:
1) natural minor perdesi;
2) garmoniki minor perdesi;
3) melodiki minor perdesi.

1. **Natural** minor perdesi diýlip gidişin ýokarlygyna we gaýdyşyn aşaklygyna minor perdesiniň sesleriniň (notalarynyň) hiç hili üýtgemedik ýagdaýyna aýdylýar.



2. **Garmoniki** minor perdesi diýlip gidişin ýokarlygyna we gaýdyşyn aşaklygyna minor perdesiniň 7-nji sesleriniň (notalarynyň) 0.5t beýgeldilmegine aýdylýar.



3. **Melodiki** minor perdesi diýlip gidişin ýokarlygyna 6-7-nji sesleriň (notalaryň) 0.5 t beýgeldilip, gaýdyşyn aşaklygyna şol beý-geldilen sesleriň (notalaryň) öňki kaddyna getirilmegine aýdylýar.



## Mažor-minor perdeleriniň üç sesi

Mažor-minor perdeleriniň üç sesi diýlip mažor hem-de minor perdeleriniň esasy daýanç sesleri bolan I-III-V seslerine aýdylýar. Mažor hem-de minor perdeleriniň üç sesi biri-birinden tonlary bilen tapawutlanýar.

Mažor perdesiniň üç sesi bolmak üçin:

I – III sesleriň arasy 2 ton bolmaly.

III – V sesleriň arasy 1,5 ton bolmaly.

Do mažor perdesiniň üç sesi şu aşakdaky ýaly bolýar:



Minor perdesiniň üç sesi bolmak üçin:
I – III sesleriň arasy 1,5 ton bolmaly.
III – V sesleriň arasy 2 ton bolmaly.

Lýa minor perdesiniň üç sesi şu aşakdaky ýaly bolýar:



## Parallel tonallyk

Alterasiýa (açar) belgileri deň bolan mažor we minor perdelerine parallel tonallyk diýilýär. **Do** mažor bilen **lýa** minor perdeleri biri-birine paralleldirler, sebäbi olaryň ikisinde-de alterasiýa (açar) belgileri ýokdur. **Sol** mažor bilen **mi** minor perdeleri biri-birine paralleldirler, sebäbi olaryň ikisinde-de bir **diýez** belgisi bardyr.

## Alterasiýa (açar) belgileri

Aýdym-saz eseri nota geçirilende bas açary hem-de gyjak açarynda ýazylýar. Notalaryň aralary ton ululyklary, ýarym ton we ton bilen ölçenilýär.

Nota açarlarynyň yz gapdalynda (gyjak açary we bas açary) goýlup, notalary beýgeldiji we peseldiji belgilere alterasiýa (açar) belgileri diýilýär.

## Alterasiýa (açar) belgileri

♯ – diýez notany öňki kaddyndan 0,5 ton beýgeldýär.

♭ – bemol notany öňki kaddyndan 0,5 ton peseldýär.

× – dubl-diýez notany öňki kaddyndan 1 ton beýgeldýär.

♭♭ – dubl-bemol notany öňki kaddyndan 1 ton peseldýär.

♮ – bekar beýgeldilen ýa-da peseldilen notany öňki kaddyna getirýär.

Alterasiýa (açar) belgileri nota açarlarynyň yz gapdalynda goýulýar. Şeýle hem notalaryň öňünde goýulýar. Saz eseriniň arasynda notalaryň öňünde goýlan alterasiýa belgilere tötänleýin belgi diýlip hem atlandyrylýar.

## Saz säginmeleri

Aýdym-saz eseriniň içinde az wagtlyk bolup geçýän säginmä **saz säginmesi** diýilýär. D. Nuryýewiň «Pişijek» aýdymynda birinji bendi bilen gaýtalamak bendini aýdanymyzdan soň, ikinji bendi başlamanka az wagtlyk säginilýär. Saz çalynsa-da aýdym az wagtlyk aýdylmaýar, bu ýerde sazda säginme bolmaýar-da, aýdymda az wagtlyk säginmeler bolýar.

Saz säginmeleri dürli çekimlilikde bolýar. Nota düşeginde dördünji nota düşeginiň aşagynda gara ýarym inedördül şekilinde goýlan belgä bitinlik saz säginmesi diýilýär. Bitinlik saz säginmesi 4i-e çenli sanalýar. 1 i, 2 i, 3 i, 4 i.



Nota düşeginde üçünji nota düşeginiň ýokarsynda gara ýarym inedördül şekilinde goýlan belgä ýarymlyk saz säginmesi diýilýär. Ýarymlyk saz säginmesi 2 i-e çenli sanalýar. 1 i 2 i.



Nota düşekleriniň üstünde tolkun şekilinde goýlan belgä dörtden bir saz säginmesi ýa-da çärýeklik saz säginmesi diýilýär. Dörtden bir saz säginmesi ýa-da çärýeklik saz säginmesi 1 i-e çenli sanalýar.



8-den bir saz säginmesi nota düşeginde 2-nji, 3-nji, 4-nji nota düşekleriniň üstünde egri birlik şekilinde goýlup, onuň çekimliligi 1 ýa-da i-e çenli sanalýar.



## Temp

Aýdym-sazyň hereket tizligine temp diýilýär. Aýdym-sazda tempiň roly örän uludyr. Temp aýdym-sazyň many-mazmunyna görä goýulýar. Templer ähli halklar üçin italýan dilinde belgilenendir. Biziň türkmen kompozitorlarymyzyň eserlerinde templer türkmen elipbiýi bilen hem belgilenilýär. Templer üç topara bölünýär: haýal, orta (aram), çalt templer.

**Haýal templer:**

Largo – örän haýal
Lento – çekimli
Adažio – haýal
Grawe – agyr

**Orta templer:**

Andante – arkaýyn, howlukman
Andantino – andanteden azajyk janlyrak
Moderato – orta temp
Allegretto – janlyrak
Allegro moderato – orta çalt

**Çalt templer:**

Allegro – tiz, çalt
Wiwo – has çaltrak
Wiwaçe – has çaltrak
Presto – örän çalt
Prestissimo – örän tiz, örän çaltlykda

## Dirižýorlyk etmek

Başlangyç synp okuwçylaryna aýdymy ýerine ýetirdeniňde olaryň deň başlap deň gutarmaklary möhümdir. Olaryň aýdymy deň başlap, deň gutarmaklary üçin dirižýorlyk edip görkezmeli. Dirižýorlyk etmek üçin dürli ölçegler bolup, aýdyma görä ölçegler saýlanylyp alynmalydyr.

Dirižýorlyk etmek $\frac{2}{4}$, $\frac{3}{4}$, $\frac{4}{4}$ ölçeglerde bolýar.

$\frac{2}{4}$ ölçeginde dirižýorlyk çyzgysy



$\frac{3}{4}$ ölçeginde dirižýorlyk çyzgysy



$\frac{4}{4}$ ölçeginde dirižýorlyk çyzgysy



## Interwallar

Dürli belentlikdäki iki sesiň arasyna interwal diýilýär. Jemi sekiz sany interwal bolup, olar şu aşakdakylardyr:

1. Prima
2. Sekunda
3. Tersiýa
4. Kwarta
5. Kwinta
6. Seksta
7. Septima
8. Oktawa

Interwallaryň tertip sanlary olaryň atlaryny hem näçe sesden durýandygyny aňladýar. Interwallaryň aralygy ton ululygy bilen öl-

çenilýär. Interwallar dürli görnüşlerde bolup, olar arassa, kiçi, uly interwallardyr.

1. Prima arl-0 t
2. Sekunda k2-0.5t u2-lt
3. Tersiýa k3-1.5t u3-2t
4. Kwarta ar4-2.5t
5. Kwinta ar5-3.5t
6. Seksta k6-4t u6-4.5t
7. Septima k7-5t u7-5.5t
8. Oktawa ar8-6t

## Interwallaryň gurluşy

Interwallar gurlanda berlen sesden indiki ikinji ses belgilenip gurulýar. Interwal näçe sesden durýanam bolsa, birinji we iň soňky sesi ýazylýar. Aralygyndaky sesler ýazylmaýar.



## Uzaldyjy belgiler

Aýdym-saz eseriniň many-mazmunyny açmak üçin, gerek bolan çekimli seslerimizi almak üçin, uzaldyjy belgiler ulanylýar. Olar: nokat, ligo, fermato.

**Nokat** uzaldyjy belgisi notalaryň yz gapdalynda nokat şekilinde goýlup, notanyň çekimliligini öňküsinden ýarym esse uzaldýar. Eger--de bitinlik notamyz öň 4i-e çenli sanalan bolsa, onda indi uzaldyjy belgi goýsak, ol öňküden ýarym esse uzalar-da 6i-e çenli sanalar.

 – 6i

Ýarymlyk notamyzyň çekimliligi öň 2i-e çenli sanalýan bolsa, nokat uzaldyjy belgi goýlandan soň, onuň çekimliligi 3i-e çenli sanalýar.

 – 3i

Dörtden bir (çärýeklik) notanyň çekimliligi li-e çenli sanalýan bolsa, nokat uzaldyjy belgini goýanymyzdan soň, ol 2i-e çenli sanalýar.

 – 2

Sekizden bir notamyz öň 1-e ýa-da i-e çenli sanalýan bolsa, nokat uzaldyjy belgini goýanymyzdan soň, ol ýene-de 1-e ýa-da i-e sanalýar, ýöne öňküden azajyk çekimli edilip aýdylýar. Ýene-de 1-e ýa-da i-e sanalýar diýmegimiziň sebäbi, eger-de li-e sanasak, onda onuň çekimliligi iki esse uzalar. Öňki durşuna 1 ýa-da i-e çenli sanasak, uzaldyjy belgimiziň täsiri duýulmaýar. Şonuň üçin öňküden çekimliräk edip, süýndiribräk sanamaly.

 – 1 ýa-da i

**Ligo** uzaldyjy belgisi bolanda, aýdym-saz eserinde birnäçe birmeňzeş notalaryň ýaý şekili bilen birikdirilip, olaryň birinji notasy (sesi) çalnyp ýa-da aýdylyp, galan notalaryň bolsa şol birinji notanyň owazyna sanalmagyna ligo uzaldyjy belgisi diýilýär.



**Fermato** – aýdym-sazyň ortasynda, köplenç, ahyrynda gelip, bellibir notanyň üstünde goýlup, şol notany isledigiňçe çekip bolýar. Fermatonyň çekimliligi aýdym-saz eseriniň mazmunyna baglylykda kesgitlenilýär.



Uzaldyjy belgiler aýdym-sazyň many-mazmunyna görä ulanylýar. Uzaldyjy belgileriň nokat, liga ýaly görnüşleri aýdym-saz eserinde köp ulanylýar. Fermato uzaldyjy belgisi aýdym-saz eserlerinde seýrek ulanylýar.

## Ritm

**Ritm** – sesleriň dowamlylygynyň sazlaşykly gezekleşip gelmegine aýdylýar. Sazda sesleriň dowamlylygynyň aýry-aýry ritmiki görnüşleri bar. Olar özara biri-birine laýyk bolan ritmiki topara birleşýärler. Notalar taktlaryň içinde ýekelikde, ikiden, üçden, dörtden we ondan köp bolup, bir umumy kese çyzyk bilen ýa-da ýaý-liga arkaly birleşdirilip ýazylýar. Taktyň içinde notalar dowamlylygyna görä aýry-aýry ritmiki topara bölünýärler. Mysal üçin:

## Ýönekeý ölçegler:



## Çylşyrymly ölçegler:



## Çylşyrymly garyşyk ölçegler:



**Ritm** – sazyň wajyp serişdeleriniň biri bolmak bilen, sazyň mazmunyny beýan etmekde, dürli häsiýetleri açyp görkezmekde ähmiýeti uludyr. Meselem ýöriş sazlaryna pert-pert ritmler, liriki häsiýetdäki sazlara ýumşak ritmler mahsusdyr.

N.Halmämmedowyň “Ýatlama” sazynyň ritm we metr taýdan beýany:




Ritm-grekçe «rhythmos – yzygiderlilik, laýyklyk» diýmegi aňladýar.

## Metr

Metr – grekçe “metrum-ölçeg” diýmegi aňladýar.

Metr – saz eseriniň dowamynda güýçli we güýçsüz, gowşak basymly we basymsyz paýlar biri-biriniň yzyndan gezekleşip gelýär.

Şol güýçli we güýçsüz, gowşak paýlaryň biri-biriniň yzyndan birsyhly gezekleşip gelmeklerine metr diýilýär.

Aşakdaky sazy üns berip diňläniňde, heňiň ses dowamlylyklarynyň gezekleşmeginiň çep elde birsydyrgyn gaýtalanyp duran çärýeklik urgularyň esasynda düzgünleşdirilendigini duýmak bolýar.

N. Halmämmedow ”Ýatlama”



## Ölçeg

Ölçeg diýlip metriň bellibir dowamlylykdaky sesler bilen beýan edilmegine aýdylýar. Ölçeg taktyň göwrümini kesgitlemek üçin ulanylýar. Metr bilen ölçegiň tapawudy, metrde güýçli we gowşak ülüşleriň gürrüňi umumylykda edilýär. Ölçegde bolsa, takyk gürrüň – ol ülüşler dikligine ýazylan 2 sany san bilen aňladylyp, sanlaryň ýokarkysy ülşüň hilini-ülşüň nähili dowamlylykdan ybaratdygyny görkezýär.
Ölçeg belgisi açarda alterasiýa belgileriniň yzyndan goýulýar:



## Ölçegler:

$\frac{2}{4}$; $\frac{3}{4}$; $\frac{4}{4}$; $\frac{3}{8}$; $\frac{5}{8}$; $\frac{6}{8}$; $\frac{7}{8}$ we ş.m.



## Fraza

Aýdym-saz eserleri birnäçe ululy-kiçili böleklerden durýar. Şol bölekler birleşip, bir bitewi eseri döredýär. Aýdym-saz eseri näçe uly bolsa, onda onuň birnäçe uly böleklerden durýandygyny bilmek bolýar. Çagalar üçin aýdymlar kiçi bölekleriň birnäçesinden düzülýär. Aýdym-saz eseriniň gutarnykly many aňladýan iň kiçi bölegine fraza diýilýär.

## Repriza

Aýdym-saz eseriniň içinde bellibir ýeriniň iki gezek gaýtalanyp ýerine ýetirilmegini aňladýan belgä repriza diýilýär. Reprizanyň başlanýan ýeri we gutarýan ýeri belgiler bilen belgilenilýär.



## Zatakt

Aýdym-sazyň güýçli urgyny goýberip, güýçsüz urgudan başlanmagyna zatakt diýilýär. Zatakt aýdym-saza owadanlyk bermeklik üçin, şeýle hem bogunlaryň dogry ýerine ýetirilmegi üçin ulanylýar. Zatakt türkmen halk aýdymlarynda gabat gelmeýär. Zatakt kompozitorlaryň aýdymlarynda, häzirki zaman aýdymlarynda, çagalar aýdymlarynda gabat gelýär.



## Modulýasiýa

Aýdym-saz eseriniň ýerine ýetirilip duran perdesinden başga bir perdä geçip ýerine ýetirilmegine we şol perdede tamamlanmagyna modulýasiýa diýilýär. Modulýasiýa aýdym-sazy owadanlaýar, üýtgeşik kabul edişligi döredýär. Modulýasiýa häli-şindi ulanylmaýar, ol käbir aýdym-sazlarda ulanylýar.

## Dinamiki öwüşginler

Dinamiki öwüşginler aýdym-sazyň many-mazmunyny açmak üçin, güýçli, ýuwaş ýerine ýetirilýän ýerlerini görkezmek üçin ulanylýar. Dinamiki öwüşginler aýdym-saz eseriniň islendik ýerinde gelip, nota düşeginiň ýokarsynda belgilenilýär we indiki dinamiki öwüşgin gelýänçä öz güýjüni dowam edýär.

PP-piýanissimo – örän ýuwaş
P-piýano – ýuwaş
mP-messapiýano – ýuwaşrak
mf-messaforte – güýçlüräk
f-forte – güýçli
ff-fortissimo – örän güýçli
sf-sforsando – birden güýçli

Ýokarda agzalan dinamiki öwüşginlerden başga-da, olaryň arasynda ulanylýan dinamiki öwüşginler bar.



kreşşende – ýuwaşdan güýçlenýär.

demnuendo – güýçlüden ýuwaşaýar.



## Konsonans we dissonans interwallar

Ses aralyklar (interwallar) durnukly (konsonans) we durnuksyz (dissonans) görnüşlere bölünýärler.

Durnukly ses aralyklaryna arassa prima, kwarta, kwinta we oktawa girýär. Olar gutarnykly bolýar.

Durnuksyz ses aralyklary uly we kiçi sekundalar we septimalar hem-de ähli artdyrylan we kemeldilen ses aralyklary girýärler.

Durnukly ses aralyklary owazlanyşy boýunça has gutarnykly we oňat gutarnykly bolmadyk aralyklara bölünýärler:

1. Has gutarnykly ses aralyklary arassa prima, arassa oktawa, arassa kwinta, köplenç halatlarda arassa kwarta ses aralyklardan ybaratdyr:



2. Oňat gutarnykly bolmadyk durnukly ses aralyklaryna uly we kiçi tersiýa, uly we kiçi seksta ses aralyklary girýärler.

Durnuksyz ses aralyklary toparyna uly we kiçi sekunda, uly we kiçi septima, kähalatlarda arassa kwarta aralyklar girýärler.

Durnuksyz ses aralyklarynyň hataryna ähli artdyrylan we kemeldilen ses aralyklar hem girýärler.

## Transpozisiýa

Aýdym-saz eseriniň öz ýazylan perdesi ýerine ýetirijä belent ýa--da pes bolsa, onda ony öňki perdesinden ýa ýokaryk galdyrylýar ýa-da aşak düşürilýär. Eser transpozisiýa edilende interwal bilen ölçenilýär. Mysal üçin, eseri kiçi tersiýa beýgeltmeli ýa-da kiçi tersiýa peseltmeli. Ol uly tersiýada bolup biler, uly sekundda-da bolup biler we ş.m.

## Başlangyç synplarda saz terbiýesini bermegiň usullary

Saz terbiýesiniň usullary okuwçylar bilen mugallymyň döredijiligi esasynda amala aşyrylyp, esasy wezipe mugallymyň paýyna

düşýär. Saz mugallymy çagalaryň sungat bilen berk gatnaşykda bolup, olaryň gözelligi we şatlygy duýmaklaryny, kanagatlanmalarynyň berjaý bolmagyny kämilleşdirýär, endikleriniň we başarnyklarynyň işjeňliginiň we özbaşdaklygynyň ýüze çykmagyny gazanmaga çalyşýar. Okuwçylaryň diňleýji hem-de ýerine ýetirijidigini ýatdan çykarmak bolmaýar. Olara aýdym-sazyň dürli ýollary barada öwretmek bilen çäklenmän, olaryň aýdym-saz bilen mydama gatnaşykda bolmak isleglerini oýarmaga çalyşmalydyr.

Şu kitapda aýdym-sazy okatmagyň usulyýeti dersiniň aýdym-saz terbiýesini bermekde ulanylýan usullary jemlenildi. Öwretmegiň dürli ugurlary, ýollary, tärleri görkezildi.

Saz terbiýesiniň dürli görnüşliligi çagalaryň saz döredijiliginiň ösmeginiň düýpli aýratynlygydyr. Aýdym-saz terbiýesini bermekligiň usullaryny oňat bilmekde geljekki gurnaljak işiň şowly bolmagy gazanylýar. Aýdym-saz terbiýesini kämilleşdirmegiň dürli usullary, ýollary, tärleri bardyr. Aýdym-saz dersi hem beýleki dersler bilen bir hatarda pedagogikanyň ähli kanunlaryna boýun egýär. Aýdym-saz dersi fizika, himiýa, matematika dersleri ýaly bir ugurly bolman, beýleki dersler bilen baglanyşyklydyr. Esasanam, edebiýat, taryh dersleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Aýdym-saz terbiýesini bermekde dürli usullar ulanylýar. Olardan birnäçesi has-da işjeň häsiýete eýedir. Mugallym çagalara saz eserini tanyşdyrmak bilen sazyň dürli aýratynlyklary barada gürrüň berýär, okuwçylara kompozitoryň manyly ömri we döredijiligi barada sorag berýär. Kompozitoryň eserlerinden bölekleri usuly talaplara laýyklykda çalyp ýa-da aýdyp görkezýär, saz eseriniň döreýşi, onuň ýerine ýetirilişi barada, diňleýjilere eden täsiri dogrusynda gürrüň berýär. Okuwçylar sazy tilsim serişdelerde diňleýärler, mugallymyň soragyna jogap berýärler we pikir alyşýarlar. Mugallym tarapyndan tabşyrylan döredijilik işini ýerine ýetirýärler, sazy diňläp aýry-aýry böleklerini deňeşdirýärler we derňew berýärler, sazyň many-mazmunyny açýarlar. Saz döredijiliginiň höweslendiriji usuly synpa hökmany ýagdaýda gerek bolan emosional atmosferany döredýär.

Saz mugallymynyň saz eserini ökdelik bilen ýerine ýetirmegi zerurdyr. Onuň ýüz keşbi, hereketleri okuwçylara emosional täsir edýär.

Aýdalyň, mugallym „Hüwdi” aýdymyny ýerine ýetirýän bolsa, onda onuň sesi mylaýym, ýuwaşrak, ýumşak çykar, „Marş” aýdymyny ýerine ýetirse, onda işjeň, güýçli, şadyýan, dogumly seslener.

Dürli hili hadysalary gürrüň berip, çagalary haýran galdyryp, olaryň has-da saza gyzyklanmagyny gazanyp bolar. Belli bagşy sazanda Gulbabajyk üç ýaşynda aýdym aýdyp başlapdyr. Bäş ýaşynda bolsa aýdym aýdyp, saz çalyp başlapdyr. Ol on ýaşynda 200-den gowrak aýdymy ýerine ýetiripdir. Bu hakykaty mugallym gürrüň berende, okuwçylar üç ýaşly, bäş ýaşly jigileri bilen deňeşdirseler täsirli bolar.

Sapakda çagalary höweslendirmek çagalaryň saz sapagyny özleşdirmekligine uly itergi berýär. Bir okuwçy aýdymy arassa ýerine ýetirip bilmedik ýagdaýynda, mugallym şol okuwçynyň aýdyşyny seljerip, ony höweslendirip, ýene bir gezek gaýtalap aýdyp bermegini soraýar. Şondan soň okuwçynyň özüne bolan ynamy artyp, aýdymy oňat ýerine ýetirýär. Oýun görnüşde geçirilýän aýdym-sazlar okuwçylaryň saza bolan höwesini artdyrýar. Mugallym her okuwça özüniň gurjagyny sallançaga salyp huwwalamaklaryny tabşyryp, çagalaryň höwesini artdyryp biler. Oglan okuwçylar hem bu pursatda eneleriniň hüwdüsini ýatlaýarlar.

Çagalaryň saz sapagyna döredijilikli gatnaşmaklaryny gazanmak üçin olaryň özlerine ýumuş tabşyrmak, sorag-jogap alyşmak, deňeşdirmek ýaly usullar ähli sapaklarda işjeň ulanylmalydyr. Olar çagalaryň sazy has-da ünsli diňlemeklerini, aýdym-sazyň häsiýetini açmagyny, saz eserleriniň belentligini, pesligini duýmaklygyny talap edýär. Aýdym--sazyň häsiýetini biri-biri bilen deňeşdirmek bolýar, şeýle hem sesleriň çekimli-çekimsizligini, ýuwaş ýa güýçlüdigini deňeşdirmek bolar.

Marş sazy bilen körpeler marşy çalynsa, körpeler marşy ýokarky registrde ýerine ýetirilip, beýleki marşdan tapawutlanýar. Türkmen milli saz gurallarynyň seslerini biri-biri bilen deňeşdirmek, gürrüň bermek, pikir alyşmak, düşündirmek usuly saz eseriniň many-mazmunyny açmaga kömek edýär, çagalary ýerine ýetiriji hökmünde çykyşlara taýýarlaýar, okuwçylaryň estetiki duýgusyny ösdürýär. Şeýlelikde, saz terbiýesiniň maksady we wezipeleri saz mugallymynyň saz eserine gönükdirilen usullaryny saýlap almagyna bagly bolup durýar. Saz mugallymy çagalaryň güýçýeterligini we saz taýýarlygyny göz öňüne tutmalydyr. Sazy kabul etmekligi ösdürmek okuwçylarda saz medeniýetini ösdürmegiň esasydyr.

## Başlangyç synplarda saz diňletmek işini guramagyň usuly

Aýdym-sazy diňletmek işi okuwçylara aýdym-saz terbiýesini bermekligiň bir görnüşidir. Saz diňletmek işi aýdym-saz dersiniň dowamynda geçirilýär. Diňlenýän saz adamyň sözleýiş äheňine ýakyndyr. Saz sungaty adamyň bellibir duýgularyny, pikir-hyýallaryny, heserlenmelerini artdyrmak üçin janly sözleýiş, äheň mümkinçiliklerine daýanýar. Bu pikiri delillendirmek üçin uly saz dünýäsinden mysallary getireliň. Ýapraklaryň şygyrdysyny, guşlaryň saýraýşyny, tolkunlaryň kenara pagşyldap urşuny, dag içinde sesiň ýaň berşini we ş.m. ýada salyp görüň. Islendik aýdym-saz halkyň durmuş tejribesi, onuň döreden milli edebi we medeni gymmatlyklary esasynda döreýär. Durmuşyň täzelenmegi bilen döwre laýyklykda täze mazmunly aýdym-saz eserleri döredilýär. Aýdym-saz eserleriniň haýsy hem bolsa bir durmuşy esasy bolýar.

Kompozitor N.Halmämmedowyň ”Keçpelek” sazy gamgyn häsiýetdäki wakany gürrüň berýän bolsa, Ç.Nurymowyň „Döwranyň başdan geçirenleri” atly kinofilmindäki „Döwranjygyň aýdymy” diýen sazynda şadyýan häsiýetdäki bolup geçýän waka gürrüň berilýär. Umuman, aýdym-sazy diňlänimizde, tebigat gözelligi, adam häsiýetleri, durmuşdaky hadysalar, wakalar hakydaňda janlanýar.

Kompozitor N.Muhadowyň şahyr A.Haýydowyň sözlerine döreden „Serhetde” diýen aýdymynda Watana bolan buýsanjyň, kompozitor W. Ahmedowyň „Ak pagtam” diýen aýdymynda zähmete bolan yhlasyň, ”Ýaz ýagşy” diýen aýdymynda tebigata bolan söýginiň wasp edilýändigini okuwçylara öwretmek olarda aýdym-saza bolan höwesi artdyrýar.

Saz diňletmek işiniň geçirilişi 3 etapdan durýar:

a) mugallymyň giriş sözi;

b) saz eserini ýerine ýetirip görkezmek ýa-da diňletmek;

ç) diňlenen saz eserini derňemek.

Saz eseri diňlenende, mugallymyň sözi okuwçylara sazy kabul edip almaklaryna, saz eserine aýdyň düşünmeklerine dürli maglumatlar arkaly çagalaryň umumy medeniýetliligini we saza bolan gözýe-

timini giňeltmeklige mümkinçilik döredýär. Saz eseri diňlenende, mugallymyň gürrüňi täze tema baglanyşyp, diňlenen eser baradaky maglumatlary ýatda saklamaklyga kömek edýär. Saz sapagynda diňlenýän aýdym-saz barada mugallymyň düşündirişi gysga bolmalydyr. Çünki okuwçylaryň sazdan ünsi sowulmagy mümkin. Saz diňlenende, mugallymyň okuwçylara ýüzlenmesi diňlenýän eseriň mazmunyna, äheňine görä bolmaly. Mugallym diňlenýän eseriň mazmunyny düşündirende, şadyýan bolsa şadyýan, gamgyn bolsa gamgyn äheňde düşündirmeli.

Ösüp gelýän ýaş nesle häzirki zamanyň talaplaryna laýyklykda bilim we terbiýe bermekde, olara gözellik, ahlak babatynda öwüt-ündew etmekde asyrlaryň dowamynda halk köpçüliginiň iň aýdyň pikirlerini, döwrüň wajyp wakalarynyň adam gatnaşyklaryny, onuň arzuwlaryny we hyýallaryny özünde jemleýän aýdym-saz sungaty iň bir oňaýly serişdeleriň biri bolup hyzmat edýär. Şonuň bilen birlikde-de, halk sazynyň professional kompozitorlaryň iň gowy eserleriniň il arasynda abraýynyň belent bolmagynda, saz hazynamyzyň has baýlaşmagynda mekdepde geçilýän aýdym-saz sapaklarynyň tutýan orny uludyr. Okuwçylarda sazy diňläp bilmek endiklerini ösdürmek, bu saz terbiýesiniň iň esasy meseleleriniň biri bolup durýar. Şonuň üçin hem ol örän köp ünsi we tagallany talap edýär. Saz diňlemek prosesini sapak wagtynda, esasan, dört pursada bölmek bolýar. Birinjiden, mugallymyň giriş sözi, ikinjiden, eseri birinji gezek diňletmek, soňra okuwçylar bilen eser barada özara pikir alyşmak, soňundan bolsa eseri gaýtadan diňlemek.

Okuwçylaryň pikirini ýerine ýetiriljek saz eserine gönükdirmek we olary gyzyklandyrmak mugallymyň giriş sözüniň esasyny düzmelidir. Meselem, okuwçylar N.Halmämmedowyň „Hüwdüsini” ýa-da R.Rejebowyň „Ýartygulagyň aýdymyny” diňlemäge girişmezlerinden ozal, şol eseriň mazmuny bilen tanyşmak peýdaly bolar. Onda çagalar eserleri has oňat diňlärler we olary aňlaryna çuňňur siňdirerler. Saz eseri diňlenende, synpda doly ümsümligiň bolmalydygyny okuwçylarda ilkinji sapaklardan başlap, terbiýelemek zerurdyr. Diňlenen eser, onuň täsiri, häsiýeti kompozitoryň eseriň mazmunyny haýsy serişdeleriň üsti bilen açyp görkezişi barada özara pikir alşylanda,

okuwçylaryň özleriniň jogap bermekleri ýola goýulmalydyr. Mugallym bolsa olaryň pikirini diňe ugrukdyryp durmalydyr. Okuwçylaryň diňlenen eseri has gowy düşünip, ony ýüregi bilen kabul etmegi üçin, olara saz eserini gaýtadan diňletmegiň ähmiýeti uludyr. Saz eseri bir gezek diňlenilende, ony bolmalysy ýaly dolulykda kabul edip bolmaýar. Beýle ýagdaý, ylaýta-da, çagalara mahsusdyr. 1-nji synplarda saz diňletmek işi 1,5 minuta çenli, 2-nji synplarda 2,5 minuta çenli, 3-nji synplarda saz diňletmek işi 3-4 minuta çenli bolmalydyr.

Saz diňlemegi aýdym-saz sapaklarynda geçirilýän beýleki çärelerden üzňelikde göz öňüne getirmek bolmaz. Gaýta ol beýleki iş prosesleri bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň bilen birlikde ýene-de bir zady bellemeli. Saz diňlemegi diňe bir saz bilen syrykdyrmaly däl. Saz diňlemek endiginiň okuwçylaryň diňlenen sazy doly özleşdirmeklerine, olaryň saz döredijilik ukyplaryny ösdürmäge, şeýle hem saza gyzyklanma we söýgi döretmäge gönükdirilmegi zerurdyr. Suhomlinskiniň aýtmagyna görä, aýdym-saz mähirlilige, ajaýyplyga, adamkärçilige okuwçylaryň ünsüni çekmekde jadyly täsirini ýetiriji iň inçe serişde bolup hyzmat edýär.

Başlangyç synp okuwçylary üçin diňlemäge, esasan, türkmen halk sazlaryny, folklor eserini, türkmen professional kompozitorlarynyň dürli ýyllarda ýazan sazlaryny diňletmeli. Saz diňlenende, diňleýän eseriň mazmunyny degişli esbaplardan, suratlardan peýdalanmak ähmiýetlidir. Saz saz gurallarynyň, tilsim serişdeleriniň üsti bilen diňledilýär. Mugallym saz diňletmezden öňürti saz gurallarynyň düzgünine, tilsim serişdeleriniň guratlygyna örän üns bermelidir. Sazy tilsim serişdeleriniň üsti bilen diňletjek bolsa, onda ýazgylar arassa, dury ýazdyrylan bolmaly. Saz diňletmek işi çagalaryň saz bilimini ösdürmekde, esasy ugurlaryň biridir. Islendik saz terbiýesinde hökmany ýagdaýda saz diňletmek işi esasydyr. Eger-de aýdym öwrediljek bolsa, ilki şol aýdymyň sazy diňledilýär. Saz çaldyrjak bolsaň, şol saz ilki diňledilýär, soňra çaldyrylýar. Eger-de tans öwrediljek bolsa, ilki şol öwrediljek tansyň sazy diňledilip, soňra hereketleriniň saza gabat getirilmelidigi öwredilýär. Eger-de kompozitoryň döredijiligi öwrenilýän bolsa, onda şol kompozitoryň döreden eserlerinden diňlemek möhümdir.

Saz diňletmegiň esasy maksady okuwçylaryň şol sazy diňläp kabul etmeklerini, many-mazmunyna düşünmeklerini gazanmakdan ybaratdyr.

Mugallym[1] diňlenýän aýdymyň ýa-da sazyň okuwçylara edýän täsirini ýüze çykarmagy başarmaly. Mugallym diňlenýän sazyň, aýdymyň şatlyklymy, gaýgylymy, bagtlylygyny, betbagtlygyny, umuman, isleg-arzuwlar tötänlikler baradadygyny aýtmagy başarmaly, okuwçylaryň sazy diňläp duýmaklaryny gazanmaly. Mysal üçin, "Küştdepdi" sazyny çalyp ýa-da tilsim serişdesinde diňletseň, okuwçylar derrew aýdymy häsiýeti bilen kabul edýärler. Saz diňletmek işi geçirilende, esasan hem, türkmen halk sazlaryna üns bermeli. Türkmen halk sazlaryny milli saz gurallar ansambly, orkestri üçin işlenen görnüşleri boýunça diňletmeli.

Saz diňlenende, çagalar üçin berilýän sazyň üç görnüşini: aýdymy, tansy, marşy aňsatlyk bilen tanaýarlar. Şonuň üçin saz diňletmek işini geçireniňde, dürli görnüşdäki marşy ýa-da tansy, aýdymy diňledip şol iki meňzeş žanryň biri-birindäki meňzeşligini, aýratynlygyny duýmaklaryny gazanmaly. Mysal üçin, körpeleriň marşy bilen esgerleriň marşyny işjeň diňledip, nähili meňzeşliginiň, tapawudynyň bardygyny soramaly we tapawutlandyrmagy öwretmeli. Çagalar saz diňlän mahaly aýdym-sazyň içindäki gurluşy, heňiniň içinde bolup geçýän üýtgeşmeleri, dinamikany, güýçli-ýuwaş tempi, çalt-haýal ýaly üýtgeşmelerini yzarlamagy bilmeli.

Saz diňledilende, dürli usullara salgylanmak bolar. Birinjiden, saz diňletmek işi geçirilende, ilki mugallym diňlediljek aýdym ýa-da saz hakynda okuwçylara gürrüň berýär. Soňra okuwçylara sazy çalyp ýa-da tilsim serişdelerinde diňledýär. Ikinjiden, diňlenen saz derňelýär. Diňlenýän aýdym-sazyň manysyna, mazmunyna görä çeperçiligi, aýdymyň ýerine ýetirilişi, owaz öwüşginliligi (dinamikasy), ýerine ýetiriliş hereket tizligi (tempi) barada aýdylýar. Diňlenen sazyň bir bölegi bilen başga bir bölegi deňeşdirilip, heňi tapawutlandyrylýar. Geçen sapaklarda diňlenilen ýa-da öwrenilen aýdym-sazy täze diňlenilýän aýdym-saz bilen deňeşdirip görmek ýa-da milli saz gurallarynda ýerine ýetirilen sazlary diňletmek we olary haýsy saz

[1] Ольга Александровна Апраксина. Хрестоматия по методике музыкального воспитания. –Москва, 1987, стр. 113.

gurallarynda ýerine ýetirilendigini, haýsy aýdym ýa-da sazdygyny tapawutlandyrmagy bilmeklik göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, mugallym sazy diňletmek işini geçirmek bilen mümkin bolan usullary ulanyp, çagalaryň eşidişini we sazy kabul ediş ukybyny ösdürmegi esasy maksady hökmünde özüniň iş meýilnamasynda bellemelidir.

## Köpçülik bolup ýerine ýetirilýän aýdymlar we olaryň başlangyç synp okuwçylaryny terbiýelemekdäki ähmiýeti

Mekdepde hor aýdymlary köpçülikleýin ýerine ýetirilýär. Olaryň çagalaryň medeniýetiniň ösmeginde, saz terbiýesiniň, dünýägaraýşynyň, gözýetiminiň giňelmeginde, geljekde oňat adamlar bolup ýetişmeginde uly orny bardyr. Hor aýdymlarynyň labyzly ýerine ýetirilmegi çagalaryň aýdym-saza içgin düşünmeklerine kömek edýär. Çagalara hor aýdymlaryny öwretmek bilen biz olaryň ýerine ýetirijilik ussatlygyny artdyrýarys. Olaryň hemmesiniň sesleri bir wagtyň özünde ösýär. Şol ösüşleri gazanmak üçin hor aýdymlary bilen işlänimizde çaganyň ýaş aýratynlyklaryny hökmany göz öňünde tutmalydyrys. Aýdym-saz mugallymynyň işiniň ilerlemegi üçin onuň biliminiň tutýan orny uly bolmalydyr. Aýdym aýtmaklarynyň düzgünlerini, dürli usullaryny, çagalaryň ses aýratynlyklaryny, aýdymlaryň saýlanylyp alnyşyny dogry gurnamak işiň ilerlemegine alyp barýar. Hor bolup aýtmak aýdymy köpçülik bolup ýerine ýetirmekligiň iň oňat görnüşleriniň biridir. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde iň oňat görülýän aýdymlar köpçüligiň söýgüsine mynasyp bolýar.

Çagalaryň seslerini ösdürmek, terbiýelemek üçin aýdym-saz mugallymy hökmany ýagdaýda okuwçylarynyň sesleriniň güýçýeterligine üns bermelidir. Entek çagalaryň sesleri doly ýagdaýda kämilleşmedik ýagdaýda bolýar. Şonuň üçin biziň öwredýän aýdymlarymyz çagalaryň sesýetimi esasynda saýlanyp alynmaly, I synplaryň sesleriniň esasy owazlanýan ýerleri: mi$^{I}$ oktawadan si$^{I}$ oktawa çenli görnüşinde düşündirilýär. Şonuň üçin ilkibaşda I synplarda öwredilýän aýdymlaryň göwrümi kiçi, sesýetimi dar, ýöne şadyýan häsiýetdäki aýdymlar bolmaly. Soňra çagalaryň sesleri gitdigiçe ösdürilmelidir, çagalaryň sesýetimini ösdürmek üçin aýdym-

-saz mugallymy dürli usullardan peýdalanmaly. Çekimli sesleri uzynja taýajyklardan ýa-da uzynly-kelteli çyzyklardan peýdalanyp ýa-da öz hereketleri bilen görkezip bolar:

/ / / / / / **/** / / / / / / **/**

Saý ra, bil bi lim, saý ra, saý ra ba gy myň gu şy

Eliň hereketleri, görkezme esbaplaryň üsti bilen düşündirilende çagalaryň sesleriniň bir wagtyň özünde emele getirmeklerine, gerekli belentliklerine çekmeklerine çenli aralyklar öwredilmelidir. II synplarda çagalaryň sesleri dogumlanyp, olaryň sesýetimi giňeýär. Olaryň sesýetimi re$^{I}$ oktawadan si$^{I}$ oktawa çenli bellenilýär. Şol wagtyň özünde hem olaryň sesleri inçe hem gysgadyr. Şonuň üçin, aýdym-saz mugallymy saz sapagynda olaryň seslerine agram bermezliklerini gazanmaly, dardan ýeňil, açyk, ýagty ses almaga çalyşmaly. Şolar ýaly häsiýetler ýokarda görkezilen sesýetiminde amala aşyrylsa, has dogry bolar. Soňra gitdigiçe olaryň sesýetimini giňeltmäge çalyşmaly. Sebäbi II synpyň ahyrlarynda ýokarda görkezilen sesýetimdäki sesler has berkeýär. Sesiň owadanlygy dürli hili bolup, aýdymyň many-mazmuny esasynda üýtgäp bilýär. Şonuň bilen birlikde olaryň sesýetimi ýene-de giňeýär. Bu ýagdaýda sesýetim re$^{I}$ oktawadan re$^{II}$ oktawa çenli barýar. III synpyň okuwçylarynyň sesleri do$^{I}$ oktawadan do$^{II}$ oktawa çenli bolýar. Olaryň bedenleriniň çalt ösmekleri bilen bilelikde ses organlary hem ösýär. Şeýle-de bolsa III synpda aýdylýan aýdymlar örän güýçli (ff) ýerine ýetirilmese maksadalaýykdyr. Olara niýetlenilýän aýdymlar ýuwaşrak (mp), güýçlüräk (mf) öwredilse, onda olar aýdymy oňat ýerine ýetirýärler. Aýdymyň many-mazmunyna görä çeperçilikli ýerine ýetirmegi başarýarlar. Aýdym-saz mugallymy haçanda okuwçylara ýerine ýetirmek üçin aýdym saýlap alsa, ýokarda agzalan häsiýetleriň hemmesini göz öňünde tutmalydyr.

Hor aýdymlaryny ýerine ýetirmekde, dem alşyň orny örän uludyr. Mugallym çagalaryň dogry dem almaklaryny gurnamalydyr. Olara nähili ýagdaýda dogry we nähili ýagdaýda nädogry dem alýandygyny düşündirmelidir. Şonuň üçin olara kiçijik aýdymlardan aýtdyryp, aýdymyň iki setirini bir demde ýerine ýetirmeklerini tabşyrmaly. Şonuň bilen birlikde-de çekimliligini, owazlylygyny bozman ýerine

ýetirmeklerini gazanmaly. Dogry dem almak bolanda, burundan alnan dem garyn boşlugyna barmaly. Dogry dem alnanda, egniň ýokaryk galmaly däl. Eger-de agyzdan garyn boşlugyna dem alnanda nädogry dem alyş bolýar, sebäbi agyzdan alnan dem garyn boşlugynda jemlense-de, haçanda agzymyzy aýdym aýtmak üçin açanymyzda demimiziň bir bölegi öz-özünden sarp bolup demimiz çalt gutarýar. Agyzdan ýa-da burundan alnan dem döş kapasasyna barsa, nädogry dem alyş bolýar. Döş kapasasy agyz boşlugyna ýakyn ýerleşenligi üçin agzymyzy açanymyzda gerek demimizden artykmaç dem sarp bolýar. Şonuň üçin dogry dem almak diňe burundan garyn boşlugyna çenli alnan demdir.

Sepnoý dem almak başaşa dem almakdyr. Sepnoý dem almak hemme aýdymlarda ulanylyp durulmaýar. Ol, esasan, haýal tempdäki çekimli aýdymlaryň bir bendini bir demde ýerine ýetirmeli bolsa ulanylýar. Sepnoý dem almaklygyň usulynda 20 sany okuwçy aýdymy köpçülik bolup ýerine ýetirýän bolsa, aýdymyň birinji setirinden soň bellenen täk sanly okuwçylar (1,3,5,7,9,11,13,15,17,19) gowy dem alyp aýdymy dowam edenlerinden soň, galan ýarysy bellenen jübüt sanly okuwçylar (2,4,6,8,10,12,14,16,18,20) dem alyp, goşulyşyp başlaýarlar, şeýdibem bir bendiň dowamynda aýdymyň çekimliligi bozulmaýar. Eger-de okuwçylar şu aýdylanlary doly başaryp bilmeseler, onda mugallymyň özi aýdymyň ýerine ýetirilişini ýerine ýetirip görkezmeli. Dogry dem almaklyk aýdymy labyzly, owadan ýerine ýetirmäge kömek edýär. Mysal üçin, Weli Ahmedowyň „Owlaklar” aýdymyny alanymyzda, onuň birinji sözlerini bir demde ýerine ýetirmesek, onda aýdymyň çekimliligi bozulýar.

Meý-dan-da ot-lap,
Bö-ker ow-lak-lar.

Her nokatdan soň dem almaly. Şeýle hem şu ýerde bir demde sözlem gutarmanka, dem alanyňda, aýdymyň owazlylygynyň ýitýänligini okuwçylara düşündirmeli. Okuwçylara soňra sözlemiň arasynda dem alyp aýdymy ýerine ýetirip görkezmeli. Aýdymy labyzly, owadan ýerine ýetirmekde agzyň hereketleriniň hem orny örän uludyr. Bu

işde artikulýasiýanyň hem-de diksiýanyň talaplaryna eýermeli. Çekimli sesleri çekimsiz seslerden tapawutlandyrmak üçin okuwçylaryň agyzlaryny dogry hereketlendirmekleri hökmandyr. Aýdymda çekimli sesleriň dogry ýerine ýetirilmegi, sesiň owadan bolmagyna ýykgyn edýär. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda sesler entek deňagramlylykda bolup bilmeýärler. Şonuň üçin olar bilen saz gönükmelerini köpräk işlemeli. Çekimli sesleri birnäçe gezek yzygiderlilikde gaýtalamaly: u, ü. Owadan tegelek sesleri almak üçin okuwçylar bilen o, ýo ýaly sesleri birnäçe gezek gaýtalap görmeli. Şeýle hem kiçiräjik çagalaryň aýdymlarynda çekimli, çekimsiz sesleri birnäçe gezek gaýtalap öwretmek bolar. Soňy çekimsiz sese gutarýan aýdymlaryň ýerine ýetiriliş düzgünlerini okuwçylaryň bilmekleri zerurdyr. Sebäbi olar çekimsiz sesleri wagtynda aýtsa, şol bir ses 2-3 gezek gaýtalanýar. Şonuň üçin soňy çekimsiz sese gutarýan ýerleriniň iň soňky çekimsiz sesini indiki başlanýan ses bilen goşup ýerine ýetirtmeli. N. Muhadowyň „Mekdep“ aýdymyndaky şu setirleriň mysalynda oňa göz ýetirip bolar:

Gunduz ýaly mekdebim
Ak gujagny açyp dur

Mekdebim sözündäki iň soňky çekimsiz m sesi ak sözi bilen goşulyp ýerine ýetirdilse, aýdymyň owazlylygy saklanýar.

Hor aýdymlary ýerine ýetirilende, olaryň sesleriniň sazlaşygyny – ansamblyny gazanmaly. Okuwçylar köpçülik bolup aýdym aýdanlarynda, sesleriniň sazlaşykly çykmaklary üçin şu aşakdakylaryň üstünde köp işlemeli:

bir wagtda sesi bilelikde emele getirmek;

aýdymyň güýçli, ýuwaş ýerine ýetirilýän ýerlerini dogry görkezmek;

aýdymy deň başlamak, deň gutarmak.

Şeýlelikde, hor aýdymlarynyň endiklerini ösdürmek bilen, okuwçylaryň hor aýdymlaryny çeperçilikli, labyzly ýerine ýetirmeklerini gazanarys. Hor aýdymlaryny ýerine ýetirmekde, saz gönükmeleri uly orun tutýar. Saz gönükmeleriniň esasy maksady çagalaryň ses işjeňligini gazanmak, kämilleşdirmek bolup durýar. Hor aýdymlarynda saz gönükmeleri iki hili geçirilýär:

a) okuwçylaryň seslerini aýdyma taýýarlamak, bokurdaklaryny gyzdyrmak maksady bilen saz gönükmeleri, köplenç, notalaryň üsti bilen geçirilýär. Mysal üçin, do, re, mi – mi, re, do; do, re, mi, fa - fa, mi, re, do; do, re, mi, fa, sol - sol, fa, mi, re, do. Bu ýerde saz gönükmesi geçirilende, bokurdaklara birden agram salmaz ýaly ses apparatlaryny kem-kemden öwrenişdirmeli, kem-kemden gyzdyrmaly.

b) okuwçylaryň seslerini aýdyma taýýarlamak, bokurdaklaryny gyzdyrmak, indiki öwreniljek aýdymda gabat gelýän kynçylyklara gönükdirilen saz gönükmesi geçirilýär. Eger-de biziň indiki öwrenjek aýdymymyz çekimli owazly bolsa, onda saz gönükmesi hem bitin notada sanalyp geçiriler. Eger-de indiki öwreniljek aýdym çalt tempde bolsa, onda saz gönükmesi sekizden bir notalar bilen geçiriler.

Hor aýdymlarynda şeýle saz gönükmelerini ulanmak bilen okuwçylaryň şol saz gönükmeleriň haýsy ugra gönükdirilendigini düşünmeklerini gazanmaly. Saz gönükmelerinde dürli sesleri: a,o,u; dürli bogunlary: Ma, Me, Mo, Mu, Mü; kiçijik aýdymlardan bölekleri ulanmak bolar. Sapakda ulanyljak saz gönükmeleri yzygiderlilikde bolmalydyr. Aýdym sazsyz ýerine ýetirilende, okuwçylaryň eşidişini, sesini ösdürmäge örän uly kömek edýär. Aýdym sazsyz ýerine ýetirilende, okuwçylaryň notany ýerine ýetirijiligini derrew ýüze çykarmak bolýar. Ol çagalaryň arassa ýerine ýetirmeklerini, eşidişe üns bermeklerini, biri-birlerini diňlemeklerini talap edýär.

Aýdymy sazsyz ýerine ýetirmegi ilkinji sagatlardan başlap ulanmalydyr. Ilkibaşda okuwçylar saz guralynyň ýany bilen aýdymy öwrenýän bolsalar, soňra mugallymyň kömegi bilen aýdymy sazsyz ýerine ýetirmegi öwrenýärler. Aýdym sazsyz öwrenilende, birnäçe böleklerde öwredilýär. Aýdym bölekleýin öwredilende okuwçylar aýdymy sazsyz dogry ýerine ýetirseler, onda okuwçylara aýdymy başdan-aýak sazsyz ýerine ýetirtmek bolar.

Saýlap, seçilip alnan aýdymlaryň esasy maksady aýdymy düşnükli çeperçilikli ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Saýlap, seçilip alnan aýdymlary ösdürmeklik mugallym tarapyndan özleşdirilen bolmaly. Aýdymy özleşdirmezden öňürti mugallym aýdymy saýlap, seljerip okuwçylaryň gyzyklanmalaryny, başarnyklaryny göz öňünde tutup,

kynçylyk çekjek ýerlerini ýüze çykaryp onuň çözgüdini tapmaly. Ilki bilen öwrediljek aýdym barada gürrüňdeşlik berilýär. Gürrüňdeşligiň esasy maksady çagalarda emosional ýagdaýy döretmek. Soňra aýdymy labyzly, çeperçilikli ýerine ýetirip görkezmeli. Aýdymy tejribelikde birnäçe gezek ýerine ýetirip görkezmeli. Birnäçe gezek aýdym ýerine ýetirilip görkezilende, olaryň çeperçiligi, owazlylygy biri-birinden tapawutlylykda görkezilmeli. Eger şeýle edilse, okuwçylar aýdymyň haýsy häsiýete mahsusdygyny şolaryň içinden saýlap kabul edip bilýärler.

Aýdym öwretmekligiň esasy talaby çeperçilikli we tehniki ýeke-täklik ýörelgäni talap edýär. Hor aýdymlary öwredilende bölekleýin öwredilýär. Bölekler gutarnykly many aňladýan bolmaly. Şonuň bilen bir hatarda mugallym okuwçylara ýerine ýetirmesi kynrak düşjek ýerlerini özi ýerine ýetirip görkezmeli. Mugallym okuwçylaryň ilkinji sesleri bilelikde dogry ýerine ýetirmeklerini, her sözüň bogunlaryny dogry aýtmaklaryny, sazyň hereket tizligini ýoýmazlyklaryny, sazdan öňe gidip, yza galmazlyklaryny gazanmaly.

Aýdym ýerine ýetirdilende, diňe aýdym aýtmaga üns bermek bilen çäklenmän, eýsem aýdymy ýerine ýetirýän mahaly şol aýdymyň many-mazmuny barada-da pikirlenip, aýdymy obrazlaýyn ýerine ýetirmekligi hem gazanmaly. Bulardan başga-da kiçi ýaşly başlangyç synplarda aýdym öwretmekligiň düzgünleri beýlekilerden tapawutlanýar.

I synp okuwçylaryna aýdym öwredilende, ýat tutdurmak arkaly öwredilýär. Kähalatda olara aýdymyň sözlerini labyzly okap bermeklik hem hökmanydyr. Şeýle edilse, okuwçylar sözleri, bogunlary ýalňyşsyz dogry ýerine ýetirýärler. Aýdym öwredilenden soňra, bir okuwçyny öňe çykaryp aýdymy aýtdyrmaly, beýleki okuwçylar bolsa onuň yzy bilen gaýtalamaly. Mugallym şol pursat gaýtalaýan okuwçylaryň içinde haýsysynyň ýalňyşýandygyny anyklap ýalňyşlyklary düzetmeli. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna aýdym öwredilende, görkezme esbaplary ulanmagyň ähmiýeti hem örän uludyr. Aýdymyň heňiniň ugurlary çyzyjaklar bilen görkezilse, olar has düşnükli bolýar.

\ \ \ \ \ \ \
Tä - ze ýa - gan gar ýa - ly

Ýerine ýetirilýän aýdymlaryň yzygiderliligi bir häsiýetde bolmaly däldir. Sebäbi olar bir häsiýetde bolsa, okuwçylaryň ünsüni jemlemek kyn bolýar. Bir sapakda orta häsiýetdäki aýdym öwredilen bolsa, indiki öwrediljek aýdym şadyýan häsiýetde bolmalydyr. II-III synplarda aýdym öwredilende, aýdymlaryň göwrümleri giň, dürli häsiýetde bolup biler. Şonuň bilen bir hatarda mugallym olaryň gyzyklanmalaryny, isleg-arzuwlaryny hem göz öňünde tutmalydyr. Şeýlelik bilen, mugallym aýdym öwredýän mahaly okuwçylaryň saz bilimini ösdürýär, döredijilik başarnygyny artdyrýar, hor aýdymyna türgenleşiklerini ösdürýär. Bularyň hemmesi aýdymy obrazlaýyn ýerine ýetirmäge alyp barýar. Hor aýdymlary köpçülikleýin işlemegiň bir görnüşi bolup, ol çagalarda saz medeniýetini ösdürmekde uly orun tutýar.

## Wokal, hor endigi we başarnygy

Aýdym aýtmak – çaganyň ruhy dünýäsini, gözýetimini we medeniýetini kämilleşdirýär. Eseriň owadan emosional ýagdaýda ýerine ýetirilmegini gazanmak üçin bolsa aýdymy wokal, hor endikleri esasynda aýdyp bilmegi öwretmelidir. Wokal, hor endikleri dogry oturmakdan ýa-da dogry durmakdan başlaýar. Dogry oturmagy gazanmakda mugallym okuwçylara oturgyjyň ýarysyndan öňde oturmagy, arkalaryny göni saklamagy, ellerini dyzlarynyň ýa-da stoluň üstünde goýmagy, aýaklarynyň arasynyň dört barmak açyk bolmalydygyny öwretmelidir. Dik durup aýdym aýtmagy gurnamakda mugallym okuwçylara ähli göwräniň deňagramlylykda bolmagyny, dem alnanda egniň galmaly däldigini, arkaň göni bolmalydygyny, iki eliň erkin aşak goýberilen bolmalydygyny gazanmalydyr.

Dem almaklyk aýdymda esasy ýerine ýetirmeli düzgünleriň biridir. Mugallym okuwçylaryň aýdym aýdanlarynda dogry dem alyş kadalary bilen aýtmalydygyny gazanmalydyr. Dem alyş kadalarynyň dogry we nädogry görnüşlerini düşündirmelidir. Aýdym çaganyň ýaş aýratynlygyna, sesýetimine laýyk getirilip öwredilmelidir.

Hor bolup ýerine ýetirilýän aýdymlarda okuwçylara başaşa dem almaklygy hem öwretmeli. Başaşa dem almaklykda okuwçylara nirede dem almalydygyny düşündirmeli. Çekimliligi-owazlylygy uzyn aýdymlarda aýdym bile başlanandan soňra, ýene yz ýanyndan

okuwçylaryň başaşa duranlary dem almaly. Olar dem alyp aýdym aýdyp başlanlaryndan soňra öňki aýdym aýdyp duran okuwçylar dem almaly. Şeýlelikde, sesiň arasy üzülmän saklanmaly. Kiçiräk aýdymyň iki setirini bir demde ýerine ýetirmek bolar. Şonuň bilen birlikde hem aýdymyň çekimliligini, owazlylygyny bozman ýerine ýetirmeklerini gazanmaly. Eger-de okuwçylar aýdylanlary doly başaryp bilmeseler, onda mugallymyň özi aýdymyň dogry aýdylyşyny ýerine ýetirip görkezmeli.

Dogry dem almaklyk aýdymy labyzly, owadan ýerine ýetirmäge kömek edýär. W.Ahmedowyň „Owlaklar", „Hüwdi" aýdymyny alanymyzda, şonuň birinji sözlerini bir demde ýerine ýetirmesek, onda aýdymyň çekimliligi bozulýar. Şeýle hem şu ýerde bir demde sözlem gutarmanka dem alanyňda aýdymyň owazlylygynyň ýitýänligini okuwçylara düşündirmeli. Okuwçylara soňra sözlemiň arasynda dem alyp, aýdymy ýerine ýetirip görkezmeli.

Aýdymy labyzly, owadan ýerine ýetirmekde agzyň hereketleriniň orny hem örän uludyr. Çekimli sesleri çekimsiz seslerden tapawutlandyrmak üçin okuwçylaryň agyzlaryny dogry hereketlendirmekleri hökmanydyr. Aýdymda çekimli sesleriň dogry ýerine ýetirilmegi, sesiň owadan bolmagyna alyp barýar. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylarynda sesler entek deňagramlylykda bolup bilmeýär. Şonuň üçin olar bilen saz gönükmeleriniň üstünde köpräk işlemeli. Çekimli sesleri birnäçe gezek yzygiderlilikde çekdirmeli: „u,ýu". Owadan wokal sesleri almak üçin okuwçylar bilen „o", „ýo" ýaly sesleri birnäçe gezek gaýtalap görmeli. Şeýle hem kiçiräjik çagalar aýdymlarynda çekimli, çekimsiz sesleri birnäçe gezek gaýtalap öwretmek bolar. Soňy çekimsiz sese gutarýan aýdymlaryň ýerine ýetiriliş düzgünlerini okuwçylaryň bilmekleri zerurdyr. N.Muhadowyň „Mekdep" aýdymynda: „Gunduz ýaly mekdebim, Ak gujagyn açyp dur" diýen setirlerde „mekdebim" sözündäki soňky çekimsiz „m" sesi „ak" sözi bilen goşulyp ýerine ýetirilse, aýdymyň çekimliligi-owazlylygy saklanylýar.

Hor aýdymlary ýerine ýetirilende, olaryň sesleriniň sazlaşygyny gazanmaly. Ýagny ansambl üstünde işlemegi başarmaly.

Okuwçylar köpçülik bolup aýdym aýdanlarynda sesleriniň sazlaşykly çykmaklary üçin şu aşakdaky düzgünleriň üstünde köp işlemeli:

1) sesi bilelikde bir wagtda emele getirmek;

2) aýdymyň güýçli, ýuwaş ýerine ýetirilýän ýerlerini dogry görkezmek;

3) aýdymy deň başlap, deň gutarmak.

Şeýlelikde, hor aýdymlarynyň endiklerini ösdürmek bilen, okuwçylaryň hor aýdymlaryny çeperçilikli, labyzly ýerine ýetirmegini gazanýarys.

Wokal-hor endikleriniň üstünde işlemek okuwçylaryň aýdym eserlerini çeperçilik bilen ýerine ýetirip bilmeklerini gazanmakdyr. Wokal aýdymlary ýekelikde ýerine ýetirilýän aýdymlardyr. Hor aýdymlary köpçülik bolup ýerine ýetirilýän aýdymlardyr. Aýdymy ýekelikde ýerine ýetirseňem, köpçülik bolup ýerine ýetirseňem, ýokarda aýdylan endikleri we başarnyklary hökman ýerine ýetirmegi başarmalydyr. Bu işleriň talabalaýyk bolmagynda her bir mugallymyň köp zähmeti gerekdir. Aýdymy dogry, doly, arassa diksiýada ýerine ýetirip bilmek mugallymyň esasy wezipeleriniň biridir.

## Öwrediljek aýdymlary saýlap almagyň usullary

Repertuar – ýerine ýetirijiniň ýerine ýetiren we ýerine ýetirjek aýdym-sazlarydyr. Başlangyç synplarda aýdym öwretmek üçin ilki bilen mugallym repertuar saýlap almaklygy başarmaly. Eýsem, her bir mugallym repertuar saýlamakda nämeleri göz öňünde tutmaly? Mugallym bu möhüm işde alýan aýdymlarynyň okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna, güýçýeterligine laýyk gelýändigine seretmeli, şeýle hem çagalaryň sesýetimini göz öňünde tutmaly.

I synpda mi$^{I}$ oktawadan si$^{I}$ oktawa çenli;

II synpda re$^{I}$ oktawadan re$^{II}$ oktawa çenli;

III synpda do$^{I}$ oktawadan do$^{II}$ (re$^{II}$, mi$^{II}$) oktawa çenli aralyklar kesgitlenilýär.

Öwrediljek aýdymlar saýlanylyp bolnandan soň, olary çärýeklere, ýarym ýyllyga, ýylyň dowamyna paýlamaly. Bu ýerde ilki bilen Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geçirilýän uly baýramçylyklara degişli aýdymlary saýlap goýmaly. Okuw ýylynyň başynda I synplara H.Amangeldiýewiň „Ilkinji jaň“ aýdymyny alsak, II-III synplara N.Muhadowyň „Mekdep“ aýdymyny almaly, soňra

Garaşsyzlyga, Bitaraplyga, Täze ýyl baýramçylygyna we beýleki uly senelere degişli aýdymlary saýlap almaly. Soňra pasyllara degişli aýdymlary öz wagtyna görä öwredip bolar. W.Ahmedowyň „Kömelek“, „Ýaz ýagşy“ aýdymlary ýaz paslynda ýerine ýetirilýän bolsa, „Ak pagtam“ aýdymy güýz paslynda ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin pasyllara degişli aýdymlary şol döwürde ýerine ýetirer ýaly edip taýynlamaly. Galan wagtlar ýylyň islendik wagty ýerine ýetirilýän aýdymlary goýmak bolar. D.Nuryýewiň „Dişim akja, arassa“, A.Abdyllaýewiň „Kitabym“, Ç.Nurymowyň „Şadyýan aýdym“ ýaly aýdymlaryny öwretmek bolar. Munda aýdymyň ady ýa-da mazmuny baýramçylyklara, senelere ýa-da pasyllara degişli bolmadyk, ýöne okuwçylara öwretmeli aýdymlary goýup bolýar. Her bir aýdym-saz mugallymy repertuar saýlanda, diňe bir görnüşde saýlamaly däldir. Repertuara her ýyl diýen ýaly üýtgeşmeler girizilip, täze aýdymlar goşulyp durulsa has oňat bolar.

Galkynyş zamanamyzda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýdym-saz sungatyna goýýan uly sarpasy esasynda birnäçe täze çagalar aýdymlary döredi. Olary okuwçylara öwretmek üçin repertuara täze aýdymlary goşmak zerurdyr. Kähalatlarda okuwçylaryň özleriniň oňat görýän aýdymlaryny hem öwretmek bolar. Eger-de şeýle edilse, okuwçylaryň döredijilik başarnyklarynyň göz öňünde tutuldygy bolar, okuwçylar höweslenerler.

Okuwçylaryň ýaş aýratynlygy, güýçýeterligi näme? Okuwçylaryň ýaş aýratynlygy, güýçýeterligi olaryň bedenleri bilen berk bagly bolup durýar. Başlangyç synplarda her synpyň öz sesýetimi bolýar. Eger-de saýlanan repertuar (aýdymlar) şolaryň sesýetimi bilen gabat gelmese, onda okuwçylar aýdymy oňat hilli ýerine ýetirip bilmeýärler ýa-da kähalatlarda mugallym okuwçylaryň sesleriniň ýetmeýän ýerlerini zor bilen özlerine agram saldyryp aýtdyran ýagdaýynda olaryň seslerine şikes ýetirmek howpy hem döreýär. Şonuň üçin mugallym her synpda okuwçylaryň sesýetimini göz öňünde tutup, repertuar saýlap almaly. Repertuar saýlanyp alnanda, I synplarda dinamiki öwüşginler azrak bolup, aýdym şadyýan bolsa oňat bolýar. II synpda eýýäm okuwçylaryň bilim, endik, başarnyklary has-da ösüp başlaýar we aýdymyň göwrümi giňäp, dürli dinamiki öwüşginler ulanylyp

başlanýar. III synpda aýdymlar dürli häsiýetde bolup bilerler. Templer, dinamiki öwüşginler dürli görnüşlerde bolup bilerler, sebäbi bu synpda okuwçylaryň bilim, endik, başarnyklary oňat kämilleşen, bedenleri oňat berkän, ses apparatlary uýgunlaşan bolýar.

Aýdym repertuaryny saýlap almakda okuwçylaryň gündelik durmuşlary bilen baglanyşykly döredilen aýdymlar, şeýle hem Garaşsyz Watanymyzyň ösüşi, täzelikleri bilen baglanyşykly aýdymlar alynsa, mugallymyň zähmeti ýerine düşer. Häzirki Galkynyş zamanamyzda aýdym-saza örän uly üns berilýär. Birnäçe çagalar festiwallary geçirilýär. ,,Eýjejik gyzjagaz", ,,Merjen däneleri" ýaly telebäsleşikler geçirilýär we birnäçe täze-täze aýdymlar döredilip ýerine ýetirilýär. Şol aýdymlardan repertuara salynsa, okuwçylar uly höwes bilen ýerine ýetirýärler. Repertuar saýlanyp alnanda teleýaýlymlaryň işi hem ýardam edip biler. Teleýaýlymda çagalaryň ýerine ýetirýän aýdymlarynyň okuwçylara edýän täsiri örän uludyr. Çagalar teleýaýlymda eşiden aýdymlaryny öýde gaýtalap aýtmaga çalyşýarlar. Repertuar saýlanylyp alnanda aýdymlar okuwçylara näçe ýakyn bolsa, aýdymlaryň oňat hilli ýerine ýetirilmegine ýardam berýär.

## Aýdymy tapgyrlaýyn öwretmegiň usullary

Aýdym öwredilende aýdymy tapgyrlaýyn öwretmeklik yzygiderlilikde alnyp barylmalydyr. Aýdym öwredilende görkezme esbaplaryndan, ýazgydan, tilsim serişdelerinden peýdalanmagyň hem uly ähmiýeti bardyr. Aýdym tapgyrlaýyn öwredilende ilki bilen aýdymyň ady bilen tanyşdyrylýar, soňra onuň ýazarmanlary bilen tanyşdyrylýar. Ýazarmanlar bilen iki hili tanyşdyrylýar:

1) ýakyndan tanyşlyk;

2) ýönekeý tanyşlyk.

Ýakyndan tanyşlykda, şol kompozitor, saz düzen adam başga-da çagalar üçin köp eser döreden bolsa, onda onuň gysgaça ömri we döredijiligi bilen tanyşdyrylyp geçilýär. Kompozitoryň ömri, döredijiligi bilen tanyşdyrylanda her synpa görä gürrüňdeşlik guramaly. I synpda kompozitor barada ýönekeý maglumat bermeli. II-III synplarda bilim alan ýerlerine çenli aýdyp geçmek bolar.

Ýönekeý tanyşlyk bolanda okuwçylar şol kompozitoryň saz eserlerini öň köp eşitmedik bolsalar, başga aýdymyny ýerine ýetirip görmedik bolsalar, onda ol kompozitoryň ady, atasynyň ady agzalyp geçilse ýeterlikdir.

Ýazarmanlary bilen tanyşdyrylandan soň, suratlaryň üsti bilen aýdymyň many-mazmuny barada gürrüň berilýär. Eger-de aýdym çagalaryň durmuşy bilen bagly bolsa ýa-da çagalaryň şol öwreniljek bolýan aýdyma degişli bilýän zatlary bar bolsa, onda diňe mugallymyň özi gürrüň bermän, olar bilen gürrüňdeşlik geçirýär ýa-da sorag-jogap alyşýar. Başlangyç synplarda aýdymyň many-mazmuny gürrüň berlende, aýdyň çekilip, dürli reňkler bilen reňklenen suratlar ulanylsa, olaryň aýdymyň many-mazmunyna oňat düşünmeklerine uly itergi berýär. Aýdymyň many-mazmuny düşündirilenden soň, mugallymyň özi aýdymy heňi bilen doly emosional ýagdaýda ýerine ýetirip berýär. Okuwçylar mugallymyň ýüz keşbinden, aýdymy ýerine ýetirişinden aýdymyň many-mazmunyna has oňat düşünýärler.

Aýdymy öwredip başlamazdan öňürti okuwçylaryň aýdymy ýerine ýetirmekde etmeli işlerini ýatlatmaly. Dogry oturmaly ýa-da durmaly, dogry dem almaly, sesleri dogry emele getirmegi başarmaly, çekimli sesleri çekip ýerine ýetirmeli, soňra aýdymy öwredip başlamaly. Aýdym öwredilip başlananda, aýdymy setirleýin, iki setirden, bentleýin öwretmek bolar. Aýdymyň sözi, heňi kynrak bolsa, okuwçylar mugallymyň yzyndan iki setirini hem dogry gaýtalap bilmeseler, onda aýdym bir setirden öwredilmelidir. Bu, esasanam, I synpda köp gabat gelýär. Haçanda okuwçylar aýdymyň bir bendini doly ýerine ýetirmekde kynçylyk çekseler, onda aýdym iki setirden öwredilmelidir. Aýdymyň sözleri ýeňil bolan ýagdaýynda okuwçylar onuň heňini çalt kabul edýärler. Şeýle ýagdaýda aýdym bentleýin öwredilmelidir. Aýdymyň heňi doly öwredilip bolnandan soň, aýdymyň ansamblynyň üstünde işlemeli. ,,Ansambl” adalgasy köp many aňladýar. Ol dar we giň manylarda gelip bilýär. Bu ýerde ansambl düşünjesi aýdymy ýerine ýetirýän wagtlary hemme okuwçylaryň sesleriniň bir adamyňky ýaly bolup sazlaşykly çykmalydygyny aňladýar. Aýdymlaryň sözleri, heňi doly öwredilenden soňra, ansamblyň üstünde işlemek zerurdyr. Sesleriň sazlaşygyny gazanmak üçin okuwçylaryň biri-birini diňläp, seslerini sazlaşdyrmaklaryny tabşyrmak ähmiýetlidir. Aýdymy ýerine ýetirip duran okuwçy öz sesini gapdalyndaky okuwçylaryň sesi bi-

len sazlaşdyrmak üçin aýdymy güýçli ýa-da ýuwaş ýerine ýetirmeli. Ansambly döretmek şertlerinde okuwçylaryň aýdymy ýuwaş aýtmaklaryny gazanmak möhümdir. Onuň üçin aýdymy sazsyz ýerine ýetirdip bolar. Şu usullaryň üsti bilen aýdymda sazlaşygy döretmek bolar.

Ýokarda aýdylanlary bir aýdymy öwretmek arkaly görüp geçeliň. Mugallym okuwçylara sapakda kompozitor Gurbandurdy Çaryýewiň sazyna, Hudaýguly Allamyradowyň sözlerine döredilen „Mukaddeslik" aýdymyny öwrenýändiklerini mälim edýär. Kompozitor Gurbandurdy Çaryýewiň başga-da birnäçe çagalar üçin aýdym-saz eserleri bilen okuwçylary tanyşdyrýar. „Mukaddeslik" aýdymynyň mazmuny barada gürrüň berýär. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda asudalygyň, agzybirligiň, jebisligiň şaýady bolan çagalaryň gülküsiniň, guşlaryň saýraýan sesleriniň mukaddeslige deňelýändigini düşündirýär. Bu aýdymy belent, batly, şowhunly, dabaraly ýerine ýetirmegi guraýar. Tejribelikden alnan bu maglumatlar arkaly okuwçylara ansambly kemala getirmeklerine höwes döredilýär. Bu işde bäş-alty sany reňkli suratlary ulanyp bolar. Mugallym aýdymy başdan aýaga çenli emosional ýerine ýetirip görkezýär. Emosional ýerine ýetirmek, aýdymyň many-mazmunyny, häsiýetini ýüz keşbiňde, durkuňda görkezmekdir. Aýdymy öwredip başlamak işi aşakdaky tertipde alnyp barylýar. Ilki aýdymyň ilkinji setirini ýerine ýetirtmeli:

Bu ýagty jahanyň abatlygydyr...

Birinji setiriň sözleri we heňi doly, dogry ýerine ýetirilenden soň, ikinji setir öwredilip başlanýar:

Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi...

Ikinji setir hem doly öwredilip bolandan soň, birinji-ikinji setirler bilelikde ýerine ýetirilip öwredilýär:

Bu ýagty jahanyň abatlygydyr,<br>Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi.

Başky setirler doly öwredilenden soň, üçünji setir öwretmäge başlanylýar:

Bagtyň, bakylygyň bar zatlygydyr…

Üçünji setiriň heňi, sözleri doly we dogry ýerine ýetirdilenden soň, dördünji setiri öwredilýär. Bu ýerde dördünji setirimiz ikinji setir bilen gabat gelýänligi üçin, onuň üstünde köp durulmaýar, soňky setirler bilen ýerine ýetirdilýär:

Bagtyň, bakylygyň bar zatlygydyr,
Çagalaň gülküsi, guşlaryň sesi.

Aýdymyň galan bentleri hem edil ýokarda aýdylyşy ýaly, yzygiderlilikde ýerine ýetirdilýär, işjeň öwredilýär. Soňra aýdymyň ansamblynyň üstünde işlenilýär. Okuwçylaryň barysynyň sesleriniň sazlaşykly, edil bir adamyň sesi ýaly çykmagyny gazanmak derwaýysdyr.

## Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmegiň usullary

Aýdymy nota boýunça ýerine ýetirmek aýdymyň heňini notalaryň atlary bilen notalaryň dürli belentliklerinde ýerine ýetirmekdir. Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmezden öň, notalaryň üsti bilen dürli gönükmeleriň üstünde işlemeli. Notalary aşakdan ýokaryk, ýokardan aşak ýerine ýetirmeli. Notalary başaşa ýerine ýetirmeli. Eger şeýle etsek, okuwçylar notalaryň atlary, olaryň belentligi bilen has ýakyndan tanyşýarlar.

Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmegiň birnäçe usuly bar. Ol usullaryň haýsysynyň üsti bilen okuwçylar aýdymy nota bilen ýerine ýetirmekligi oňat kabul edýän bolsalar, şol usul arkaly hem aýdymy nota boýunça ýerine ýetirmegi öwredip bolar. Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmekde ulanylýan usullaryň biri hem çyzgylar boýunça öwretmekdir. Çyzgy arkaly öwretmek usulynda notalaryň beýgelişi, peselişi, dürli belentlikleri görkezilýär we okuwçylara düşündirilýär. Çyzgy ýokaryk galsa, onda biziň sesimiz hem ýokaryk galmaly (sesiň belentligi), çyzgy aşak gaýtsa, onda biziň sesimiz hem aşak gaýtmaly (sesiň pesligi), çyzgy bir derejede gitse, onda biziň sesimiz hem birsydyrgyn, bir belentlikde bolar.



Ýokarky çyzgyda görşümiz ýaly, çyzgy her notanyň belentligini görkezýär. Okuwçylaryň sesleri hem edil şolar ýaly belentlikde gitmeli. Aýdymy nota boýunça aýtdyrmazdan öň, okuwçylaryň seslerini başlanýan notanyň belentligine düzmeli. Şu aýdym „lýa“ notadan başlanýan bolsa, onda okuwçylaryň hemmesiniň seslerini şol „lýa“ sese düzmeli.

Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmekligiň usullarynyň ýene-de bir görnüşi bellidir. Onda notalar sanlar bilen belgilenip, okuwçylara düşündirilende, sanlaryň artdygyça sesleriň hem belende galýandygy, sanlar kemeldigiçe-de sesleriň peselýändigi düşündirilýär. Notalar sanlar bilen belgilenende, iň aşakdaky notamyz 1-lik san bilen belgilenip, galan notalaram şoňa görä belgilenip çykylýar.




Ýokardaky suratda beýan edilişi ýaly, birlik bilen belgilenen nota iň pes nota bolýar, dörtlük bilen belgilenen nota iň belent ses bolýar. Ikilik-üçlük bilen belgilenen notalar aralyk sesler bolýarlar. Okuwçylar aýdymy san bilen belgilemek görnüşini oňat kabul etseler, onda şu usulda öwretseň hem bolýar. Aýdymy nota bilen aýtmagy öwretmekligiň ýene-de bir usuly basgançaklar arkaly öwretmekdir. Okuwçylaryň basgançaklar barada düşünjeleriniň bar bolanlygy üçin, olaryň basgançakdan ýokaryk galdyklaryça beýgelýändigini, aşak düşdükleriçe peselýändiklerini bilýändigi üçin, notalar basgançaklarda ýerleşdirilip öwredilýär.




Aýdymyň nota tekstini basgançaklarda ýerleşdirip, mugallymyň görkezmegi esasynda aýdymyň nota tekstini öwretmek bolar. Eger basgançak boýunça nota ýokaryk galýan bolsa, onda sesleriňem belende galýandygyny ilki mugallymyň özi görkezýär, soňra öwredýär.

Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmegi öwretmekligiň usullarynyň içinde okuwçylara basgançaklar arkaly öwretmek usuly amatlydyr. Sebäbi okuwçylar basgançaklar arkaly öwrenmek usulynyň üsti bilen aýdymyň nota tekstini çalt öwrenýärler. Aýdymy nota bilen aýtmak okuwçylaryň aýdym-sazyň nazaryýetiniň esaslaryna bolan düşünjelerini ösdürýär, gözýetimini giňeldýär, eşidişini ösdürýär. Mugallym aýdymy sazsyz ýerine ýetirmek, nota bilen ýerine ýetirmek ýaly düzgünler bilen okuwçylary ýakyndan tanyşdyrýar.

## Iki sesli aýdymlary öwretmegiň usullary

Okuwçylaryň aýdym aýtmak kämilliginiň esasy wezipesi melodiki eşidişi gazanmakdyr. Sazyň garmoniki dilini çeper duýup bilmek ukybynda köp sesli aýdymlar uly orny eýeleýär. Köp sesli aýdymlary ýerine ýetirmekde özbaşdak endikleri, aýdym başarnyklaryny ösdürmek, çagalarda bir-birlerini diňläp aýdym aýdyp bilmeklerinden başlanýar. Aýdymyň güýçli urgudaky sözlerini içiňden, gowşak urgudaky sözlerini bolsa daşyňdan gaýtalap aýdanyňda çaganyň eşidişi, ýady, öz-özüne baha berip bilmek endigi kämilleşýär. Derňew etmek oýun görnüşinde geçirilip bilner. Iki sany çekilen suraty okuwçylaryň öňünde goýmaly. Olaryň birinde bir gurjagyň suraty, beýlekisinde bolsa iki gurjagyň suraty çekilipdir. Soňra ol ýerde saz guralynda iki sesli heň ýaňlanýar. Suratlaryň üsti bilen okuwçy näçe gurjakdan ses

çykarmalydygyny kesgitlemegi başarmaly. Şeýle görnüşde okuwçylara kem-kemden çylşyrymly gönükmeler arkaly iki sesli aýdymlary öwretmeklik alnyp barylýar. Saz guralynda bir wagtda iki sesli heňi çalýarys we ony okuwçylara derňedýäris. Bir ses ýokarlygyna (inçe) owazlanýar, bir ses bolsa aşaklygyna (ýogyn) owazlanýar. Şeýle usullarda iki sesli aýdymlara okuwçynyň düşünjesi artdyrylýar.

Aýdym eserini sazly ýerine ýetirmek iki sesli aýdymlary öwretmeklik işinde oňat taýýarlyk bolup durýar. Çaga aýdymy dogry aýtmak üçin bir wagtda sazy hem oňat diňläp bilmegi başarmaly bolýar. Şonuň bilen birlikde ansamblyň, horuň, sazyň üstünde işläp bilmegi derwaýysdyr. Okuwçylaryň iki sesli aýdymlary öwrenmeklige girişmegi olaryň bir sesi özleriniň ýerine ýetirmegini, bir sesi bolsa diňläp bilmek endikleriniň ösmegini üpjün edýär. Iki sesli aýdymlary öwretmekde dürli usullar ulanylýar. Gönükmedir oýunlar esasynda işler amala aşyrylýar.

Okuwçylaryň hemmesine birlikde kanon görnüşinde gaýtalamaklyga degişli gönükme aýtdyrylýar. Ony şu notalarda geçirmek mümkin: do, do/ mi, mi/ sol,sol/ mi/ fa,fa/ re,re/ do,do/ do/. Bu gönükmäniň her taktyny bir okuwça ýerine ýetirdip bolar ýa-da ýokarky gönükmäni tutuş synpyň okuwçylary bolup ýerine ýetirilýär.

Ýokarda aýdyşymyz ýaly, iki sesli aýdymlary öwretmekde oýun usullary hem peýdalanylýar. Mekdep okuwçylarynyň aýdym sapaklarynda aýdym-sazly oýunlar, poeziýa, sahna görnüşleri esasy orunlary eýeleýärler. Beýle görnüşleri ulanmak çagalarda saza bolan emosionallygy, işjeňligi, şatlygy, höwesi artdyrýar. Olarda döredijilik başarnyklarynyň açylyp görkezilmegi gazanylýar. Çagalarda özbaşdaklygy, duýgurlygy, iki seslilik endigini kämilleşdirýär. Iki sesli aýdymy aýdyşyk görnüşinde hem ýerine ýetirmek bolar. Okuwçylar iki sesli aýdymy öwrenýän wagtlary mugallym olara aýdymy sazly we sazsyz ýerine ýetirdip biler. Sazsyz aýdymyň heňi ýerine ýetirilende, okuwçy öz sesiniň dogry çykýandygyny, çykmaýandygyny kesgitläp bilýär. Iki sesiň her haýsy aýry-aýry öwredilýär. Soňra olar birleşýär. Mugallym okuwçylara bir-birlerini diňläp, aýdym aýtmagy öwretmelidir. Aýdymyň ýene-de bir usulda öwredilişi hakynda durup geçeliň.

Birinji sesi aýdýan okuwçylar agyzlaryny açman, ”mm” edip, hiňlenip ýerine ýetirýärler, emma ikinji sesi ýerine ýetirýän okuwçy-

lar aýdymyň sözlerini gönümel ýerine ýetirýärler. Aşaky ses güýçli, ýokardaky ses bolsa ýuwaş aýdylýar.

Mugallym olar bilen ikinji sesi aýdýar. Saz guralynda bolsa birinji sesi çalýar. Çagalar iki sesli aýdymy ýerine ýetirip bilmekden baş çykarýan bolsalar, onda geljekde öwreniljek üç sesli aýdymlar olar üçin gaty bir kynçylyk döretmeýär. Aýdym öwretmek tapgyrynyň üsti bilen mugallym okuwçynyň saz başarnyklaryny, döredijilikli gatnaşyklaryny ösdürýär. Olarda hor endiklerini, ukyplaryny, saz keşbine girip bilmegi kämilleşdirýär. Bu işleri mugallym eseriň belent çeperçilik derejesine laýyklykda dogry yzygiderliligi saklap bilmegi başarmalydyr. Işiň netijesi, üstünligi mugallymyň başarnygyna, mugallymyň çaganyň ýaş aýratynlygyny göz öňüne tutup bilmegine baglydyr. Iki sesli we ondan köp sesli aýdymlary öwretmeklik okuwçylaryň beden we aň ösüşinde sadadan çylşyrymla geçmek esasynda has kämilleşýär. Ýagny bu işler aýdymlar, gönükmeler, nota ýazgysy esasynda hem alnyp barylýar. Oňa doly düşünmek üçin hem birinji etaplardan başlap, okuwçylaryň nota sowadyna düşünjesi, aňy ýeterlik bolmaly. Diňe şeýle okuwçyny ýetişdirip bilýän mugallym hakyky sowatly, öz ugruny bilýän bilimli, derejeli mugallym bolup biler. Mugallym döredijilik gözlegleri esasynda biziň Garaşsyz Watanymyzda ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe berip biler.

Iki sesli aýdymy öwretmekligiň ýene-de bir usuly saz gönükmesinden başlanýar. Saz gönükmesi ilki bilen çagalaryň seslerini durlamak üçin ýerine ýetirdilýär. Şeýle hem iki sesli aýdymy ýerine ýetirtmekligi öwredeniňde, sesler, iki topara bölmek üçin örän oňat kömek edýär. Birinji sesler notalary ýerine ýetirip başlanlaryndan soň, ikinji sesler yzyndan aýdyp başlaýar we sesleriň ikä bölünýändigine göz ýetirýärler.

Birinji ses – do, re, mi, fa, sol, lýa, si, do...

Ikinji ses – do, re, mi, fa, sol, lýa... diýip, birinji sesden soň ikinji ses başlanýar.

Saz gönükmeleri birnäçe gezek gaýtalanandan soň, okuwçylar sesleriň ikä bölünýändigini aýdyň bilýärler. Iki sesli aýdymlary ýerine ýetirmekde başdan okuwçylaryň seslerini ikä bölüp, şol esasda-da ýerlerinde oturtmaly ýa-da duruzmalydyr. Köplenç halda okuwçylar

durup aýtmaly bolsalar, onda iki hatar bolup durmaly. Öňki hatarda (inçe) belent sesliler, yzky hatarda bolsa (ýogyn) pes sesliler durmalydyrlar. Saz gönükmesi ýerine ýetirdilenden soňra, her sesiň öz heňini aýratynlykda öwretmeli.

Ilki bir sesiň heňini doly öwretmeli, olar dynjyny alýançalar, ikinji sesiň öz heňini öwretmeli. Her ses aýratynlykda öwredilende, sazly hem sazsyz öwretmeli. Sazsyz öwredilende, olaryň öz sesleri ýadynda has oňat galýar, şeýle hem ýalňyşlyklar aýdyň ýüze çykýar. Her sesi aýratynlykda öwredip bolanymyzdan soň, iki sesi goşup ýerine ýetirtmeli. Iki sesi bile ýerine ýetirenimizde, birinji sesleri ýuwaşrak ýerine ýetirdip, ikinji sesi güýçlüräk ýerine ýetirtmeli. Sebäbi aýdymyň esasy heňi birinji sesde gidýär. Eger-de ikisem deň ýerine ýetirseler, ikinji sesler birinji sesleriň heňine tarap ymtylýarlar. Iki sesi bile ýerine ýetirenimizde, okuwçylar nädogry ýerine ýetirseler, onda ýene-de her sesi aýratynlykda ýerine ýetirtmeli, ýöne bu gezek olaryň barysy bilen işlemän, olaryň içinde kim ýalňyşýan bolsa, şol okuwçylar bilen aýratynlykda işlemeli. Iki sesiň hem ýalňyşýan okuwçylarynyň üstünde işläniňden soň, iki sesi goşup ýerine ýetirtmeli. Iki sesli aýdymlar, esasan, II, III synplarda ýerine ýetirdilýär. Iki sesli aýdymy öwretmekligiň maksady aýdymyň has owadan ýaňlanmagyna, okuwçylaryň bilim, endik, başarnyklarynyň ösmegine alyp barýar.

## Saz bilen sazlaşykly hereketler, olaryň görnüşleri we öwretmegiň usullary

Başlangyç synp okuwçylarynda hereketleriň dürli görnüşleri: ýöremek, ylgamak, bökmek oňat özleşýär. Olar öz islegi boýunça sazyň astynda dürli hereketleri ýerine ýetirmegi gowy görýärler, ellerini çarpýarlar, agaç taýajyklary bilen ses çykarýarlar, janly hereketleri ýerine ýetirýärler. Şu zatlary ýerine ýetirmek üçin olaryň saz bilen hereketiň bir bitewiligini duýmaklygy zerur bolup durýar. Okuwçylarda şeýle häsiýetler jemlense, olaryň saz biliminiň ösmegine, saz bilen sazlaşykly hereket işleriniň ilerlemegine alyp barýar.

Ýörite sagat sany berilmeýänligi, abzallaşdyrylan otagyň ýoklugy sebäpli saz bilen sazlaşykly hereketler aýratyn ders hökmünde geçirilmän, aýdym-saz dersiniň dowamynda geçirilýär. Saz sungatynyň

beýleki görnüşleri bilen, saz bilen sazlaşykly hereketler hem çagalaryň köptaraplaýyn saz biliminiň ösmegine uly kömek edýär, döredijilik başarnygyny ösdürýär, köpçülikleýin işlemekligiň endiklerini kämilleşdirýär. Çagalara saz bilen sazlaşykly hereketleri öwretmegiň biri-biri bilen baglanyşykly üç sany ugry bar:

1. Çagalaryň eşidişini ösdürmek, hereketi saza boýun egdirmek, saz bilimini artdyrmak.

2. Dogry hereket etmegi öwretmek, ýöremek, (marş ýörişi, batly ýöriş, sport ýörişi, mylaýym ýöriş, akgynly ýöriş), ädimlemek (belent, aýagyň burnunda, mylaýym, giň), eliň hereketleri mylaýym, batly, el çarpmak (aýaňda el çarpmak, ýuwaş, güýçli).

3. Tutuş göwräniň hereketini özüňe gönükdirmäni başarmak, çalt we takyk durmak, hereketiňi üýtgetmek.

Mugallym saz bilen sazlaşykly hereketleri saýlap alanda, şol saýlap alan saz bilen sazlaşykly hereketi (tansy) çagalaryň saz bilimi, olaryň ýerine ýetiriş ussatlygy bilen gabat gelmeli. Hereketleriň oňat hilli ýerine ýetirilmegi, mugallymyň şol eseri täsirli ýerine ýetirip görkezmegine baglydyr. „Küştdepdi“ tansyny alyp görkezsek, şol ýerde diňe aýagyň hereketleri esasy bolup durman, eýsem eliň hereketleriniň hem ýerine ýetiriliş ussatlygy talap edilýär. „Küştdepdi“ tansynda ädimler ädilýän mahalynda eller doly açylýan bolsa, küşt depilende, eller içe ýygnalýar. Mugallym ähli hereketleri ýatdan bilmeli, sebäbi okuwçylar hereket edip duran mahalynda mugallym olara gözegçilik edip durmaly we olaryň ýalňyşan ýerini düzetmeli. Saz bilen sazlaşykly hereket (tans) öwredilende, mugallymyň düşündirmegi ýeterlik bolmaýar, esasanam, I-II synplarda hereketleri birnäçe gezek gaýtalap görkezip durulsa, olaryň saza bolan emosional garaýyşlary artýar. Saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, saz diňe mugallymyň ýerine ýetirmeginde geçirilmän, eýsem bu işde tilsim serişdelerinden peýdalanylsa, mugallymyň özüniň hem okuwçylar bilen bilelikde saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmegine mümkinçilik bolýar. Çagalarda saz bilen sazlaşykly hereketleri ösdürmek üçin olarda ilki bilen hereket endiklerini ösdürmeli. Olar saz bilen ýöränlerinde ýa-da ylganlarynda otagyň göwrümi bilen tanyşmaly, mugallymyň berjek duýduryş belgilerini wagtynda ýerine ýetirmegi

başarmaly. Depregiň sesine ýöreýän bolsalar, üçburçlugyň sesine durmaly. Saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, okuwçylar synpa giren pursadyndan başlap, olary hereket bilen synpa salmaly. Her gezek okuwçylar hereket bilen synpa salnanda, dürli häsiýetdäki sazlar ulanylýar, şeýle edilen ýagdaýynda okuwçylar aýdymyň häsiýetlerine laýyklykda hereketlerini üýtgetmegi öwrenýärler. Hereketleriň iň ýönekeýi el çarpmakdyr. El çarpmagyň kömegi bilen sazyň ýürek urgusyny, hereket tizligini hem duýmak bolýar. Ilki bilen haýal hereketli sazy, el çarpmagy, soňra çalt hereketli sazy ýerine ýetirip, olaryň el çarpyşynyň üýtgeýşine seretmeli. Soňra ilkinji diňlän sazy bilen ikinji diňlän sazyny deňeşdirmeli. Soňra olar aýdymyň häsiýetine laýyklykda hereketleriň üýtgeýändiklerini duýýarlar. Okuwçylarda takyk hereketleriň ösdürilmegine uly üns berilmeli. Hereketleriň ösdürilmegi üçin, okuwçylaryň hereketlerini dogry ýerine ýetirtmek üçin, hereketleri oýunlaryň üsti bilen öwretmeli. Mysal üçin, tans hereketleri haýallap başlap, soňra çaltlanýan bolsa, ahyrynda ýene-de haýallan bolsa, onda okuwçylary hatara durzup, otlynyň hereketini görkezmekligi tabşyrmaly, soňra olar haýal hereketden başlap, gitdigiçe çaltlanyp, soňra hereketini haýalladyp durmagyny düşündirmeli. Saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, hereketleriň medeniýetli bolmagyna uly üns bermeli. Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryna saz bilen sazlaşykly hereketleri öwretmegiň usullaryny şu aşakdaky ýaly gurnamaly:

I synplarda mugallym saz bilen sazlaşykly hereketleri gurnanda, olaryň mekdebe çenli alan bilim, endik, başarnyklaryny göz öňünde tutmaly. Soňra mugallym olaryň hereketleriniň saz bilen baglanyşygyny duýmaklygyny gazanmaly. Öwrenen hereketlerini sazly oýunlarda ulanmagy gazanmaly. I synplarda saz bilen sazlaşykly hereketler sazly oýunlaryň üsti bilen amala aşyrylsa, onda olaryň sazy kabul edijiligi, saz bilen sazlaşykly hereketlere bolan gyzyklanmalary artýar.

II synplarda saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, esasy ugur öňki alan bilim, endik, başarnyklaryny ösdürmäge we öňküden hem çylşyrymlaşdyrmaga gönükdirilendir. II synplarda batly ýörişler (marş), tansyň hereketleri ýerine ýetirilende, olar eýýäm güýçli bilen güýçsüz urgulary biri-birinden tapawutlandyryp bilýärler.

III synplarda okuwçylar eýýäm hereketleriniň üýtgeýşini, sazyň göwrüminiň gurluşyny, sazyň haýsy görnüşdedigini bilýärler.

I synp okuwçylaryna öwredilýän tanslarda has ýönekeý hereketler: ýöremek, ylgamak ýerine ýetirdilýär. II synp okuwçylarynda hereketler çylşyrymlaşyp, saz eseriniň göwrümi giňelýär. III synplarda ýerine ýetirilýän saz bilen sazlaşykly hereket üýtgeýän mahalynda, olar hem hereketlerini üýtgedip, başga herekete geçip bilýärler.

Başlangyç synp okuwçylaryna dürli häsiýetdäki tanslary, çalt hereketdäki tanslary, şeýle hem sazly oýunlary öwretmek bolar. Olardan: ,,Bibijan”, ,,Düwmeler”, ,,Küýze tansy” ýaly mylaýym hereketli tanslary diňe gyzlaryň gatnaşmagynda, ,,Ýigitler”, ,,Palaw tansy” ýaly çalt hereketli tanslary oglanlaryň gatnaşmagynda ýerine ýetirtmek bolar. Şadyýan hereketdäki oglan-gyzlaryň bilelikdäki gatnaşmagynda ,,Dostluk”, ,,Toý”, ,,Baýramçylyk” tanslaryny öwredip, ýerine ýetirmek wajypdyr. Başlangyç synp okuwçylarynda saz bilen sazlaşykly hereketleri öwretmek olaryň saz terbiýesini ösdürmäge, aýdym-saza höwesini artdyrmaga, eşidişini ösdürmäge, tansyň dürli hereketlerini biri-biri bilen deňeşdirmegi başarmaga kömek edýär.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, her bir öwrediljek hereket mugallym tarapyndan birnäçe gezek gaýtalanyp görkezilmelidir. Saz bilen sazlaşykly hereketler mekdepde aýdym sapagynyň dowamynda saz terbiýesini bermekligiň beýleki görnüşleri ýaly amala aşyrylýar. Her aýdym sapagynda saz bilen sazlaşykly hereketler geçirilmeýär. Saz bilen sazlaşykly hereketleri iki-üç hepdeden bir gezek aýdym sapagynyň dowamynda 8-12 minut wagtda amala aşyrmak bolar. Saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, okuwçylaryň isleg bildirýän tanslaryny hem öwretmeklik göz öňüne tutulmalydyr. Saz bilen sazlaşykly hereketler ýerine ýetirilende, okuwçylaryň döredijilikli gatnaşygyna hem üns bermeli. Käbir saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirenlerinde, hereketleri özleriçe üýtgedip ýerine ýetirmegi tabşyrmaly, şonda olaryň arasynda hereketi örän üýtgeşik owadan ýerine ýetirýän okuwçylar bolýar. Şular ýaly ýagdaýda mugallym şol hereketleri hem tansda ulansa, okuwçylaryň öz ukyplaryny görkezip bilmeklerine ýardam edýär. Saz bilen sazlaşykly hereketler okuwçylaryň bedenini ösdürýär, eşidişini ösdürýär, sazy diňläp kabul etmek endiklerini kämilleşdirýär.

## I synpda aýdym, tans, marş barada düşünje bermegiň usullary

I synpda aýdym-saz sapagyny dürli usullaryň üsti bilen amala aşyrmak bolar. Aýdym-saz sapagyny dogry guramak üçin mugallymyň saýlap alýan usullary okuwçylaryň temalary aňsat özleşdirmeklerine kömek edýän bolsa, onda işiň dogry guraldygy bolar. I synpda bilim, endik, başarnyklaryň ýaňy ösüp başlanlygy sebäpli, olara hemme zatlary gaýtalap, ýatladyp durmaly bolýar. Oturmagy, durmagy, dogry dem almagy yzygider öwretmelidiris. Olaryň sesýetimleriniň darlygy aýdymlary ýerine ýetirmekde kynçylyk döredýär, şonuň üçin mümkin boldugyça, olara öwrediljek aýdymlar olaryň sesýetimine gabat gelse, gowy bolýar. Aýdym öwredip başlamazdan öňürti, olar bilen saz gönükmesini geçmegiň hem örän uly täsiri bardyr. Saz gönükmesiniň okuwçylaryň seslerini emele getirmekde peýdasy uludyr. Olaryň bokurdaklara agram salmazlyga örän uly täsiri bardyr.

Biziň eşidýän aýdym-sazlarymyzyň hemmesi aýdym, tans, marşa degişli bolup durýar. Haýsy bir aýdymy ýa-da sazy alyp görenimizde, ol ýa çekimli owazly ýaňlanyp, aýdyma degişli bolup durandyr, ýa-da yzygiderli hereketlere gabat gelip durandyr. Batly urguda giň göwrümli ýaňlanýan aýdym-sazlar esgerleriň aýak urşuna gabat gelip duran bolsa, onda onuň marş sazydygyna göz ýetirmek bolýar. Kähalatlarda bu üç görnüşleriň ikisiniň bile gelýän mahaly hem bolýar. M.Çaryýewiň ,,Uruş bolmasyn” diýen aýdymy hem aýdyma degişli, hem marşa degişli bolup durýar.

I synpda aýdym, tans, marş barada düşünje berlende, ilki bilen aýdym-sazyň üç görnüşiniň hersi bilen aýratynlykda tanyşdyrylýar.

Aýdym-çekimli, owazly, şahyrana sözli, saza goşulyp aýdylýan çeper esere aýdym diýilýär. Aýdymy aýdýanlara ýerine ýetirijiler diýilýär. Aýdymyň sazdan tapawutlylygy onuň näme hakda gürrüň berýändigini çalt aňyp bolýar, sebäbi onuň sözleri aýdymyň näme hakdadygyny aňladýar. Aýdym bilen tanyşdyrylanda, okuwçylaryň bilýän, eşidýän aýdymlary, teleýaýlymdaky ýerine ýetirilýän aýdymlar, şanly baýramçylyklarda ýerine ýetirilýän aýdymlar barada gürrüň geçirilmeli we geçen sapakda öwrenen aýdymlaryny ýerine ýetirtmeli.

Tans hereketiň saz bilen sazlaşyp gelmegidir. Tansda, köplenç halda, mylaýym hereketler saza gabat gelip, tansy emele getirýär. Mylaýym hereketli tanslara ,,Bibijan”, ,,Pyýala”, ,,Düwmeler”, rus halkynyň ,,Wals” tansyny mysal getirmek bolar. Mundan başga-da işjeň hereketli tanslar hem bolýar, olara mysal edip ,,Palaw tansy”, ,,Ýigitler”, gruzin halkynyň ,,Lezginka” tanslaryny aýtmak bolar. Tans hem aýdym bilen bilelikde gelip bilýär. Küştdepmeleri, läleleri alyp görsek, hem aýdym aýdylýar, hem hereket edilýär. Tanslaryň sazlaryndan diňledilýär.Tansy ýerine ýetirip bilýän okuwçy bar bolsa, onda oňa tans etdirilýär.

Marş giň göwrümli batly ýöriş astyndaky sazlardyr. Biz marşy uly baýramçylyklarymyzda, toýlarymyzda esgerlerimiziň ýerine ýetirmeginde görýäris. Marş sazlary batly, güýçli, okgunly bolýar. Marş sazlary hem dürli görnüşlerde bolýar: esgerleriň marşy, çagalaryň marşy. Olar biri-biri bilen häsiýetleri boýunça tapawutlanýarlar. Okuwçylara çagalar üçin hem marşlaryň bardygyny, olaryň esgerleriňkä garanyňda çalt hereketlidigini, ýeňiljek heňdedigini düşündirip, çagalar marşyna degişli sazlary diňletmek bolar. Marş barada düşünje bereniňden soň, marşyň dürli görnüşlerine degişli marş sazlaryny diňletmeli we şol sazlara marşyň hereketlerini ýerine ýetirtmeli.

Diýmek, biziň eşidýän aýdym-sazlarymyzyň hemmesi aýdym, tans, marşa degişli bolup durýar. Islendik aýdym-sazda biz aýdymy, tansy, marşy görüp bilýäris. Biziň eşidýän, ýerine ýetirýän aýdym--sazlarymyzda aýdym, tans, marşyň bile gelýän ýerlerine hem gabat gelmek bolýar. Türkmen halk aýdymy ,,Bibijany” alyp görsek, hem aýdym aýdylýar, hem tans ýerine ýetirilýär. Halk döredijiligimiziň bir görnüşi küştdepmelerde aýdymyň ýakymly owazlylygy saz bilen sazlaşykly hereketler bilen utgaşyp gidýär. Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanamyzyň uly baýramçylyklarynda, festiwallarynda aýdym aýdylyp, ýöriş edilip geçilýändigini biz ýygy-ýygydan görýäris. Bu ýerde aýdym marş bilen bile gelýär. Diýmek, aýdym tans bilen bile gelip bilýär, aýdym marş bilen bile gelip bilýär, emma marş bilen tans bile gelip bilmeýär, sebäbi olar häsiýetleri boýunça biri-birinden tapawutlydyr. Muňa göz ýetirjek bolsaň, tans sazyna marş edip göräýmeli, edil şolar ýaly hem marş sazyna tans edip görseň, hereketler biri-birine gabat gelmeýär.

**„Aýdym-sazyň mazmuny we onuň beýan edilişi” diýen temany başlangyç synplarda öwretmegiň usullary.** Aýdym-sazlar düzülende, onuň aňyrsynda haýsam bolsa bir bolup geçýän hadysa, waka, rowaýat, erteki durmuş bolup, olar haýsy hem bolsa bir zat barada gürrüň berýärler. Aýdym-sazyň näme hakda, nähili we neneňsi gürrüň berýändigini şu aşakdakylardan bilmek bolýar:

Ony ilki bilen aýdymyň adyndan bilmek bolýar. Islendik aýdymy alyp görsek, şol aýdymyň ýa-da sazyň ady bilen tanyş bolanymyzda, biz eýýäm şol aýdymyň näme barada gürrüň berjek bolýandygyny bilýäris. Mysal üçin, W.Ahmedowyň ,,Ýaz ýagşy” aýdymyny alyp görsek, aýdymyň adyndan eýýäm biz ýaz pasly barada, owadan tebigat barada, ýaz paslynda ýagýan ýagyş barada gürrüň berjek bolýandygyny bilýäris. Emma käbir aýdymlaryň atlary şol aýdymda aýdyljak bolunýan wakalar barada hiç zat habar bermeýär. Mysal üçin, W.Ahmedowyň ýene bir aýdymyny alyp göreliň. „Anna” aýdymynyň Anna atly oglan baradadygyny bilsegem, ol oglanyň nähili oglandygyny, onuň özüni nähili alyp barýandygyny biz entek bilmeýäris. Şol esasda biz aýdymyň näme hakda gürrüň berýändigini onuň sözlerinden bilýäris. Aýdym-sazyň häsiýetinden hem şol aýdym-sazyň näme hakda gürrüň berýändigini bilmek bolýar. Aýdym-saz şadyýanmy, aram häsiýetdemi, gamgynmy? Bu sowallara jogap tapmak üçin aýdym-sazyň daşky tebigat bilen baglylygyny göz öňüne tutmaly. Eger-de aýdym-sazda gyş pasly görkezilýän bolsa, onda aýdym-saz haýsy hem bolsa bir howsalaly wakany gürrüň berýär diýip hasaplaýarys. Aýdym güýz paslyny suratlandyrýan bolsa, onda aram, gamgynrak waka beýan edilýär.

Aýdym-saz ýaz, tomus pasyllaryny suratlandyrýan bolsa, şadyýan, şähdaçyk ýagdaýlardaky wakalar aýdyňlaşýar. Diýmek, aýdym ruhy joşgundyr, köňül telwasydyr, durmuşyň ruhlandyryjy güýjüdir. Aýdym-sazyň näme hakda gürrüň berýändigini öň eşiden sazymyza meňzeşdiginden hem bilip bileris. Eger-de biz öň bir sazy oňat bilýän bolsak, indiki eşiden sazymyzam şol bilýän sazymyza meňzeş bolsa, onda täze eşiden aýdym-sazymyzam öňki eşiden aýdym-sazymyzyň many-mazmunyna meňzeş bolmasa-da, häsiýetlerine görä, tempine görä, dinamikasyna, perdesine görä meňzeş bolup biler.

Sazyň manysy hakda ussat kompozitorlaryň „Saz duýgular hem pikir-hyýallar bilen iş salyşmakdyr. Ol adam kalbynyň owazlarda aňladylan ömrüdir” diýmekleri hem bu pikiri berkidýär.

Aýdym-sazyň mazmunyny we beýan edilişini onuň adamyň içki duýgusyna edýän täsiriniň üsti bilen hem düşündirmek bolar. Adamlar aýdym-sazy üns berip diňlänlerinde, öz durmuşlarynda bolup geçen wakalaryň biri janlanýar, aýdym-sazyň heňiniň astynda şol waka göz öňüne gelýär, hereketlenýär. Aýdym-sazyň näme hakda gürrüň berýändigini öň bilýän sazymyza meňzeşliginden hem bilip bolar. Ol sazlaryň näme hakda gürrüň berýändigini biz bilýäris, häzirki eşidýän sazlarymyz hem şol sazlara meňzeş bolsa, onda bu sazda--da şolar ýaly waka barada gürrüň beýan edilip bilner. Bolmasa-da, şoňa ýakyn zatlar baradaky mazmun ýüze çykyp biler.

## I synpda aýdym-saz sapagynyň meýilnamalaşdyrylyşy. Meýilnamanyň ýazylyşy:

**Sapagyň temasy:** Notalaryň nota düşeginde ýerleşişi. D.Nuryýewiň ,,Pişijek” aýdymy.

**Sapagyň maksady:** Aýdym-sazyň nazaryýetiniň esaslaryny ösdürmek; notalaryň nota düşeginde ýerleşişini öwretmek; okuwçylaryň notalary nota düşeginde dogry ýerleşdirip bilmeklerini gazanmak; okuwçylaryň aýdym-saza bolan bilim, endik, başarnyklaryny ösdürmek; D.Nuryýewiň ,,Pişijek” aýdymyny heňi bilen öwretmek; ,,Pişijek” aýdymynyň üsti bilen çagalarda haýwanlara bolan söýgini döretmek; akyl terbiýesini bermek.

**Gerekli esbaplar:** Aýdymyň mazmunyna degişli suratlar, tilsim serişdeleri, notalaryň nota düşeginde ýerleşişi görkezilen esbap, soragnamalar.

**Sapagyň gidişi:**

**I. Guramaçylyk döwri:** Okuwçylary saz bilen synp otagyna salmak. Okuwçylar bilen mähirli salamlaşmak. Nobatçynyň kömegi bilen gatnaşygy hasaba almak. Synp tagtasynda aý-günüň hasabyny ýazmak. Okuwçylaryň ünsüni sapaga jemläp sapaga başlamak.

**II. Öý işini soramak:**

Mugallym okuwçylardan geçen sapakda haýsy temanyň geçilendigini soraýar. Okuwçy „Gyjak açary. Nota düşegi" atly temany we „Bakjada" aýdymyny özleşdirendiklerini aýdýar.

Mugallym ýörite soraglar arkaly okuwçylar bilen söhbetdeşlik guraýar:

1. Nota düşegi diýip nämä aýdylýar?
2. „Bakjada"aýdymynyň mazmuny näme barada ýazylypdyr?
3. Nota düşegi nireden sanalyp başlanýar?
4. „Bakjada" aýdymynyň sazyny kim ýazdy?
5. Nota düşegini çyzyp we sanap beriň.
6. „Bakjada" aýdymynyň birinji bendi heňi bilen köpçülikleýin ýerine ýetirilýär. Geliň, bizem şol bendi ýerine ýetireliň.

Soňra okuwçylara dürli oýunlar oýnadylýar. Okuwçylara oýunlaryň maksady, şerti belli edilýär, düşündirilýär. Bu işde şu aşakdaky soraglardan ýerlikli peýdalanmak bolar.

1. Gyjak açary näme üçin ulanylýar?
2. Gyjak açary diýip nämä aýdylýar?
3. Gyjak açarynda nähili notalar ýerleşdirilýär?
4. Näme üçin gyjak açary diýilýär?
5. Nota düşeginde gyjak açaryny nähili ýerleşdirmeli?

Okuwçylaryň berlen jogaplary diňläp oturmaklaryny, ýalňyşlaryny düzetmeklerini gazanmak möhümdir. Jogap beren okuwçylar bahalandyrylmalydyr. „Bakjada" aýdymynyň her bendini bir okuwça aýtdyryp, bu döwri jemlemek.

**III. Öý işini berkitmek:**

Gyjak açary we nota düşegi barada okuwçylaryň düşünmeýän ýerleri bar bolsa düşündirmek. Soňra geçilen aýdymyň sözlerini bütin synp boýunça aýtdyryp, aýdymyň heňini berkitmek. Aýdyma başlamazdan ozal, okuwçylaryň dogry oturyşlaryny we dogry dem alyşlaryny guramak.

## Bakjada

*Sazy* W. Ahmedowyňky
*Sözleri* K. Taňrygulyýewiňki

Oýnaýan-a, oýnaýan,
Men bakjada oýnaýan.
Aty çapmany bilýän,
Topy gapmany bilýän.

*Gaýtalama:*
Owadan bagym
Gujagyn açýar.
Sapaly çagym
Bakjada geçýär.

Oýnaýan-a, oýnaýan,
Men bakjada oýnaýan.
Men elli sany bilýän,
Aýdym aýtmany bilýän.

*Gaýtalama.*
Oýnaýan-a, oýnaýan,
Men bakjada oýnaýan.
Kanal çekmäni bilýän,
Güller ekmäni bilýän.

*Gaýtalama.*

**IV. Täze temany beýan etmek:**

Mugallymyň sözi:

– Okuwçylar, biz şu gün siz bilen notalaryň nota düşeginde ýerleşişini öwrenýäris. Nota düşegine sygmadyk notalar üçin nota düşeginiň aşagyndan hem ýokarsyndan goşmaça çyzyk alynýar. Nota düşeginiň aşagyndan goşmaça çyzyk alnanda, notalar şol goşmaça çyzyklaryň üstünde we aşagynda ýerleşýär. Nota düşeginiň ýokar-

syndan goşmaça çyzyk alnanda, notalar şol goşmaça çyzyklaryň üstünde we ýokarsynda ýerleşýär. Soňra mugallym notalary nota düşeginde ýerleşdirip görkezýär. Okuwçylaryň hemmesine bilelikde gaýtaladýar:

– do notasy goşmaça çyzygyň üstünde ýerleşýär;

– re notasy birinji nota düşeginiň aşagynda ýerleşýär;

– mi notasy birinji nota düşeginiň üstünde ýerleşýär;

– fa notasy birinji nota düşegi bilen ikinji nota düşeginiň arasynda ýerleşýär;

– sol notasy ikinji nota düşeginiň üstünde ýerleşýär;

– lýa notasy ikinji nota düşegi bilen üçünji nota düşeginiň arasynda ýerleşýär;

– si notasy üçünji nota düşeginiň üstünde ýerleşýär.

Soňra aýdymy öwretmäge başlaýaryn.

Aýdym öwredilende, okuwçylaryň güýçýeterligine görä aýdym saýlanyp alynýar. I synplaryň sesýetimi mi notasy bilen si notasynyň aralygynda bolýar. Şol aralykdaky aýdymlar saýlanyp alynýar. I synplarda aýdymyň sözleri ýat tutdurmak arkaly öwredilýär. Aýdymyň sözlerine ýazylan ýazgy ulanylmaýar. Sebäbi I synp okuwçylarynyň okap bilmek ukyplary gaty ösen bolmaýar. Ilki bilen mugallym aýdymyň ady, awtorlary bilen tanyşdyrýar:

– Okuwçylar, şu gün biz „Pişijek” aýdymyny öwrenýäris. „Pişijek” aýdymynyň sazy D.Nuryýewiňki. Onuň sözlerini bolsa Ý. Pirgulyýew döredipdir. D.Nuryýew siziň üçin örän köp aýdym-sazlary döreden kompozitordyr. Ol ýaşlygyndan aýdym-sazy söýüpdir, şonuň üçin hem meşhur kompozitor bolup ýetişipdir. D.Nuryýewiň siziň üçin döreden başga-da birnäçe aýdymlary bar: „Gül”, „Gül bilen kebelek”, „Dişim akja, arassa”. Onuň çagalar üçin döreden aýdymlary „Aýdym biziň hemramyz” ady bilen kitap hökmünde köpçülige ýaýrady.

Mugallym aýdymyň mazmunyna degişli suratlar görkezip, mazmuny barada giňişleýin gürrüň berýär:

– Okuwçylar, siziň hemmäňiz pişijekleri görýärmisiňiz? Siz pişijekleriň nähili häsiýetlerini bilýärsiňiz? Kimiň öýünde pişijekleri bar? Diýmek, onda pişijekler oýun edýärler, sizem onuň bilen dostlaşýaňyz, haçanda ýadan wagtlary olar myrlapjyk ýatýarlar. Ine, şu aýdymda şol enaýyja pişijek hakynda aýdylýar.

Aýdymy ilki özüm heňi bilen ýerine ýetirip berýärin. Soňra aýdymy öwretmäge başlaýaryn. Okuwçylaryň dogry oturyşyny we dogry dem almaklaryny guraýaryn.

**Pişijek**

*Sazy* D. Nuryýewiňki
*Sözleri* Ý. Pirgulyýewiňki

Gulajygy çürüje,
Murty akja pişijek,
Gözjagazyň delminýär,
Sabry ýokja pişijek.
Gözjagazyň delminýär,
Sabry ýokja pişijek.

Pişijek, pişijek,
Sabry ýokja pişijek.

Gaharlanman myrlasaň,
Süýtdür gaýmak bereýin.
Agram salmaz dişiňe,
Ýagly guýmak bereýin.
Agram salmaz dişiňe,
Ýagly guýmak bereýin.

Pişijek, pişijek,
Ýagly guýmak bereýin.

Ilki aýdymyň birinji bendiniň birinji-ikinji setirlerini öwredýärin. Bu ýerde aýdymy 2 setirden öwretmegimiň sebäbi aýdymyň heňi, sözleri ýeňil, çagalar kynçylyk çekmän öwrenip bilýärler. Soňra III-IV setirlerini öwredýärin. Ondan soň aýdymyň birinji bendini tutuşlygyna aýtdyrýaryn.

Okuwçylaryň kynçylyk çekýän ýerlerini düzedip gaýtaladýaryn. Aýdymyň beýleki bentlerini hem şu usulda öwredýärin. Soňra aýdymy

hemme okuwçylara bilelikde gaýtaladýaryn. Soňra oňat ýerine ýetirýän okuwçylary öňe geçirip, aýdymy aýtdyrýaryn. Aýdymyň heňini berkidýärin.

**V. Täze temany berkitmek:**

Mugallym okuwçylar bilen sorag-jogap alyşýar. Ol soraglardan käbirlerini görüp geçeliň:

1. Haýsy nota goşmaça çyzykda ýerleşýär?
2. Re notasy nirede ýerleşýär?
3. Birinji nota düşeginde haýsy nota ýerleşýär?
4. Fa notasy nirede ýerleşýär?
5. Ikinji nota düşeginde haýsy nota ýerleşýär?
6. Lýa notasy nirede ýerleşýär?
7. Üçünji nota düşeginde haýsy nota ýerleşýär?

„Pişijek” aýdymyny köpçülik bolup aýtdyrýar.

**VI. Öýe iş tabşyrmak:**

Notalaryň nota düşeginde ýerleşişini öwrenmek. Aýdymy heňi bilen ýerine ýetirmegi öwrenmek.

**VII. Bal bahalaryny deňeşdirmek:**

Mugallym sapaga oňat gatnaşan okuwçylary bahalandyrýar. Olara öwgüli sözler aýdýar. Beýleki okuwçylary hem şol okuwçylaryň hataryna deňleşmäge çagyrýar. Sapagy jemleýär.

## II synpda aýdym-saz sapagyny okatmagyň usullary

Mekdepde II synpda aýdym-saz sapagyny okatmak boýunça ýörite meýilnama düzülýär. Ol meýilnamanyň kämil bolmagy üçin, başlangyç synp mugallymy aýdym-saz mugallymy bilen maslahatly işlemelidir. Sebäbi meýilnamada beriljek aýdymlary, diňlediljek eserleri, saz bilen sazlaşykly hereketleri çaganyň ýaş aýratynlygyna, sesýetimine laýyk getirmeklik möhümdir. Aýdym-saz mugallymy bilen bilelikde başlangyç synp mugallymy bu işleri bir akaba ugrukdyryp bilerler, şonda öňde goýlan maksada göwnejaý ýetiler. Aýdym-saz sapagynda II synpda aýry-aýry usullary, düzgünleri öwretmek meýilleşdirilýär. Meýilnamada aýdym-saz terbiýesini kämil bermek üçin, aýdym aýtmak, saz gurallarynda saz çalmak, saz diňlemek, saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmek ýaly birnäçe görnüşleri

ulanylmalydyr. Dürli mazmundaky aýdymlary öz degişli paslynda, senesinde ýerine ýetirtmek netijelidir. Aýdymy dogry saýlap almak hem bu işe degişlidir.

II synpda ýerine ýetiriljek aýdym çaganyň ýaşyna laýyk, sesýetimine gabat gelmelidir.

I synpdaky çagalaryň sesýetimi mi$^{I}$ oktawadan si$^{I}$ oktawa aralykdyr. Onda çagalara şu sesýetime degişli aýdymlary aýtdyrmaly. Olaryň bokurdak ýollary örän näzik, ýuka bolýar. Belent sesler olaryň ses turbalaryna zyýan ýetirýär. Şonuň üçin hem bu ýaşdaky çagalara iň aňsat, ýeňil, gysga bolan aýdymlar öwredilmelidir. Aýdym öwretmek bilen çagalaryň saz döredijiligi, başarnygy ösdürilýär.

Sapakda diňe aýdyma bolan ukyp ösdürilmän, saz gurallarynda saz çalmak görnüşi hem öwredilýär.

„Saz gurallarynda saz çalmak” diýen temanyň üsti bilen okuwçylar şu aşakdakylary öwrenýärler:

1. Saz gurallaryny nähili aýap saklamalydygyny;
2. Saz gurallaryny biri-birinden sesi boýunça tapawutlandyryp bilmegi;
3. Her bir saz guralyndan baş çykaryp bilmegi;
4. Sesleriň yzygiderligine düşünmegi;
5. Ansambl bolup, saz gönükmesini çalyp bilmegi;
6. Saz guralyndaky belent, pes sesleri, nota sowadyny bilmegi;
7. Saz gurallarynda saz çalmagy başarmagy.

Çagalar ýönekeý gönükmeleri, notalary çalyp ýa-da mugallymyň sazynyň ugruna goşulyp bilmegi başarmalydyrlar. Bu pikiri şu aşakdaky mysallar arkaly delillendirýäris. Mugallym saz gurallaryny dutarda, depde, demir üçburçlukda, tarelkajyklarda kakyp, tüýdükde, gamyş naýda, balamanda çalyp, seslenişini okuwça gözlerini ýumduryp diňletmelidir. Soňra olaryň gözlerini açdyryp, haýsy saz guralynyň çalnandygyny, haýsy tertipde, haýsysy ilki, haýsysy soň ýaňlanandygyny kesgitletmelidir. II synplarda saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, mugallym ilki bilen hereket düzgünlerini geçmeli. Mugallym hereket bilen sazyň baglanyşygyny duýmagy öwretmelidir. Başlangyç synp okuwçylaryna saz bilen sazlaşykly hereketler öwredilende, mugallymyň hereketi bilen olaryň hereke-

ti sazlaşmalydyr. Bu işde diňe bir düşündirmek ýeterlik däldir. Her bir hereket aýratyn görkezilmelidir. Aýdym-saz sapagynda dürli tizlikdäki hereketleri (ertirki maşklar, tanslar, bedenterbiýe pursatlary) öwretmek bolar. Bir hereketi haýal, çalt tizlikde ýerine ýetirmek bilen şol bir wagtda olaryň çakganlygy, tizligi, duýuş derejeleri hem ösdürilýär. II synplarda I synplara garanyňda, az-kem çylşyrymlaşýan usullar ulanylýar. Şeýle-de bu ýaşly çagalarda saz diňlemek işi hem sapagyň dowamynda ýerine ýetirilýär.

Mugallym sapakda diňletjek eserlerini saýlap almalydyr. Ol eser çagalara golaý, çagalary özüne çekip biljek eser bolmalydyr. Her çaganyň öz içki dünýäsi, öz gyzyklanmasy bolýar. Mugallym çaganyň şol içki dünýäsine aralaşyp bilmegi, onuň duýgularyna täsir edip bilmegi başarmalydyr. Çagalar (esasanam, I-II synp okuwçylary) şatlykly häsiýetdäki eserleri, okgunly dabaraly eserleri diňlemegi halaýarlar. Diňletmek üçin eserler saýlanyp alnanda, mugallym olaryň eşidişiniň ösüş derejesini göz öňünde tutmalydyr. II synpyň okuwçylary iki ýarym minuta çenli aralykda saz diňlemelidirler. Diňletdiriljek saz barasynda mugallym „giriş” sözi bilen çykyş etmelidir. Okuwçylara diňe sazy diňletmek öwredilmän, eýsem şol sazy diňläp hem-de derňäp bilmek düzgüni hem öwredilmelidir. Saz derňelende şu aşakdakylar hasaba alynmalydyr:

1) sazyň häsiýeti;
2) sazyň görnüşi;
3) sazyň tizligi, dinamikasy;
4) sazy suratlandyrmak.

Aýdym-saz sapagynda ýokarky agzalan görnüşlerden başga-da, nota sowady hem giňden öwredilmelidir. Onda notalar, sesler barada örän ýeňil, aňsat dilde, dürli usullary mysal getirmek arkaly öwretmek işi alnyp barylmalydyr. Sesleriň belent, pes aralyklary dürli suratlaryň ýa-da çekilen haýwanjyklaryň suratlarynyň üsti bilen öwredilýär. Şeýle usulda sesler barada maglumat berilse, çagalar notalary has oňat özleşdirýärler.

Aýdym-saz sapagyny okatmakda, çagalara saz terbiýesini bermekde, pedagogikanyň işjeň usullary ulanylmalydyr. Höweslendirmek, haýran galdyrmak, deňeşdirmek, gürrüň bermek, pikir alyşmak, düşündirmek we başga-da birnäçe usullar bu işde peýdalydyr. Saz sa-

pagynda diňe bir synp otagyndaky saz guralyny ulanmak bilen çäklenip bolmaz. Onda tehniki serişdeleri: magnitofondan, wideo kassetalardan hem-de milli saz gurallaryndan hem peýdalanylyp durulmalydyr. Çaganyň sapaga gyzyklanmasy artdyrylmalydyr. Aýdym-saz mugallymy okuwçylaryň sungat bilen gatnaşykda bolup, olaryň begenjini duýmaklarynyň, kanagatlanmalarynyň, berjaý bolmak endikleriniň we başarnyklarynyň ýokary netijeliligini gazanmaklygy başarmalydyr.

Aýdym-saz sapagy mekdepde çagalara saz terbiýesini bermekde, esasy guramaçy ugurlaryň biridir. Okuwça saz sowadyny ýeterlik bermek bolsa, her bir mugallymyň esasy wezipesidir.

## II synpda bir sagatlyk aýdym sapagynyň meýilnamasy:

**Sapagyň temasy:** Notalaryň bölünişi. N.Muhadowyň “Mekdep” aýdymy.

**Sapagyň maksady:** Aýdym-sazyň teoriýasynyň esaslaryny ösdürmek, okuwçylaryň doly we dogry ýerine ýetirmeklerini gazanmak. N. Muhadowyň. ,,Mekdep” aýdymyny heňi bilen öwretmek. Aýdymyň üsti bilen okuwçylara bilim we terbiýe bermek, okuwa bolan höwesini artdyrmak.

**Gerekli esbaplar:** Aýdymyň sözleri ýazylan ýazgy, aýdymyň mazmunyna degişli suratlar, magnitofon, notalaryň belgilenişi görkezilen esbaplar, saz guraly.

**Sapagyň gidişi:**

I. Guramaçylyk döwri: Okuwçylary saz bilen synp otagyna salýaryn. Okuwçylar bilen salamlaşýaryn. Nobatçynyň kömegi bilen gatnaşygy hasaba alýaryn. Synp tagtasynda aý-günüň hasabyny ýazýaryn. Okuwçylaryň ünsüni sapaga jemleýärin we sapaga başlaýaryn.

**II. Öý işini soramak:**

– Okuwçylar, biz geçen sapakda haýsy temany geçdik?

– Biz geçen sapakda D.Nuryýewiň ömri we döredijiligini, ,,Güneşde” aýdymyny geçdik.

Geçilen tema boýunça soragnama paýlaýaryn:

## 1-nji soragnama:

1. D. Nuryýew haçan we nirede dogulýar?
2. „Güneşde” aýdymynyň mazmuny näme barada ýazylypdyr?

## 2-nji soragnama:

1. Durdy Nuryýewiň çagalar üçin aýdymlarynyň bir toplumy nähili at bilen çap edilýär?
2. „Güneşde” aýdymynyň sazyny we sözlerini kim ýazypdyr?

## 3-nji soragnama:

1. Durdy Nuryýewiň çagalar üçin döreden aýdymlarynyň atlaryny sanaň beriň?
2. „Güneşde ” aýdymynyň bir bendini heňi bilen ýerine ýetiriň.

Soragnama alan okuwçylar taýýar bolýança, beýleki okuwçylar bilen sorag-jogap alyşmak.

Synp bilen sorag-jogap alşylandan soň, jogabyny barlamak. Okuwçylary bahalandyrmak.

1. Durdy Nuryýew dutar çalmagy kimden öwrenýär?
2. Durdy Nuryýew özüniň kiçiräk saz eserini haçan döredip başlaýar?
3. Ol nähili saz gurallar üçin saz döredýär?

Tabşyrylan ýumuşlary we soraglary umumylaşdyryp, okuwçylara baha goýmak, olary seljermek.

**III. Öý işini berkitmek:**

Durdy Nuryýewiň ömri we döredijiligi barada okuwçylaryň düşünmeýän zatlary bar bolsa düşündirmek.

Soňra geçilen aýdymy bütin synp boýunça aýtdyryp, aýdymyň heňini berkitmek. Aýdyma başlanmazdan ozal, okuwçylaryň dogry oturyşlaryny we dogry dem alyşlaryny guramak.

## Güneşde

*Sazy* D.Nuryýewiňki
*Sözleri* N.Baýramowyňky

Güneşde eken
Bagym oýnaýar.
Güneşde alma
Narym oýnaýar.

Bahar güneşi
Düşende çöle,
Ýapylar, gyrlar
Beslenýär güle.

Güneş gowaça
Gunça, gül dakar.
Gozadan ,,altyn''
Ýylgyryp bakar.

Saralýar gawun,
Sorup güneşi,
Serwi-derekleň
Güneş gözbaşy.

**IV. Täze temany geçmek:**

Notalar öz çekimliliklerine görä, dürli görnüşde bolýarlar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Bitin nota. Onuň çekimliligi 4 i-e deň. Bitinlik notasynyň çekimliligini 4 i-e çenli sanap görkezmek: 1 i, 2 i, 3 i, 4 i. Soňra okuwçylara gaýtalatmak.



Okuwçylar, bitin notanyň şekili ýumurtga şekilinde tegelek edilip belgilenýär:

Ýarymlyk nota. Onuň çekimliligi 2 i-e deň. Ýarymlyk notanyň çekimliligini 2 i-e çenli sanap görkezmek we okuwçylara-da gaýtalatmak. 1 i, 2 i. Ol şunuň ýaly görnüşde belgilenýär:



Dörtden birlik ýa-da çärýeklik nota. Onuň çekimliligi 1i-e deň. Munuň hem çekimliligini 1i-e çenli sanap görkezmek. 1i. Soňra okuwçylara hem gaýtalatmak. Çärýeklik nota şunuň ýaly belgilenýär. Okuwçylara ýarymlyk nota bilen çärýeklik notanyň belgilenişiniň aýratynlyklaryny, olaryň tapawudyny düşündirmek.



Sekizden birlik nota. Onuň çekimliligi 1-e ýa-da i-e deň. Sekizden birlik notanyň çekimliligini 1-e ýa-da i-e çenli sanap görkezýärin. Okuwçylara gaýtaladýaryn. Sekizden birlik nota şunuň ýaly görnüşde belgilenýär:



Okuwçylara sekizden birlik nota bilen çärýeklik notanyň belgilenişiniň aýratynlyklaryny düşündirýärin. Soňra aýdymy öwretmäge başlaýaryn. Synp tagtasynda aýdymyň sözleri ýazylan ýazgyny asýaryn:

## Mekdep

*Sazy* N.Muhadowyňky
*Sözleri* G.Bäşiýewiňki

Gunduz ýaly mekdebim
Ak gujagny açyp dur.
Açýas kitap gatyny,
Müňläp syry açyp dur.

*Gaýtalama:*
Ýaşa, ýoldaş mugallym,
Manysyny saçyp dur.

Yhlasa baý bolýarys,
Ylymdan paý alýarys.
Zeminde läle bolsak,
Asmanda aý bolýarys.

*Gaýtalama:*

Aýdymyň ady, awtorlary bilen tanyşdyrmak. Soňra aýdymyň many-mazmuny barada birnäçe reňkli suratlaryň üsti bilen gürrüň bermek. Aýdymy ilki emosional ýerine ýetirtmek, soňra aýdymy öwretmäge başlamak.

Aýdymy öwretmäge başlamazdan ozal, okuwçylaryň dogry oturyşlaryny we dogry dem alyşlaryny guramak. Aýdymyň ilki bir bendiniň 1-2-nji setirini öwretmek. Soňra 3-4-nji setirini öwretmek. Ondan soň aýdymyň bir bendini tutuşlygyna aýtdyrmak. Soňra beýleki bentleri hem şolar ýaly yzygiderlilikde öwretmek. Aýdymyň bentleri öwredilip durlan mahaly okuwçylaryň içinde ýalňyşýanlary ýüze çyksa, onda aýdymy iki setirden ýerine ýetirtmek. Aýdymyň hemme bentleri öwrenilenden soň, tutuş ýerine ýetirtmek we ansamblyň üstünde işlemek. Aýdymda sazlaşygy gazanmak üçin okuwçylara aýdymy ýuwaş ýerine ýetirtmek, birek-biregi diňläp aýtmaklaryny tabşyrmak, aýdymy sazsyz ýerine ýetirtmek.

**V. Täze temany berkitmek:**

a) soraglar:

1. Notalar çekimliliklerine görä nähili bölünýärler?
2. Çekimliligi 4 i-e deň bolan nota nähili nota?

b) ýumuşlar:

1. Ses bilen ýarymlyk notany ýerine ýetirip beriň.
2. Kompozitor N.Muhadowyň ,,Mekdep” aýdymyny synp bolup ýerine ýetiriň.
3. Dörtden bir we sekizden bir notalaryň ara tapawudyny aýdyp beriň.

**VI. Öýe iş tabşyrmak:**

Notalaryň çekimliliklerine görä bölünişini öwrenmek, aýdymy heňi bilen ýerine ýetirip bilmek.

**VII. Okuwçylary bahalandyrmak:**
Işjeň gatnaşan okuwçylary bahalandyrmak.

## Aýdym-saz sapagyndan daşary geçirilýän işleri guramagyň usullary

Mekdepde aýdym-saz terbiýesini bermekligi hepdede geçilýän bir sapak bilen çäklendirmeli däl. Sapakdan daşary saz gurnaklary (işleri) munuň üstüni doldurmaga ýardam eder. Sapakdan daşary çärelere gatnaşmak okuwçylara göwnüniň saýlan işleri bilen çuň meşgullanmagyna şert döredýär. Mugallym bolsa olar bilen işlemek bilen okuwçylarda özbaşdaklygy we döredijilik işjeňligini terbiýeläp bilýär. Aýdym-saz sapagyndan daşary işlere: sungat ussatlary bilen duşuşyklar, teatrlar bilen işjeň gatnaşyk saklamak, baýramçylyk dabaralaryna gatnaşmak, dürli bäsleşikleri geçirmek, olara taýýarlanmak we ş.m. degişlidir. Olaryň esasy özeni bolsa gurnak işleriniň netijeli guralmagydyr. Mugallym sapakdan daşary aýdym-saz çärelerini guranynda şu maksatlar we wezipeler göz öňünde tutulmaly:

Sapakdan daşary aýdym-saz gurnaklarynyň hemme görnüşleri okuwçylaryň ahlak-gözellik duýgularynyň terbiýesine, döredijilikli göz öňüne getirmegiň derejesine, aýdym-saz gyzyklanmalarynyň kämilleşmegine gönükdirilen bolmalydyr.

Dürli tärleriň giňişleýin ulanylmagy olaryň döredijilik gyzyklanmalarynyň, oýlanyşykly hyýala getirmeleriniň, ukyplarynyň döremegine ýardam bermelidir. Okuwçylarda aýdym-saz medeniýetiniň wagyz-nesihat edilmegini guramak möhümdir. Okuwçylaryň aýdym--saz gyzyklanmalarynyň we isleginiň kämilleşmegine maşgala, maglumat beriş serişdeleri, olaryň deň-duşlary dürli göz öňünde tutulan ýagdaýlarda täsir edýär.

Hor gurnaklarynda okuwçylary ýaşlaryna görä jemleýärler. Kiçi ýaşly okuwçylardan (III synplar), ýetginjeklerden (V-VII synplar we VII-VIII synplar) ökdeler hem-de isleg bildirýänler saýlanyp alnyp, toparlar emele getirilýär.

Ähli guramalary birleşdirýän umumy mekdep horunyň döremegi uly terbiýeleýjilik ähmiýete eýedir. Hor köpçüliginiň döredilmegi isleg bildirýänleri gurnaga kabul etmekden başlanýar. Aýdym-saz mugallymy, adatça, bu ugurdan gowy ýetişjek başarjaňlary çagyrmak bilen bolýar, emma özi isleg bildirýänleri hem ünsden düşürmeýär. Tejribeleriň görkezişine görä, her bir sagdyn çagada aýdym-saz başarnyklaryny döredip bolýar, ýöne durnuklylyk we maksada okgunlylyk gowy görkezijileri gazanmaklyga kömek etmelidir. Hora gelýänlere öz söýgüli aýdymlaryny saz guralsyz aýtdyryp bolar. Eger okuwçy aýdym saýlamakda kynçylyk çekýän bolsa, onda mugallym häzirki zaman tanalýan aýdymlary ýatladyp, oňa kömek berip biler.

Saz gurallaryny gatnaşdyrman aýdym aýtdyranyňda, ýerine ýetirijiniň hakyky öz sesini eşidip, bahalandyryp bolýar. Soň aýdym--saza bolan zehinine doly göz ýetirmek üçin şol bir aýdymy dürli sesde aýtdyryp, haýsy hem bolsa bir sesi mugallymyň yzyndan gaýtalap ýerine ýetirtmek bilen, ritmik sazlaşygy gaýtaladyp bolar.

Kiçi ýaşly mekdep okuwçylary biraz ýygra we utanjaň bolýar. Şol sebäpli olary kiçi toparlar edip barlap bolar. Adaty ýagdaýda hora 40-50 okuwçy kabul edilýär. Ýöne olaryň sany dürli hili bolup hem biler. Ýöne 25-30-dan az we 70-80-den köp bolmaly däldir. Bu sapaklaryň wagty okuwçylaryň ýaşlaryna baglydyr. Kiçi topar bilen hepdede 2 gezek 45 minutdan köp bolmaly däl. Uly topar bilen bolsa 2 akademik sagada çenli işläp bolar. Mugallym her sagady öňünden meýilnamalaşdyryp, gyzykly hem köptaraply geçirjek bolmalydyr. Okuwçylaryň aýdym aýtmak endikleriniň gowy ösmegi üçin mugallym çagalaryň dürli ýaşlaryndaky ses mehanizminiň aýratynlygyny bilmelidir.

Çaganyň sesi örän inçe, näzik ol aýawly gatnaşygy we ünsi talap edýär. Mugallym çagalaryň sesiniň özbaşdak ösüşini her okuwçyny aýratynlykda diňläp kesgitläp biler. Pes we beýik sesler 10-11 ýaşlara çenli kämilleşýär, ýöne kiçilerde bu sesler şertli bolýar. Mugallymyň ünslüligi we synçylygy ol okuwçynyň haýsy hor toparyna degişlidigini saýlap biler.

Öň bellenilişi ýaly, okuwçylaryň sesini kämilleşdirmekde, saza düşünmeklerini gazanmakda saz gönükmeleriniň, wokal-hor endikleriniň,

başarnyklarynyň tutýan orny örän uludyr. Hor aýdymlaryny öwretmekde dürli görnüşli gönükmeler geçirilýär. Bir görnüşe okuwçynyň aýdym aýtmagyna taýýarlaýan gönükmeler degişlidir, emma beýlekisi öwrenilýän aýdymyň repertuaryna degişli gönükmelerdir. Her bir gönükmäniň maksady okuwçylara düşnükli bolsa, onda okuwçylar ol işde işjeňlik görkezerler. Pedagog aýdym repertuaryny saýlamagy başarmalydyr. Onda döwrüň aýdymlary, halk aýdymlary, nusgawy aýdymlar hem bolmalydyr. Ol aýdymlar dürli kynçylykly, mazmunly, dürli äheňli saýlanyp alynmalydyr.

Aýdym-saz öwredilende, mugallym dürli usullardan peýdalanmalydyr. Mugallym kiçi toparda özboluşly ýagdaýlary döretmek üçin oýun görnüşli işleri alyp barmalydyr. Şeýlelikde, mugallymyň tejribesi we hor sungatyna söýgüsi okuwçylaryň aýdym aýtmak endiginiň ýagdaýyna baglydyr. Saz guralynda oýnamagy (çalmak) öwredýän gurnaklar (fortepiano, akkordeon, dutar, deprek) soňky onýyllykda giň meşhurlyga eýe boldy. Bu düşnükli, sebäbi mugallymyň okuwçylar bilen özbaşdak işlemegi olaryň bu saz gurallaryna gyzyklanmagyny artdyrýar, ýöne bu gyzyklanma, gynansak-da, derrew gaçyp hem biler. Sebäbi mugallymlar, köplenç, bu gyzyklanmany okuwçylaryň aýdym-saz terbiýesine däl-de, şol bir saz guralda ýerine ýetirmekligi öwrenmeklige syrykdyrýarlar. Şeýlelikde, okuwçylaryň gyzyklanmasy başga ýerde bolýar. Häzirki wagt saz gurallaryny çalmak dürli ýaşly çagalara elýeterlidir. Mugallym olaryň saz çalmak endiginiň ösmegi üçin listden okamak, improwizasiýa, sesleri saýlamak ýaly birnäçe işleri geçirýär. Köp okuwçylar döwrebap sazlary öwrenmegi maksat edinýärler. Ol endik oňaýsyz täsirini ýetirýär. Bu ýagdaýda mugallym öz pikirini okuwçylara mälim etmän, olaryň pikirini üýtgetmegi başarmalydyr.

Ilkinji sapaklarda ansambla oýunlary salmaly, bu olarda gyzyklanma döredip biler. Ansamblda dürli ýaşly we ukyply okuwçylar bolup biler. Olar özleriniň saz toparyndadygyny duýýarlar. Mugallym okuwçylara tabşyrylan saz bölekleriniň ýerine ýetirilmegine has ünsli garamalydyr.

Dutarçylar ansamblyny döredip, olar bilen işlemekligiň ähmiýeti şu günüň talabyna laýyk gelýär. Dutarçylar ansamblyny döretmek

üçin okuwçylary dogry saýlap almak zerurdyr. Olar bilen iş geçiriljek otagyň amatly otag bolmagy derwaýysdyr. Mugallym okuwçylary saýlap alanda, ilki bilen dutary çalyp bilýän okuwçylary saýlap almalydyr. Özbaşdak çalyp bilýän okuwçy az bolsa, höwesek, öýünde atasy, kakasy dutar çalýan okuwçyny gurnaga almalydyr. Okuwçylary dogry saýlap almak işiň ilerlemegine ýardam edýär. Mugallym bellenilen otaga saýlanan okuwçylary ýygnap, olara ilkinji düşündiriş işini geçirýär. Oturgyçda nähili oturmalydygyny, dutary nädip saklamalydygyny, onuň taryna nähili kakmalydygyny öwretmelidir. Okuwçylar ilkinji düşünjäni alanlaryndan soň, olara kakuwlary bile deň kakmak, perdeden perdä geçmek ýaly düzgünler öwredilmelidir. Dutarçylar ansambly bilen ilki ýeňiljek sazlaryň üstünde işläp başlamalydyr. Soňra kem-kemden sazlaryň göwrümi giňäp, ulalyp başlamalydyr. Şeýlelikde, mekdepde dutarçylar ansamblyny gurnap, netijeli işläp bolar.

Sapakdan daşary geçirilýän işlere gurnagyň ýene bir görnüşi bolan deprekçiler toparyny mysal getirip bileris. Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanamyzda biziň her bir geçirýän baýramçylyklarymyz aýdyma, saza beslenendir. Şolaryň içinde okuwçylaryň uly isleg we gyzyklanma bilen synlaýany deprekçiler toparydyr. Olarda şol saz guralynda saz çalmaga uly höwes bolýar. Okuwçylar deprekçiler toparyndaky ýerine ýetirijilere meňzäsleri gelýärler. Şolar ýaly topary mekdeplerde hem guramak bolýar. Okuwçylaryň içinde deprek çalmaga höweslilerini saýlap alyp, olaryň hersine bir hili deprekleri berip, olardan bir topar döretmek bolýar. Kakylyp çalynýan saz gurallaryndan deprek, tebil, dowul, nagara, ritm çemçeleri ulanylmalydyr. Bu saz gurallarynyň hersinden birnäçe, ýagny üç, dört sanysyny ulanyp, deprekçiler topary bolup ýerine ýetirmek bolar.

Başlangyç synplarda mugallym aýdym-saz dersinden daşary geçirilýän işlerde öz başarnygyna seretmelidir. Ol gurnaklarda mugallym haýsy saz gurallarynda oňat ýerine ýetirip bilýän bolsa, şol saz guraly boýunça gurnak işini alyp barmalydyr. Eger-de mugallym saz gurallarynda saz çalmakdan aýdym aýtmagy, tans etmegi ökde başarýan bolsa, onda ol aýdym ýa-da tans gurnagyny gurap biler.

Mugallym ansamblyň konsert çykyşlary barada alada etmeli bolýar. Okuwçylaryň mekdep baýramçylygyndaky, saz agşamlaryndaky

döredijilik ukyby barlanylmalydyr. Başarnyklary barlamak olarda gowy häsiýetleriň terbiýelenmegine kömek edýär. Soňky wagtlar çagalaryň halk döredijilik ansambly ünsi köp çekýär. Olaryň döredilmegi mugallymyň halk döredijiligini we onuň aýratynlyklaryny bilmekligini talap edýär. Halk aýdymlaryna gönükdirilmeginiň hem uly terbiýeleýjilik ähmiýeti bar.

Başlangyç synplarda halk döredijiliginden läleleri, hüwdüleri, küştdepmeleri ýerine ýetirtmek bolar. Halk döredijiliginiň bu görnüşlerini başlangyç synp okuwçylarynyň güýçýeterligine laýyklykda häzirki döwür bilen baglanyşdyryp ýerine ýetirtmek bolar. Läleleriň şu günki eşretli zamanamyzy, gözel ýurdumyzy wasp edýän bentlerinden ýerine ýetirtmek bolar.

Ýurduň merjen gaşydyr-a,
Dür monjugyň daşydyr-a,
Juwanlygyň ýaşydyr-a,
Awaza gel, Awaza-ýa.

(Akgözel Hallyýewa „Awaza gel”, „Maru-şahu-jahan“ gazeti, 9.03.2010 ý. №29 (14651), 4-nji sah.)

Ansambl kiçi we orta ýaşly okuwçylardan döredilip bilner. Eýýäm alty-ýedi ýaşlarynda çagalar ansamblynyň repertuaryna halk aýdymlaryny, özünde halk dessurlarynyň häsiýetini saklaýan awtorçylyk aýdymlaryny hem goşup bolar. Olar çaga mazmuny boýunça düşnükli bolup, okuwçyda gyzyklanma döretmelidir hem-de olaryň ýerine ýetirijilik ukybyna gabat gelmelidir.

## Çagalara saz gurallarynda saz çalmagy öwretmegiň usullary

Çagalar saz guralynda saz çalmaklygy guramak okuwçylaryň döredijilikli, köpçülikleýin ýerine ýetiriş usullarynyň birnäçe görnüşini özünde jemleýär. Onuň sapakdaky wezipesi-çaganyň aýdym-saza bolan hyjuwyny ýüze çykarmak we ösdürmek, başlangyç synp okuwçylarynyň döredijilik tejribelerini baýlaşdyrmak, gyzyklanma döretmek bilen baglydyr.

Sapakda saz gurallarynda oýnamak usuly pedagogiki meseleleriň çözgüdi bilen baglanyşyklydyr:

1. Çagalaryň sapaklardaky, synpdan daşary işlerdäki, boş wagtlaryndaky (baýramçylyklardaky, maşgaladaky, dynç wagtlaryndaky) ýerine ýetirijilik döredijiliklerini (gyzyklanmalaryny) kämilleşdirmek;

2. Çeperçilikli gyzyklanmalarynyň artmagyny gazanmak;

3. Orkestrde çalmaga bolan gyzyklanmanyň derejesini anyklamak, saz gurallarynyň sesleriniň sazlaşygyny duýmagy öwretmek;

4. Saz başarnyklarynyň ýokarlanmagyny gazanmak;

5. Sazyň diliniň täsirliligi baradaky göz öňüne getirmeleriň kämilleşmegine täsir etmek.

Öwrediji-terbiýeleýji meseleleri ýerine ýetirmekde iş usullary repertuar uly orun tutýar. Aýdym-saz mugallymynyň esasy aýratynlygy onuň hemme taraplaýynlygydyr. Ol şol bir eserleriň, hatar oýlanmalarynyň, başarnyklarynyň, duýgularynyň kämilleşmegine kömek edýänliginde görünýär. Ondan başga-da saz materialy mugallym bilen okuwçynyň bilelikde ýerine ýetirmegine degişli bolmalydyr. Onuň esasynda olar aýdymjyklary, pýesajyklary düzüp we kebşirläp bilerler. Çaga saz gurallarynda oýnamaklyk, esasan hem, eşidiş we sesinde gowşaklyk bar bolan çaganyň saz başarnyklarynyň ösmegine peýdaly, mundan başga-da bu hemmeler üçin has çylşyrymly saz gurallaryny özleşdirmeklige taýýarlygy aňladýar. Aýdym-saz bilen meşgullanmalaryň netijesinde okuwçylar şulary başarmalydyrlar:

a) saz guralynyň adyny we ony saklamagyň düzgünlerini bilmegi;

b) olaryň seslerini tapawutlandyrmagy başarmagy;

ç) her bir saz guralynda çalmagyň usullaryny ele almagy;

d) ansambl ýerine ýetirijiligiň başarnyklaryny ele almagy;

e) beýik we pes sesleriň ýerleşen ýerlerini bilmegi, notalaryň atlaryny bilmegi.

Başlangyç synplardaky okuwçylar bilen işlenende, diňe ýönekeý görnüşdäki saz gurallaryny ulanyp bolar. Hemme saz gurallar arassa we mylaýym sesli bolmalydyr, olar daşky görnüşi bilen çagalaryň ünsüni çekmelidir. Dürli saz guralynda işlenende, göwräniň, boýnuň, kelläniň erkin bolmagy zerurdyr. Bu ýagdaýda melodik däl saz gurallary: gamyş, çeň, deprek, agaç çöpler, taýaklar, marakaslar, üçburçluklar, tarelkalar işjeň ulanylýar.

Taýajyklar – iki agaç taýaklary, olary biri-birine urmak bilen çalynýar. Olar başam we süýem barmaklary bilen tutulýar. Gamyş gowy ses beriji agaç taýajyklarynyň ses hataryna meňzeş düzülen görnüşdäki saz guralydyr. Ol hem taýajyklar bilen, agaç ses hataryna kakmak bilen ýerine ýetirilýär.

Üçburçluklar çalnanda çep eliň bilen bir burçundan tutulyp, sag el bilen hem, metal taýaklary bilen hem urulýar.

Ilkinji sapaklardan ritmik we açyk sesli saz gurallaryny çalmaklyk maksadalaýyk bolar. Ýönekeý saz gurallarynda çalmak, esasan, başlangyç saz terbiýesini bermekde, täsirli, ol saz eşidiş, hyýala getirmegiň kämilleşmeginde peýdalydyr. Çylşyrymly saz gurallary ulanmaklygy okuwçylaryň ukyplaryna görä kesgitlemeli. Ýerine ýetiriljek sazlary ýönekeýleşdirip, tersine, kynlaşdyryp hem bolar. Ondan başga-da mugallym döredijilik gönükmelerini görkezmeler görnüşinde gurap biler.

Ritm duýgularynyň, ritmik endikleriniň kämilleşmegi we işjeňleşmegi üçin uly we kyn bolmadyk eserleri peýdalanyp bolar. Ritm duýgularynyň ösmegi birnäçe ugurlar boýunça ugurdaş alnyp barylýar. Biri çagalara dürli dowamlylyk gatnaşyklary barada düşünje berýär. Beýlekisi dürli ritmik görnüşleriň özleşdirilmegine kömek edýär. Üçünji güýçli we gowşak bölekler baradaky düşünjäni berkidýär. Okuwçylaryň saz, ritmik duýgularynyň işjeňleşmegi dürli durmuş ýagdaýly oýunlaryň üsti bilen gazanylýar. Aýdymyň güýçli, güýçsüz urgularyny pulsasiýa duýmaklygyň ösüşine gönükdirilen ilkinji ýumuşlar, bir templi eserleriň esasynda berilýär. Bu işe garşylykly templi pýesalary goşup bolar. Dürli tempde işlemek okuwçynyň temp duýgurlygyny ösdürýär. Indiki basgançaga güýçli we gowşak bölekleriň gezekleşigini tapawutlandyryp bilmek degişlidir. Bu işde okuwçylara öňden tanyş aýdymlary ulanmak gowy netijelidir. Bu işde okuwçylara metr, takt çyzygy, ölçeg ýaly düşünjeleri berip bolar. Bu işiň has netijeli geçmegi üçin mugallym ýörite ýalňyşlyk goýlan „urgynyň gaýtalanyp gelmegi“ ýazgyda ol ýalňyşlygy tapdyryp biler.

Aýdym-saz şekiliniň duýgurlygynyň ösüşi şu yzygiderlikde alnyp barylýar:

a) okuwçylaryň ritmik we beýik sesli saz guralynda ýerine ýetirmekde ünslüligi;

b) „Motiwiň ýeri çalyşdy” oýunda ünsüň, ýadyň işjeňleşmegi;

ç) beýleki oýunlarda oýnamak üçin çagalaryň saz düzmegi;

d) mugallymyň soragnamalara jogap hökmünde okuwçylaryň saz gurally-ritmik we melodik sazlary düzmegi;

e) tans sazlaryny metallofonda we ksilofonda ýerine ýetirip bilmegi;

ä) saz periodlaryny frazalara, sözlemlere bölüp bilmek ukybyny başarmagy;

f) alnan şekiller bilen tanyşlygy;

g) iki bölekli formalarynyň özleşdirilmegi.

Saz gurallary, saz gönükmeleri sapaga salnanda, sapak işjeň bolmasa, okuwçylaryň ünsi sowulýar diýen düşünje bar. Eger mugallym bu işi II ýa-da III synpda geçirse, onda 5-6-njy sapakda okuwçylaryň ünsi sowulýar. Munuň öňüni almak üçin saz gurallary alynman, olara çaga oýunjak saz gurallary alynsa, netijeli bolýar. Sapakda mugallym okuwçylaryň hersine bir saz gural düşer ýaly taýýarlap goýýar. Diňe 3-5-nji sapaklardan okuwçylaryň az toparyna saz gurallaryny paýlap bolar. Ol toparlaryň sazy ýerine ýetirmeklerine ähli synp okuwçylary seredýär, olary mugallym dilden bahalandyrýar. Diňe hemme toparlaryň doly ýetişiginden soňra, saz gurallaryny hemme okuwçylara berip bolar. Ol işi sapagyň ahyrynda ýerine ýetirmek maksadalaýykdyr. Saz gurallaryny toparlara paýlamaly. Birinji topara agaç saz guralyny; ikinji topara metal saz guralyny; üçünji topara gaty sesli saz gurallaryny paýlap bolar. Işiň ýokary derejeliligi mugallymyň okuwçylary saz gurallary bilen, ilkinji-de saz gönükmeleri bilen tanyş edişine baglydyr. Sentýabr aýynyň ortalaryna çenli çagalaryň eýýäm çärýek, belentli-pesli sesleri, ritmler barada düşünjesi bolýar. Okuwçylara gowy täsiri bolar ýaly mugallym sowgat bermegi, höweslendirmegi meýilleşdirýär, saz gurallarynda ýerine ýetirmegi guraýar. Okuwçylar saz gurallaryny seresaply ulanmalydyklaryny, erkin sazlamalydyklaryny, bolmasa olaryň ýakymsyz ses berýändiklerini ýatladyp durmaly. Saz gurallary eseriň häsiýetini has aýdyň beýan etmäge kömek edýärler. Gyjakda hüwdi aýdymy aýdylsa, mähirli sesi täsirli çykarýar.

Mugallym okuwçylary saz gurallarynyň hersiniň sesi bilen tanyş edýär. Ol işde mugallym „Ýaň“, „Hany, bil“ oýunlary oýnadyp biler.

Mugallym „Hany, bil“ oýunda okuwçylaryň her birine bir saz guralyny berýär. Onsoň mugallym okuwçylara görkezmän, ol saz gurallarynyň birinde oýnaýar. Şol saz guraly düşen okuwçy şol saz guraly bilip, onda ýerine ýetirýär. Mugallym birnäçe meňzetmeleri hem hödürläp biler: „Tokaýda daşdeşen nähili kakýar?“, „Aýy nähili gygyrýar?“, „Towşanyň sesi nähili çykýar?“. Mugallym bu sowallaryna dilden jogap alýar hem-de her guralda meňzetmelerdäki sesleri ýerine ýetirdýär. Sapagyň ahyrynda mugallym saz gurallarynyň mundan beýläk okuwçylaryň öňünde durýandygyny, olary mugallymyň rugsady boýunça ulanmalydygyny aýdýar. Indiki 2-3 sapagy saz gurallarynda oýnadyp başlamak zerurdyr. Sebäbi saz guralyny görende, okuwçy ony eline alyp görmese, oturyp bilmeýär. Ol islege garşy çykmak bolmaýar. Saz guralynda saz çalmagy salamlaşykdan başlap bolar.

Mugallym salam berdigi hökmünde saz guralynda saz çalýar. Bir okuwçy hem jogap hökmünde saz guralda çalýar, beýleki okuwçylar hem gaýtalaýarlar. Bu saz ritmiki dialogdyr. Okuwçylarda ritm duýgulary käbir oýunlaryň üsti bilen hem berkeýär. Bir okuwçy bir haýwanyň sesine ýa onuň hereketine meňzeş ritmi çalýar. Beýleki okuwçylar hem şol ritmi tapmagy başarmalydyr. Ilki aýdymlar, soň kyn bolmadyk çaga saz gurallaryny sapaga girizmegiň maksady okuwçynyň saz başarnyklaryny ýokarlandyrmak, olaryň saz endiklerini baýlaşdyrmak köp wagtda mugallymyň üns merkezinde bolmalydyr.

## II synpda aýdym-saz maksatnamasy esasynda sapagyň meýilnamasyny düzmek. II synpa degişli aýdymlary öwretmek we olary derňemek. Nury Muhadowyň „Gyzjagaz“ aýdymy

Aýdym-saz dersinden okuw maksatnamasy Bilim ministirligi tarapyndan taýýarlanylyp tassyklanylýar. Bilim ministirligi tarapyndan hödürlenen maksatnama esasynda okuw iş meýilnamasy mekdebiň müdiriniň okuw terbiýeçilik işi boýunça orunbasary tarapyndan seredilip tassyklanylýar. Okuw iş meýilnamasy esasynda, her geçiljek sapagyň meýilnamasy düzülýär. II synplar üçin aýdym-saz dersinden meýilnama düzülende, olaryň güýçýeterliligine, aýdym-saz baradaky

düşünjelerine, bilim, endik, başarnyklaryna üns berilýär. Meýilnama boýunça berlen temalar II synpa degişli bolup, olaryň kabul edip biljek derejesinde bolmalydyr. II synpda aýdym-saz terbiýesini bermegiň aýdym aýtmak, saz çalmak, diňletmek, oýunlary guramak, saz bilen sazlaşykly hereketleri öwretmek, aýdym-sazyň teoriýasynyň esaslary bilen tanyşdyrmak, aýdym-sazyň edebiýaty, taryhy bilen tanyşdyrmak ýaly dürli görnüşleri öwredilýär. Saz terbiýesini bermekligiň dürli görnüşleri okuwçylara öwredilende, olaryň ýaş aýratynlygyna görä kabul edip biljek zatlary öwredilmelidir. II synpda aýdym öwredilende, aýdymyň sözleri, heňi gaty ýeňiljek hem bolmaly däldir, ýöne gaty kyn hem bolmaly däldir. Eger-de I synpda aýdymlar açyk, şadyýan häsiýetde bolsa, eýýäm II synpda aýdymlar açyk, şadyýan häsiýetde hem-de aram häsiýetde bolup bil-ýär. Saz diňletmek işine III synpda 3-4 minut wagt berilýän bolsa, II synpda 2,5 minuta çenli saz diňläp, şol diňlän sazlaryna düşünip, sazy diňlemegi başarýarlar. II synpda aýdymyň käbir ýerlerini 2 sesde ýerine ýetirmegi başarýarlar. Saz bilen sazlaşykly hereketler – tanslar ýerine ýetirilende, ýöremek, ylgamak, durmak ýaly ýönekeý hereketleri etmek bilen çäklenmän, eýsem, tansyň dürli hereketlerini ýerine ýetirmäge çalyşýarlar. Şeýle hem II synpda okuwçylaryň döredijilikli gatnaşyklary hem ýüze çykyp başlaýar. Öwredilýän tanslara özleriçe hereketler girizip başlaýarlar, saz diňläp, sazy derňänlerinde, olaryň pikirlenişiniň aýratyndygyny duýmak bolýar.

II synpda aýdym öwredilende, çagalar eýýäm işjeň gatnaşyp başlaýarlar, olaryň bilim, endik, başarnyklarynyň aýratynlygy ýüze çykýar. Nury Muhadowyň „Gyzjagaz“ aýdymyny öwretsek, onda şu aşakdaky ýagdaýlar ýüze çykar.

Mugallym Nury Muhadowyň sazyna Azym Ahmedowyň sözlerine „Gyzjagaz“ aýdymynyň sözleri ýazylan ýazgyny tagtada asýar. Nury Muhadowyň çagalar üçin döreden aýdym-sazlaryndan okuwçylaryň bilýänlerini soraýar. Okuwçylaryň pikirini diňläninden soň, mugallym olaryň beren jogaplarynyň üstüni ýetirýär. Nury Muhadowyň çagalar üçin birnäçe oňat aýdym-sazlary döreden kompozitordygyny, onuň çagalar üçin aýdymlarynyň birnäçesiniň ki-

tap bolup çykandygyny, olaryň „Ur, baraban“ atly kitapda çap bolandygyny gysgaça düşündirýär.

Aýdymyň many-mazmuny barada mugallymyň özi jogap bermeýär-de, okuwçylaryň pikirini diňleýär. Okuwçylar Nury Muhadowyň „Gyzjagaz“ aýdymynyň mazmuny barada öz pikirlerini orta atýarlar. Soňra mugallym „Gyzjagaz“ aýdymyna degişli taýýarlanan reňkli suratlary çykarýar-da okuwçylara sorag bilen ýüzlenýär:

– Kim suratlaryň üsti bilen „Gyzjagaz“ aýdymynyň many-mazmunyny düşündirjek?

Mugallym birnäçe okuwçynyň çykyşyny diňleýär we okuwçylaryň aýdymyň many-mazmunyna düşünendiklerine göz ýetirýär. Soňra aýdymy başdan-aýak emosional ýagdaýda ýerine ýetirip görkezýär. Aýdymy ýerine ýetirip bolanyndan soňra, aýdymy öwredip başlaýar. Aýdym gaty bir kyn bolmanlygy sebäpli, aýdym bentleýin öwredilýär.

Gyzjagaz-a, gyzjagaz,
Oýnap böker gyzjagaz.
Degre-daşy ala ýaz,
Köçä çykar gyzjagaz.

Aýdymyň her bir bendi mugallymyň yzyndan gaýtalanyp ýerine ýetirilende, 3-4-nji setirde kynçylygyň dörändigi bildirýär, şonuň üçin aýdym iki setirden öwredilip başlanýar. Okuwçylar 1-2-nji setirleri ýalňyşman, oňat ýerine ýetirmegi başarýarlar. 3-4-nji setirleri ýerine ýetirenlerinde, okuwçylaryň köpüsi ýalňyşýarlar, deň aýtmaýarlar. Şonuň üçin mugallym olar bilen aýdymyň 3-4-nji setirlerini ýerine ýetireninde, güýçli urgudan däl-de, güýçsüz urgudan başlaýandygyny düşündirmeli, soňra özüň ýerine ýetirip görkezmeli. Eger-de şonda-da kynçylyk çekseler, urgulary el çarpmak ýa-da bir zada kakmak bilen öwretmek amatlydyr.

Deg-re da-şy a-la-ýaz...

Aýdymyň zatakt (güýçsüz urgudan) başlanyşyny öwrenenlerinden soň, aýdymyň 2-nji bendini hem edil 1-nji bendiniň öwredilişusuly ýaly ýerine ýetirtmek bolar.

Ile-güne mähriban,
Adam onuň Mähriban...

2-nji bendiň iki setirini bilelikde ýerine ýetirtmeli we dogry ýerine ýetirseler, onda dowamyny öwretmeklik dogrudyr. 2-nji bendiň 3-4-nji setirlerini aýratynlykda, ýokarda aýdylyşy ýaly, düşündirilip ýerine ýetirdilmeli.

## Gyzjagaz

*Sazy* N. Muhadowyňky
*Sözleri* A. Ahmedowyňky

Gyzjagaz-a, gyzjagaz,
Oýnap böker gyzjagaz.
Degre-daşy alaýaz,
Köçä çykar gyzjagaz.

Ile-güne mähriban,
Adam onuň Mähriban,
Elmydama şadyýan,
Gülüp bakar gyzjagaz.

Bu aýdym II synplar üçin aňsat görnüşde bolsa-da, özüne ýeterlik kynçylyklary hem bar. Aýdymda gelýän zatakty ýerine ýetirmek üçin aýdym-saz dersinden geçen temamyzy ýada salalyň. Zatakt bolanda aýdymyň güýçli urgyny goýberip, güýçsüz urgudan başlanmagydyr. „Gyzjagaz“ aýdymynyň hem her bendiniň 3-nji setirinde zatakt gabat gelýär, şonuň üçin 3-nji setiri güýçsüz urgudan ýerine ýetirtmeli. Bu bolsa aýdyma has-da owadanlyk berýär.

Aýdymy heňi bilen doly öwredip bolanyňdan soň, sesleriniň sazlaşykly çykmaklaryny gazanmaly. Sesleriň sazlaşykly çykmagy üçin ilki bilen aýdymy ýerine ýetirmegiň düzgünlerini: dogry oturmagy, dogry durmagy, dogry dem almagy, sesi dogry çykarmagy we ş.m. berjaý etmeli. Aýdymyň ansamblynyň üstünde işlenenden soň,

aýdymy hemme okuwçylar bolup başdan-aýak ýerine ýetirtmeli. Soňra aýdymy derňetmeli.

Bu derňewde şu sowallar gymmatlydyr:

a) aýdymyň häsiýeti nähili? (mylaýym, şadyýan);

b) aýdym nähili tempde ýerine ýetirilýär? (ortadan çaltrak);

ç) aýdymda nähili dinamiki öwüşginler ulanylýar? (mp, mf );

d) aýdymy näme üçin çagalar oňat kabul edýärler? (sebäbi ol çagalaryň durmuşy bilen bagly).

Aýdymlara şular ýaly kiçeňräk derňewleri hemişe bermelidir.

## III synpda saz sapagyny okatmak. „Öz halkymyň aýdym-sazlary“, „Halk aýdym-sazlary“ diýen temalary öwretmegiň usullary

Aýdym-saz sapagy – bu mekdepde aýdym-saz terbiýesini bermekligiň esasy wezipesi, ulgamlarynyň biri bolup durýar. Öz sapagynyň döwrebap, gyzykly, usuly taýdan dogry guralmagyny gazanmak üçin her bir mugallym öz bilimini, baý tejribesini ýerlikli peýdalanmagy başarmalydyr.

III synpda saz sapagyny okatmak üçin ilki bilen meýilnama düzmek we şol meýilnamada sapak üçin alnan temalar, aýdymlar, amaly işler şol sapagyň ýaş aýratynlygyna, güýçýeterligine laýyk edilip saýlanylmalydyr.

III synpda aýdym aýtdyrylanda, çaganyň sesýetimine seretmek dogry bolar. Ýagny do$^{I}$ oktawadan do$^{II}$, re$^{II}$, mi$^{II}$ oktawalaryň notalaryny öz içine alýan aýdym eserleri öwredilmelidir. Wokal, hor endiklerini ýerine ýetirip bilmegi başarmalydyrlar.

III synp okuwçylarynyň saz ýatkeşligi, başarnyklary hem I-II synplara garanyňda has ösen derejede bolýar. Ýagny olar geljekde ýokary synplar hökmünde saz sapagyny az-kem çylşyrymly usullarda (III synpda) öwretjek aýdym eserleriniň temasyny, sanawyny hem ünsden düşürmeli däldirler.

Şol bir wagtda hem saz sapagynda hemme görnüşler: aýdym aýtmak, saz diňlemek, saz bilen sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirmek, saz gurallarynda saz çalmak meýilnamalaşdyrylmalydyr. Ondan başga-da nota sowadyny öwretmekligi hem goşmalydyr.

Her bir halkyň öz sazy bolup, ol özüne has ýakyn bolýar, sebäbi ol sazlar çagalykdan biziň gulagymyzy gandyryp, ganymyza ornandyr. Ol eserlerde biziň geçmişimizi, häzirki ajaýyp döwrümizi görmek bolýar. Biz ,,Öz halkymyň aýdym-sazlary“ diýen temany okuwçylara öwretmek arkaly, olarda öz milli saz sungatymyza bolan buýsanjy kämilleşdirýäris. Şeýle-de öz sungatymyzy, beýleki doganlyk halklaryň saz sungaty bilen deňeşdirip, tapawutlandyryp bilýäris. Öz halkymyzyň aýdym-sazlarynyň özümize has ýakyn bolmagynda öz halk saz gurallarymyzyň orny örän uludyr. Biz öz halk aýdym-sazlarymyzy halk saz gurallarynyň sesiniň üsti bilen, halk döredijiliginiň üsti bilen bilip bilýäris. Halk döredijiligi esasynda dörän aýdym we sazlara halk aýdym-sazlary diýilýär.

Mugallym III synpda bu temany geçmek bilen birlikde, türkmen milli saz gurallary barada hem, halk aýdym-sazlary, bagşylar barada hem, giňişleýin düşünje bermelidir. Öz halkymyzyň aýdym-sazlaryny bilmek üçin aýdymlar barada hem okuwçylara gürrüň bermelidir.

Eýsem, aýdym näme?! Şahyrana mazmunly sözleriň owaz bilen birleşmesine, birikmesine aýdym diýilýär. Aýdym – bu adamzadyň daşky we içki duýgusyny söz bilen heňe geçirip aýtmakdyr. Aýdymlar iki görnüşde bolýar:

a) halk aýdymlary;

b) häzirki zaman aýdym-sazlary.

Uzak ýyllaryň dowamynda aýdylyp gelinýän aýdymlaryň sazyny kimiň düzendigi belli bolmaýar. Şonuň üçin hem olara halk aýdym-sazlary diýilýär. Bagşylar halk aýdymlaryny biziň döwrümize şägirtler arkaly ýetiripdirler. Halk aýdym-sazlary barada okuwçylara öwredilende, şeýle aýratynlyklar barada hökman durup geçmelidir.

Gadymdan gelýän aýdym-saz eseriniň haýsysyny alanyňda-da, diňläniňde-de olardaky täsirlilik, ýokary ussatlyk bilen haşamlandyrylan görnüşli duýgular tolgundyryjy mazmuny ýüze çykarýarlar. Mugallym bu temada türkmen halk aýdym-sazlarynyň many-mazmuny boýunça birnäçe görnüşlere bölünýändigini düşündirmeli. Ýagny zähmet aýdymlaryna ,,Nazarjanyň piljagazy”, taryhy gahrymançylyk aýdymlaryna ,,Maru-şahu-jahan”, ,,Görogly” eposyndan ,,Daglar gümmür-gümmürlendi”, terbiýeçilik many-mazmunly aýdym-

lara „Bellidir”, „Bigäne ýagşy” ýaly birnäçe aýdymlary mysal getirip düşündirmek bolar. „Gökdepe mukamy”, „Hajygolak”, „Şadilli” ýaly sazlarda-da watansöýüjilik, urşa ýigrenç ýaly duýgular beýan edilýär. Şeýle aýratynlyklaryň hemmesi birleşip, köneden gelýän türkmen saz nusgalarynyň many-mazmun baýlygyny düzýärler.

Bu tema geçilende, gadym zamanlarda hiç kimiň aýdymy kagyzyň ýüzünde görmändigini, aýdymlaryň dilden-dile, nesilden-nesle geçip gelendigini okuwçylara aýtmak zerurdyr. Şeýle hem mugallym öňki döwürlerdäki dörän halk aýdymlaryny, rowaýatlaryny, dessanlaryny biziň döwrümize halk bagşylarynyň we dessançylaryň ýetirendiklerini düşündirmelidir.

III synpda geçilýän bu tema bilen baglanyşykda okuwçylara bagşy-sazandalar barada hem aýdylmalydyr. Ýagny türkmen aýdym-sazlaryny halk arasyna ýaýratmakda Şükür bagşynyň, Amangeldi Gönübekowyň, Sary bagşynyň, Nobat bagşynyň, Mylly Täçmyradowyň, Pürli Saryýewiň, Sahy Jepbarowyň, Amannazar Ataýewiň we ýene-de köp bagşylaryň ömür ýollary, döredijiligi barada düşünje berilmelidir.

III synpda ýokarda agzalan tema geçilende halk aýdym-sazlaryny ýazgyda okuwçylara diňletmek mugallymyň borjudyr. Şeýle edilende sapak talaby ödeýän, döwrebap sapak hökmünde geçildigi bolar.

Diýmek, „Halk aýdym-sazlary” diýlen düşünje berlende gadymdan gelýän, ata-babalarymyz tarapyndan döredilen, ýatdan aýdylyp, dilden-dile, agyzdan-agza geçip, biziň şu günlerimize ýeten aýdymlara aýdylýar. Olaryň awtorlary belli bolmaýar.

„Öz halkymyň aýdym-sazlary” diýlen düşünje öwredilende onuň kim tarapyndan döredilendiginiň belliligi, olaryň kompozitorlarymyz, häzirki zaman bagşy-sazandalarymyz tarapyndan döredilendigi, ajaýyp aýdym-sazlardygy nygtalýar. Öz halkymyzyň aýdym-sazlary hem öz köküni türkmen halk aýdym-sazlaryndan alyp gaýdýar. Nury Halmämmedowyň täzeden işlän „Nar agajy” sazy aslynda halk aýdymy bolsa-da, kompozitor oňa döwrebap öwüşgin berip täzeden işleýär. Ol saz indi öz halkymyzyň döreden aýdym-sazlaryna degişlidir. Ol täze öwüşgin bilen kabul edilýär.

## Kompozitor, ýerine ýetiriji, diňleýji. Aýdym öwretmek boýunça okuw maksatnamasynyň talaplary

Mekdepde geçirilýän hemme dersler bilen bir hatarda aýdym-saz dersi hem öwredilýär. Onda diňe bir aýdym öwredilmän, eýsem, saz görnüşleriniň hemmesi çagalara öwredilýär. Mekdep okuwçylary, esasanam, aýdym aýtmaklygy oňat görýärler. Aýdym aýtmagy öwretmek işleri ýörite maksatnama boýunça meýilnamalaşdyrylmalydyr. Maksatnamada berilýän talaplar ýerine ýetirdilmelidir. Mugallym aýdym öwretmek üçin birnäçe düzgünleri, usullary okuwçylara düşündirmelidir. Aýdymyň öwrediliş etaplary aýry-aýry görnüşlidir. Aýdym öwretmek hemme synplarda bir usulda alnyp barylmaýar. Öwredilýän aýdym eseri talaplara laýyk gelýän bolmalydyr.

Bu her synpyň (I-III synp) okuwçylarynyň ýaş aýratynlyklaryny nazarda tutmak, olaryň sesýetimini (diapazonyny) göz öňünde tutmagy aňladýar. I synp okuwçylarynyň ses ýollary, bokurdak ýollary entek doly ugrukmadyk ýagdaýda bolýar. Şonuň üçin-de bu ýaşly çagalar örän kiçi sesýetimdäki aýdymlary, gönükmejikleri aýdyp bilýärler. Ýagny olaryň sesýetimi mi$^{I}$ oktawadan, si$^{I}$ oktawa aralykdaky notalary öz içine alýar.

II synp okuwçylarynyň sesýetimi bolsa re$^{I}$ oktawadan, re$^{II}$ oktawa çenli aralykdaky notalary öz içine alýar. Bu çagalaryň ses hem bokurdak ýollary entek örän ýuka, näzik bolýar. Şonuň üçin hem saýlanyp alnýan eserler olara agram salmaz ýaly örän ýeňil, aňsat, gysga bolmalydyr.

III synpda bolsa, olaryň sesýetimi do$^{I}$ oktawadan, do$^{II}$(re$^{II}$, mi$^{II}$) oktawa çenli ses aralygyny öz içine alýar. Ýöne käbir çagalarda sesýetimiň ýitiräk gelmegi hem mümkin. On iki-on üç ýaşly çagalaryň sesýetimi do$^{I}$ oktawadan, fa$^{II}$ oktawa çenli aralykdaky notalary öz içine alýar. Olara aýdym öwredilende agzyňy dogry açmalydygyny arassa diksiýada, dogry dem almak arkaly ýerine ýetirmelidigini öwretmelidiris. Bu bolsa okuw maksatnamasynyň talaplaryna degişlidir.

Öwredilýän aýdymlar özüniň many-mazmuny bilen, çeper ýerine ýetirilişi bilen biri-birinden tapawutlanmalydyr. Ýagny meýilnama esasynda tema düzülende, öwreniljek aýdym senä, pasla, baýramçylyga degişli edilip alynmalydyr. Ýaz paslynda öwrenilýän aýdymlaryň

sanawynda bahar paslyny, gülleri, nowruz baýramçylygyny wasp edýän aýdymlar bolmalydyr.

Aýdym öwretmekde mugallym şu aşakdaky düzgünlere eýermelidir:

a) aýdymyň many-mazmunyny açyp görkezmeli, çekilen suratlar arkaly gürrüň bermeli;

b) aýdymyň kompozitory bilen tanyşdyrmaly;

ç) aýdymy çeper keşpde özi ýerine ýetirip görkezmeli.

Soňky etaplarda aýdymy öwretmek usulyna geçmeli. Kompozitor, ýerine ýetiriji, diňleýji diýen tema okuwçylara öwredilende, mugallym başlangyç synplarda bu sözleriň her haýsysy barada okuwçylara düşünje bermelidir. Olaryň ýerine ýetirýän wezipelerini düşündirmelidir. Kompozitoryň, ýerine ýetirijiniň, diňleýjiniň işlerini hut okuwçylaryň özleriniň hem şol wezipeleri ýerine ýetirip bilýändiklerini öwretmelidir. Kompozitoryň biziň aýdýan aýdymlarymyzy döreden, ýazan adamdygyny, ýagny awtordygyny öwretmelidir.

Şahyrana setirlere heň döredip, onuň aýdym bolup çykmagyny gazanýan adamyň kompozitordygy barada okuwçylara gürrüň berilmelidir. Soňra haýsy kompozitorlary bilýändiklerini, haýsy aýdymlaryň haýsy kompozitorlara degişlidigini, çagalar üçin kimleriň has köp aýdym ýazandygyny soramak bolar. Mugallym soňra „ýerine ýetiriji" diýen söze düşünje bermelidir. Ýerine ýetirijiniň ýaňky kompozitoryň döreden eserini ýerine ýetirýän adamdygyny aýtmalydyr. Onuň çagalaryň özleridigini, aýdymy aýdýan ýa-da kompozitoryň ýazan sazyny çalýan adamyň ýerine ýetirijidigi öwredilmelidir.

Kompozitor ilki ýerine ýetiriji bolup durýar. Sebäbi ol öz eserini özi aýdyp görýär. Soňra halk köpçüligine ýetirýär. Diňleýji – bu kompozitoryň ussatlyk bilen, zehin bilen döreden eserini ýerine ýetirýän adamyny diňleýän agzadyr. Ol şol sazy diňläp, kabul edip alyp, ony derňäp bilmeklige ukyby bar adam bolup durýar.

Ýokardaky agzalan üç düşünje, ýagny kompozitor, ýerine ýetiriji, diňleýji diýen temada ýaňky zatlardan başga-da şol üç agzanyň üçüsini hem bir adamyň ýerine ýetirip bilýändigini, olaryň bir-birleri bilen baglanyşykly bolup bilýändigini düşündirmeli. Sapakda bolsa bu işleri okuwçylaryň ýerine ýetirmeginde geçirmegi guramaklyk usuly özboluşlyga eýedir.

Okuwçy aýdym aýdýar. Diýmek, okuwçy – bu ýerine ýetirijidir. Okuwçy diňleýär. Diýmek, ol diňleýjidir. 1-nji hatarda oturan çagalar W.Ahmedowyň „Hüwdi” aýdymyny ýerine ýetirýärler. (Ýerine ýetiriji). 2-nji hatardakylar bolsa diňe diňleýärler. Ýa-da olaryň hemmesi hem aýdyp, hem diňläp bilerler. Ýene bir mysal: çaga saz gurallarynda kiçiräk gönükmeleri okuwçylaryň ýarysy çalýarlar, galan ýarysy bolsa diňleýärler.

Bu temany mugallym giňişleýin, gyzykly edip geçmek üçin öňünden taýýarlyk işlerini geçirmelidir. Görkezme esbaplary, saz gurallary, aýdymlara degişli çekilen suratlary synp burçunda goýmalydyr. Olar sapakda işjeň peýdalanylmalydyr. Şeýle edilende, şol mugallymyň özünden edilýän talaplary ýerine ýetirdigi bolar.

## II synpda opera, balet, simfoniýa barada düşünje bermegiň usullary

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň milli sungata goýýan sarpasy örän uludyr. Sungatyň uly görnüşleri bolan opera, balet, simfoniýany täzeden dikeltmegi hem munuň aýdyň şaýadydyr. Biz ösüp gelýän ýaş neslimize türkmen milli sungatymyzy öwretmek bilen çäklenmän, eýsem daşary ýurtlaryň sungatlary bilen hem tanyşdyrmalydyrys. Eger şeýle etsek, onda biz öz neslimizi dünýä derejesindäki ylymly-bilimli çagalar edip ýetişdirip bileris.

II synpda opera, balet, simfoniýa barada düşünje berlende, bularyň sungatyň uly görnüşleridigini aýdyp, olaryň hersi bilen ýakyndan tanyşdyrmaly.

Opera – aýdym aýtmak diýmekdir. Opera eseri uly görnüşli eser bolup, dünýä ýüzünde köp ýaýran sungatyň görnüşidir. Operada esasy aýdyljak bolunýan zatlar aýdymyň üsti bilen berilýär. Operada gepleşik bolmaýar, iki gahrymanyň arasynda sähelçe söz hem bolsa, ol aýdymyň üsti bilen ýerine ýetirilýär.

Opera diňe aýdym-saz degişli bolman, eýsem, sungatyň beýleki görnüşleri hem gatnaşýar, heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk, amaly haşaň sungaty, sahna bezegi, bezelen egin-eşikler, zergärçilik we beýlekiler. Bularyň barysy birigip, sungatyň bir uly opera görnüşini döredýär. Sungatyň opera görnüşi bize XX asyryň ahyrlarynda gelip başlaýar.

Daňatar Öwezow, Weli Muhadow, Nury Muhadow ýaly kompozitorlar ilkinji türkmen operalaryny döreden kompozitorlardyr. Olardan soň Çary Nurymow, Durdy Nuryýew, Aman Agajykow dagy türkmen milli operalaryny döretdiler. Biziň „Zöhre-Tahyr“, „Leýli-Mežnun“, „Şasenem we Garyp“, „Aýna“, „Abadan“ ýaly operalarymyz meşhurdyr. Bu operalarymyz häzirki beýik Galkynyşlar zamanamyzda täze öwüşginler bilen sahnalaşdyrylýar.

„Balet“ tans etmekligi aňladyp, hereketli saz eseridir. Sungatyň bu görnüşi hem opera bilen deňräk ýüze çykyp başlaýar. Baletde ähli aýdyljak bolunýan düşünjeler, many-mazmun hereketiň üsti bilen görkezilýär. Baletde çykyş edýän adamlar örän ýaşlygyndan türgenleşip taýýarlanýarlar. Baletde-de diňe saz bilen hereket bolman, eýsem sungatyň beýleki birnäçe görnüşleri hem sahna bezegi, bezelen egin-eşikler, heýkeltaraşlyk, nakgaşlyk, amaly-haşaň sungaty, zergärçilik we beýlekiler gatnaşýar. Sungatyň balet görnüşi opera garanyňda azrak ulanylýar. Türkmen kompozitorlarymyz öz döredijiliginde birnäçe balet eserlerini döretdiler. Olara Weli Muhadowyň „Akpamyk“, Nury Muhadowyň „Täsin tebip“, Çary Nurymowyň „Epgegiň tepbedi“, Durdy Nuryýewiň „Mylakatly jadygöý“ baletlerini mysal getirmek bolar. Başlangyç synp okuwçylary balet bilen tanyşdyrylanda, olara baletiň içindäki ýönekeý hereketli tanslary ýerine ýetirtmek bolar. Şeýlelikde, okuwçylara özleriniň balete gatnaşandyklaryny aýtmak bilen olaryň balet barada düşünjelerini ösdürmek bolar.

„Simfoniýa“ sazlaşyk diýmegi aňladyp, uly göwrümli saz eseri bolup, birnäçe saz gurallarynyň birleşip ýerine ýetirilmegidir. Simfoniýa sungatyň beýleki görnüşleri gatnaşmaýar. Simfoniýa uly göwrümli saz eseri bolanlygy üçin ol birnäçe böleklerden durýar. Simfoniýany simfoniki orkestr ýerine ýetirýär. Orkestrde topar bolup, birnäçe adamlar dürli saz gurallarynda bileleşip, bir sazy ýerine ýetirýärler. Simfoniýada eseriň mazmuny sazyň üsti bilen berilýär. Biziň halkymyz türkmen simfoniki eseri köpden bäri diňläp gelýärler. Aşyr Kulyýewiň, Nury Halmämmedowyň eserleri şu güne çenli öz täsirini ýetirip gelýär.

Beýik Galkynyşlar eýýamynda Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň başda durmagynda döredilen orkestrler bu gün bize türkmen, daşary ýurt simfoniki eserlerini ýerine ýetirip berýärler.

## Başlangyç synplarda konsert sapagyny guramagyň usullary

Başlangyç synp okuwçylary aýdymy ýerine ýetirmegi oňat görýärler, olar aýdym sapagyna höwes bilen gelýärler. Şonuň üçin olaryň öwrenen aýdymlaryny okuw ýylynyň her ýarym ýylynyň ahyrynda ýa-da bütin okuw ýylynyň ahyrynda jemleýji konsert sapagy hökmünde gurasak, örän netijeli bolýar. Konsert sapagyny guramaklyk çagalaryň aýdym-saz dersine bolan höwesini has-da artdyrýar. Konsert sapagynda okuwçylar özleriniň okuw ýylynyň dowamynda öwrenen aýdymlaryny ýerine ýetirýärler. Mugallym konsert sapagyny guramak üçin öňki öwrenen aýdymlaryny konsert sapagyny geçirmezden bir hepde öňünden okuwçylar bilen oňat gaýtalap görmelidir, ýalňyşýan ýerleri bolsa düzetmelidir. Aýdymlar ýerine ýetirilende, olaryň biri-birinden tapawutlanmalydyklaryny düşündirmelidir. Konsert sapagynda okuwçylara aýdymy ýekelikde, 3-4 bolup, köplük bolup ýerine ýetirtmek bolar. Konsert sapagyny guramaklyk okuwçylarda jogapkärçiligi artdyrýar, olaryň indiki okuw ýylynda aýdym sapagyna işjeň gatnaşmagyna alyp barýar. Konsert sapagyny guranyňda, olaryň aýdýan aýdymlarynyň heňini gapdalyndan saz guralynda ýerine ýetirmek zerurdyr. Eger-de saz guralynda ýerine ýetirip bilmeseň, olaryň aýdýan aýdymlarynyň heňini ýazgy edip gapdalyndan goýbermeli. Şeýle edilmese, okuwçy aýdymy sazsyz ýerine ýetirse, özüni oňaýsyz alyp barýar. Eger-de sazly ýerine ýetirseler, saz olara gapdalyndan goldaw berýär. Başlangyç synplarda aýdym sapagynyň iň soňky sagadynyň konsert sapagy hökmünde guralmagynyň ähmiýeti örän uludyr.

## III synpda geçirilýän bir sapagyň meýilnamasynyň ýazylyşy

Sapagyň temasy: Türkmen milli saz gurallary. Atda Çaryýewiň sazyna, Täçmämmet Jürdekowyň sözlerine „Parla, Watan baýdagym“ aýdymyny öwretmek.

Sapagyň maksady: Türkmeniň milli saz gurallary bilen ýakyndan tanyşdyrmak, olaryň döreýşi, ýasalyşy, ýerine ýetirilişi barada gürrüň bermek, bir saz guralynda çalyp bilmeklerini gazanmak, aýdymyň

heňini sözleri bilen dogry ýerine ýetirmeklerini gazanmak, aýdymyň üsti bilen Watan, baýdak baradaky düşünjelerini giňeltmek; olara söýgi döretmek.

Gerekli esbaplar: Milli saz gurallary. Saz gurallarynyň suratlary. Saz gurallarynyň ses ýazgylary. Aýdymyň sözleri ýazylan ýazgy, aýdymyň many-mazmunyny gürrüň berýän reňkli suratlar.

**Sapagyň gidişi:**

**1. Guramaçylyk döwri:**

Saz bilen okuwçylary otaga salýaryn, salamlaşýaryn. Türkmenistanyň Döwlet senasyny ýerine ýetirdýärin, otagyň içindäki tertip-düzgüne seredýärin, gatnaşygy barlaýaryn.

**2. Öý işi soramak:**

Öý işiň temasy: Ses üýtgediji belgiler. A.Çaryýewiň „Ene hüwdüsi“ aýdymyny öwretmek.

Okuwçylar ses üýtgediji belgiler barada aýdýarlar, soňra okuwçylara tagtada ses üýtgediji belgileri ýazdyrýaryn.

a) #, ×

b) ♭, ♭♭

ç) ♮

Soňra saz guralynda (fortepianoda) ses üýtgediji belgileri görkezýärin.

Okuwçy ak we gara taýajyklarda *diýezdir-bemoly* görkezýärler. Soňra geçilen temalar esasynda test alynýar.

„Ene hüwdüsi“ aýdymynyň kompozitory, many-mazmuny hakynda sorag-jogap alyşýaryn. Aýdyma degişli ýasap gelen görkezme esbaplaryny barlaýaryn. Bu döwrüň ahyrynda okuwçylaryň öý işlerine baha goýýaryn we olara seljerme berýärin.

**3. Öý işini berkitmek işini netijeli guramak.**

a) ses üýtgediji belgiler diýip nämä aýdylýar?

b) beýgeldiji belgiler haýsylar?

ç) „Ene hüwdüsi“ aýdymyny kim ýerine ýetirip berýär?

Bu soraglary umumylaşdyryp jemleýärin.

**4. Täze temany düşündirmek:**

Türkmen milli saz gurallary barada düşünje. Atda Çaryýewiň „Parla, Watan baýdagym“ aýdymyny öwretmek.

Synp tagtasynda aýy, güni, täze temany ýazýaryn. Gözbaşyny Oguz han atamyzdan alyp gaýdýan türkmen öz geçmiş taryhynda 72 saz guralynyň dürli görnüşlerini döredipdir. Türkmeniň bu saz senetleri: kirişli saz gurallary, üflenip çalynýan saz gurallary, kakylyp çalynýan saz gurallary ýaly görnüşlere bölünýärler. Dutar – türkmeniň kirişli saz guraly. Gyjak – keman bilen çalynýan saz guraly. Gargy tüýdük – gargy gamyşdan ýasalan saz guraly. Gopuz – demirden ýasalan saz guraly.

Dutar – türkmen döräp, onuň ýarany bolup gelen gadymy saz gurallarynyň biridir. Dutaryň irki nusgalarynyň şekilleri biziň eýýamymyzdan hem has öňki asyrlara degişli gadymy Nusaýdan, Merwden tapylan tapyndylaryň ýüzünde saklanyp galypdyr. Bu gural gopuz, tamdyra, dutar ýaly atlar bilen atlandyrylypdyr. Dutaryň kädisi tut, sapy bolsa erik agajyndandyr. Onuň 13 sany perdesi bardyr, irki nusgalarynyň kirişleri ýüpekden bolupdyr. Soňra inçe sim kirişleri ulanylyp başlaýar. Türkmen halky dutary jany-teni bilen söýüp gelýär. Dutar heňleri bolsa halkyň kalbyna mähir goşýan beýik sungatdyr. Häzir türkmen dutarynyň ululy-kiçili görnüşleriniň inçe-ýogyn sesleri peýda bolup, halk saz gurallarynyň toparynda giňden ulanylýar.

Gyjak – kemanly syhalap çalynýan saz gurallarynyň biridir. Gyjagyň 2,3,4 kirişli görnüşleri bardyr. Gyjak ýekelikde we sazandarlyk etmekde giňden ulanylýar. Gyjagyň perde ýerlerini gözläp tapmalydyr. Ol onuň dutardan tapawutly aýratynlygydyr.

Gargy tüýdük – üflenip çalynýan halk saz guralydyr. Ol türkmeniň iň gadymy saz gurallarynyň biridir. Gargy tüýdügiň asly naý tüýdük bolup, ol gargy gamyşdan ýasalýar. Onda ýedi bogun bolup, onuň üstünde 5, arkasynda 1 perde deşikleri bardyr.

Dilli tüýdük – üflenip çalynýan saz guralydyr. Ol dünýä halklarynyň köpüsinde diýen ýaly dürli atlar bilen çopan tüýdügi hökmünde giňden bellidir. Dilli tüýdük gamyşdan ýasalýar. Halk arasynda dilli tüýdügiň 3-4 perde deşikli görnüşlerinden başga goşalandyrylan görnüşi hem bardyr. Ol diňe çopanlaryň söýgüli guraly bolman, eýsem türkmen toýlarynyň hem bezegi bolupdyr.

Gopuz demirden ýa-da polatdan ýasalýar. Gelin-gyzlar gopuzda 5-6 sesiň möçberinde dürli kakuw çalyşmalaryny ulanyp, onlarça halk heňlerini döredipdirler. Gopuz dünýäniň beýleki halklarynyň hem gelin-gyzlarynyň arasynda giňden ýaýran saz gurallarynyň biridir.

Ýokarda agzalan saz gurallary biziň öňden bäri ýakyndan tanaýan saz gurallarymyzdyr. Biz ýene-de şu gün siziň bilen Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň ýüze çykan saz gurallary bilen tanşarys. Bu saz gurallar häzirki döwürde sazandalar toparynda has köp ulanylýar.

**Kanun** saz guraly köp kirişli bolup, barmagyň ujuna ýörite çalynýan oýmaga meňzeş ujy çüňkli zat geýdirilip ýerine ýetirilýär. Häzirki döwürde kanun ýaş ýerine ýetiriji sazandalaryň söýgüli saz guraly hasaplanylýar.

**Ud** saz guraly hem kirişli saz gurallaryna degişli bolup, ol ýörite kiriş kakar bilen ýerine ýetirilýär. Ud saz guraly köp tarly saz guraly bolup, onuň perdesi ýokdur, perde ýerlerini eliň bilen tapyp çalmaly.

**Tebil** saz guraly kakylyp çalynýan saz gurallaryna degişli bolup, ony häzirki döwürde islendik saz toparynda görmek bolýar. Tebil saz guraly sazyň ritmini, tempini görkezýär.

– Temany düşündirenimden soň, şol saz gurallarda çalynýan sazlary ýazgyda diňledýärin we käbir saz gurallarynda özüm çalyp berýärin. Saz gurallarynyň özüni, suratlaryny görkezýärin. Soňra aýdym öwretmeklige girişilýär. Aýdymyň sözleri ýazylan ýazgyny tagtada asýaryn we aýdymyň kompozitory, aýdymyň many-mazmuny barada gürrüň berýärin. Söhbetdeşlikde öňki öwrenilenleri gaýtalaýaryn.

Biz I synpda A.Çaryýewiň „Täze ýyl aýdymy“ eserini öwrenipdik. Bu gün bolsa biz siziň bilen kompozitoryň çagalar üçin döreden „Parla, Watan baýdagym“ aýdymyny öwreneris. Okuwçylar, bu aýdym biziň parlak baýdagymyz barada düzülipdir. Biziň baýdagymyz dünýäde iň owadan baýdaklaryň biridir, ol dünýäniň dürli künjeginde pasyrdap dur. Beýik Galkynyş eýýamynda gurlan dünýäde iň uly baýdak häzir biziň paýtagtymyz gözel Aşgabatda pasyrdap dur. Her şanly senelerde, baýramçylyklarda baýdagymyzy al asmana göterýäris. Şonuň üçin bu aýdymy biz örän owadan, owazly, buýsançly ýerine ýetirmelidiris.

Ilki aýdymy mugallym başdan-aýak emosional ýerine ýetirip görkezýär. Soňra aýdymy öwretmäge girişýär. Aýdymy iki setirden gaýtaladyp ýerine ýetirdýär, iki setiri oňat heňi bilen sözlerini ýalňyşman ýerine ýetirseler, onda 3-4 setirlerini öwredýär, soňra bü-

tin bendi ýerine ýetirdýär. Aýdymy doly öwredip bolanyndan soň, ansamblyň üstünde işleýär. Ansamblyň üstünde işlenende olaryň sesleriniň sazlaşykly çykmagyny gazanmak, sözleriniň hemmesini deň ýerine ýetirmek, deň başlap, deň gutarmak hökmanydyr.

**5. Täze temany berkitmek:**

Soraglar:

1. Türkmeniň 72 saz guraly nähili ýüze çykýar?
2. Kirişli saz gurallar barada näme bilýärsiňiz?
3. Kakylyp çalynýan saz gurallaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?
4. Gargy tüýdügiň gurluşy nähili?
5. Haýsy saz gurallarynda saz çalyp bilýärsiňiz?
6. Topar bolup aýdymy ýerine ýetirmek?!

**6. Sapagy jemlemek we okuwçylary bahalandyrmak:**

Sapaga işjeň gatnaşan okuwçylaryň ählisini höweslendirýärin, ýokary bahalar bilen bahalandyrýaryn. Beýleki okuwçylaryň hem her biriniň sapaga gatnaşygyny häsiýetlendirip, olara adalatly hem-de özbaşdaklykda baha goýýaryn.

**7. Öý işlerini tabşyrýaryn:**

a) saz gurallaryny öwrenip we olaryň suratlaryny
çekip gelmeklerini;
b) aýdymy özbaşdak öwrenip, aýdymyň mazmunyna degişli
görkezme esbap taýýarlap gelmelidiklerini tabşyrýaryn.
ç) okuwçylar bilen hoşlaşýaryn.

## Aýdymlar

Halk aýdymlary şahyrana toparyň gadymdan ýerine ýetirilip gelinýän görnüşleriniň biridir. Aýdymlar halklaryň milli özboluşlylygyny orta çykarýan iň aýdyň alamatdyr.

Rus sazandasy W.A. Uspenskiý 1925-nji ýylda biziň ülkämize gelip, ençeme obalary aýlanypdyr. Ol meşhur bagşy-sazandalar bilen duşuşyp, olardan ençeme halk aýdymlaryny we sazlaryny ýazyp alýar. Şol materiallaryň esasynda A.Belýaýew bilen birlikde „Türkmenskaýa muzyka” kitabyny döredýär. Bu kitap edebiýatçylyk nukdaýnazardan-da, taryhçylar üçin-de juda gymmatly ylmy miras hasaplanýar.

XX asyrda Türkmenistanda neşir işiniň ýola düşüp başlamagy we öz edebiýatçylarymyzyň ýetişmegi netijesinde ýigriminji ýyllarda „Saýatly-Hemra", „Zöhre-Tahyr" dessanlary çapdan çykarylýar. Biraz soňrak 1941-nji ýylda „Görogly" şadessany kitap edilip neşir edildi. Türkmen halk aýdymlarynyň esasy çeşmeleri hem ýokarky eserlerdir. Halk arasyndan ýazylyp alnan aýdymlar ýygyndy edilip, otuzynjy ýyllaryň ikinji ýarymyndan başlap dowamly neşir edildi. „Köpçülik aýdymlary türkmen aýdymlary" (1935), „Watan we gahrymançylyk hakdaky aýdymlar" (1941), „Aýal-gyzlaryň aýdymlary we läleleri" (1944), „Türkmen halk aýdymlary"(1960).

Türkmen halk aýdymlary we bagşylaryň ýerine ýetirijiligi barada makalalar, dissertasiýalar, ylmy işler ýazyldy. Ylmy-derňew işleri, gözleg-barlaglar şu günler hem dowam edýär.

Türkmenlerde „aýdym" diýlen adalga „aýtmak, aýan etmek" ýaly sözleriň esasyndan ýasalan bolmagy mümkin. Bu adalgalaryň haçan döräp halk içinde giňden ýaýrandygyny anyk aýtmak kyn. Emma biziň dessanlarymyzyň, şadessanlarymyzyň dörän zamanlarynda „Heň,saz,söz" ýaly adalgalaryň meşhur bolandygyny aýtmak bolar.

Irki dörän halk eserlerinde „aýdym" sözüniň gabat gelmezligi şeýle pikiri salgy berýär. Hatda bagşylary, şahyrlary Buhara emiriniň ýerliksiz gazabyndan halas edende-de, Gaýyby „aýdym" diýlen düşünjäni „saz" sözüniň içinde ulanyp, şeýle ýazypdyr.

Saz bilen söhbete ýaman diýmäňler,
Adam, Howa dünýä inende bardyr.
Habyl bilen Kabyl ene garnynda,
Olar hem dünýäge gelende bardyr.

Häzirki döwürde „aýdym aýtmak, hiňlenmek, heň etmek, saz çalmak, dutar çalmak" ýaly söz düzümleri biri-birine ýakyn manylary aňladyp, umumy aýdym-saz sungatynyň düşünjeleri bolsa-da, hersiniň öz ýeri we ýerine ýetiriliş aýratynlyklary bar. Aýdym aýtmak – goşgyny mazmunyna laýyk heňde belent sesli okamakdyr. Köpçülikde aýdym aýdylanda, dutaryň ýa-da tüýdügiň owazyna goşulyp

aýdylýar. Ýekelikde, öz-özüň üçin guralsyz hem ýerine ýetirilýär. Hiňlenmek – aýdymyň sözlerini pessaý, labyzly sanamakdyr. Köplenç, adam keýpli wagty hiňlenýär ýa-da kiçiräk üýşmeleňde eşidiler ýaly belentlikde hiňlenýär.

„Aýdym aýtmak" diýlen söz galapyn, kesp-kärleşen (professional) düşünjäni – bagşylar tarapyndan ýerine ýetirilýändigini aňladýar.

„Hiňlenmek" bolsa hemmelere degişli adalgadyr.

„Dutar çalmak", tüýdük çalmak» diýlen söz düzümleri bolsa biri-biri bilen manydaş adalgalar bolup, ýerine ýetirilýän gurallaryň ady bilen tapawutlanýar. Bulara sözüň, ýagny aýdym-şygyrlaryň gatnaşygy ýok. „Saz çalmak" bolsa häzirki zamanda gurallaryň hemmesini öz içine alan umumy adalga hökmünde kabul edilendir. „Saz" diýlen düşünje birwagtlar „dutary" aňladypdyr. Häzirki „saz" sözüniň ýerine „heň" sözi ýörgünli ulanylypdyr. Dil we edebiýat ylymlarynyň kandidaty Baba Weliýewiň adalatly belleýşi ýaly, häzirki döwürde „Iki-üç heň çalsana, birki saz çal", ýagny saz we heň diýlen sözler biri-biriniň sinonimi (manydaşy) hökmünde ulanylýar.

Rus etnografy A.P.Arhipow 1846-njy ýylda Maňgyşlak türkmenleriniň Ýusupgazy obasynda myhmançylykda bolup, bir toýa gatnaşypdyr. Toýda Allaguly, Hajymyrat bagşy, Süleýman bagşy dagylar aýdym aýdypdyrlar.

Aýdym-saza durky bilen berlen diňleýjiler hakda etnograf aşakdaky ýazgyny ýazýar.

„Uzyn gijeläp öýlerden ýesir ediji aýdymlar ýaňlandy durdy. Iki ýüzden gowrak diňleýji dutaryň her bir sazyny, garry şahyr Muhammet bagşynyň ogly ýadamazak Allaguly aýdymçynyň her sözüni ýuwdup otyrdy! Allaguludan başga-da bu ýerde Hajymyrat we belli kör bagşy Süleýman bagşy bardy. Ikisiniňem diňleýjisi ýetikdi... Bu jadygöý kör diňleýjileriň gözlerinden ýaş akdyryp bildi!"

Majar alymy A. Wamberi bolsa 1863-nji ýylda Etrek-Gürgen türkmenleriniň arasyna gelip, halk aýdymlarynyň ýerine ýetirilişi, onuň diňleýjilerde galdyrýan täsirini içgin synlapdyr. Aýdymlaryň çuňňur mazmunyna, güýçli hyjuwyna berlen adamlar barada şeýle ýazýar:

„Bagşynyň gelmegi we onuň dutar bilen „Göroglynyň” ýa-da Magtymgulynyň aýdymlaryny aýtmagy türkmenler üçin iň uly lezzetdir...

Biz Etrekdekäk şonuň ýaly bagşylaryň biri biziň ýanymyzda çadyryny dikdi. Günlerde bir gün ol öz dutary bilen biziňkä geldi. Az wagtda ýaş ýetginjekleriň bir toparyny daşyna gurşap alany üçin, ol haýsy-da bolsa gahrymançylyk hakdaky aýdymlaryň birini aýtmaly boldy. Tarypy edilýän söweş gyzyşdygysaýyn bagşynyň we töweregindäki diňleýjileriň gitdigiçe ruhy göterilip başlady. Soňra ýaş çarwalar agraslyk bilen dem alyp, telpeklerini ýere urup, edil guduz açan ýaly saçlaryny penjeläp, öz-özleri bilen söweşe girjek ýaly boldular”.

„Bagşy” sözi hünärleşen sungat adalgasy. Halk döredijiliginiň başga bir görnüşi şular ýaly hünärmenlik ukyby talap edýän däldir. Şunuň özem halkyň durmuşynda aýdymlaryň näderejede orun alýandygyny görkezýär. Şoňa görä-de bagşy-sazandalaryň halk içindäki abraýy ýokarydyr.

„Bagşy” sözüniň gelip çykyşy (etimologiýasy) barada dürli çaklamalar bar. Bu meseläni ýörite iş edinip yzarlan belli folklýorçy B.Weliýew „Türkmen halk poeziýasy” kitabynda şular ýaly maglumatlary getirýär:

„Alymlaryň käbiri bu söz hytaý dilindäki „bag-şi” (öwüt-nesihatçy, mugallym) diýen sözden gelip çykypdyr diýýär. W.W. Bartold bolsa, ol mongollar zamanynda sanskrit dilindäki „bhikşu” (sekretar, mürze) sözünden gelen bolsa gerek diýip çaklaýar. Ir zamanlarda mongollar lukmanlara bagşy diýipdirler. Häzirki döwürde bu söz mongollarda, manjurlarda we galmyklarda „ruhany” manysynda ulanylýar. Baburitler döwründe Hindistanda ýokary wezipeli adamlara bagşy diýipdirler. Bir zamanlarda türkler we mongollar döwlet üçin resminamalary ýazan mürzelere-de bagşy diýipdirler. Gazaklar arwah-jyny çagyrýan goşgulary saz bilen aýdyp, syrkawy bejerýän şamanlary, türkmenler bolsa tutuş dessanlary we ýörite aýdymlary saz arkaly ýerine ýetirýän hünärmenleri bagşy diýip atlandyrýarlar. E.T. Tursunowyň pikirine görä, gazaklaryň şaman manysynda ulanýan „bagşy” (baksy) sözi hytaýlaryň „bag-şi” sözünden däl. Sanskrit dilindäki „bhikşu” sözündenem däl. Ol „gon” sözünden „goňşy” sözüniň emele gelşi ýaly, türk diliniň „bak” diýen sözünden ýasalyp, „syrkawa” „bakyjy”, „tebip”

diýen manyny aňladýar. Tatarlarda häzirem tebibe „baguçy” (bakyjy, serediji) diýilýär. Biziň çak edişimize görä, türkmenleriň „bagşy” sözi hytaýlaryň „bag-şi” sözünden gelip çykypdyr. Mongollar zamanyndan has öň, takmynan, X asyrda hytaýlaryň „Suwarnaprabhasa” atly eseri „Altyn ýaruk” (Altyn şöhle) diýen at bilen türki dile terjime edilýär. Şol zamanlarda buddizmiň taglymatlary-da türki dile terjime edilip başlanypdyr. Terjime edilen şol eserlere nesihatçy, dini taglymatlary ündewçi mugallym manyda getirilýän „bagşy” sözi oguz kowumlaryny aralap, ýuwaş-ýuwaşdan günbatara tarap ýaýrap gaýdýar.

Bu meselede bellibir pikiri kesgitli kabul etmek kyn. E.D. Tursunowyň öňe sürýän pikiriniň hem jany ýok däl. B.Weliýewiň hem öňe sürýän delilleri hakykata ýakyn bolup görünýär. Türkmenleriň „bagş etmek, bagyşlamak” ýaly sözleri hakynda oýlananyňda „bagşy” sözi bilen many we leksiki gurluş umumylygy oýlandyrman duranok. Hakykatyň jedelsiz subutnamasy, elbetde, ylmymyzyň geljekdäki açyşlaryna garaşýar... Häzirlikçe bir ýagdaýy açyk aýtmak mümkin: eger-de türkmenleriň bagşy sözi sanskrit dilindäki „bhikşu” sözünden gözbaş alyp, many özgerişine sezewar bolan bolsa, iki sany ýagdaýyň jedelsiz yşaraty bolup biler. Birinjiden, türkmen diliniň dünýäniň iň gadymy dillerinden biri bolup, sanskrit ýazgylary bilen baglanyşygy mälim bolýar. Ikinjiden, aýdym-saz sungatymyzyň juda irki zamanlarda-da meşhurlyk gazanandygynyň ýazmaça tassyklanmasydyr.

Kitabyň awtorlary hökmünde öz garaýşymyzy mälim etmeli bolsak, W.W. Bartoldyň pikirini goldaýandygymyzy aýtmalydyrys. „Bhikşu” sözüniň sanskrit dilindäki „sekretar, mürze” manysy hakyndaky meselä gelenimizde şeýleräk düşündiriş berip bileris. Aýry-aýry sözleriň belli-belli zamanlarda manysynyň daralyp-giňelmesi, başga düşünjelere, göçme manylara geçip durmagy janly gepleşigiň kanuny hereketi. Ol taryhy döwürleriň, halk durmuşynyň üýtgäp-özgerip durmagyndan, daşary faktlaryň ýüze çykmagyndan emele gelýär. „Sekretar, mürze” sözleriniň iki manysy we wezipesi hakynda oýlansak, araçy bolmak, bir zady birinden beýlekä dogry-dürs, tertip-düzgüne laýyk geçirmekligi aňladýar. Bagşy hem şol hyzmaty ýerine ýetirýär: aýdymyň sözlerini adamlara tertip-düzgünli, owaz-äheňe laýyklykda ýetirýär. Bir tapawut – mürze maddy zatlaryň, bagşy bolsa ruhy

zatlaryň, pikirdir duýgynyň hyzmatynda. Bu, elbetde, kesgitli pikir bolup bilmez. Çünki „bagşy" sözüniň gelip çykyşy häzirlikçe öz açyklygynda galýar.

Duýguly toparyň halk arasynda iň giň ýaýran görnüşleriniň biri lälelerdir. Olaryň aglaba köpüsini gelin-gyzlaryň özleri döredipdir. Aýdylýan bentlere erkek kişileriň bellibir derejede gatnaşygy bolsa-da, ony diňe gelin-gyzlaryň özleri ýerine ýetiripdirler. Şoňa görä-de lälelere gelin-gyzlar şygryýeti diýilýär.

Läleler bellibir mynasybet bilen, däp-dessur bilen baglanyşykly dörän görnüş däldir. Meselem, toý aýdymlary toý-tomaşalar bilen baglanyşykly döräp, toý-tomaşalara şowhun-şüweleň bermegiň şahyrana serişdesi bolup ýaşan bolsa, läleleriň ýerine ýetirilmegi üçin ýörite durmuşy şertler we seneler derwaýys bolmandyr. Emma tebigatyň ýagdaýy hem günüň bellibir wagty-salymy läleleri hem şertlendirýär: gyş aýlary, güýzüň sowuk günleri, ýagyşly-ýagmyrly howalarda läle kakylmandyr. Bu öz-özünden düşnükli. Ir ertir ýa-da günüň günorta çagy-da läleleriň wagty däldir. Gündiz iş-alada bilen bolmaly. Läleler, köplenç, ýaz möwsüminde, howa salkynlan, güýz günlerinde, agşamaralar kakylypdyr. Gelin-gyzlar obanyň bir çetine, gum obalarynda bolsa golaýdaky depäniň üstüne toplanypdyrlar. Läle kakylýan ýer bilen obanyň arasy sesýetimden uzak hem bolmaly däl, oba juda golaý hem bolmaly däl. Munuň öz sebäpleri bar: uzak bolmazlyk gelin-gyzlaryň howpsuzlygy üçindir, gulagyň eşidip duran ýerinde bolmaly. Bu türkmençiligiň mizemez kanunydyr.

Läle kakylýan ýeriň oba juda golaý bolmazlygy bolsa, entek kada-kanunlar, ýagny gelin-gyzlaryň utanç-haýalylygy sebäplidir. Läleleriň mazmuny dürli: onda pynhan duýgular, arzuw-islegler, gelin-gyzlaryň öz aralarynda saklanmaly söhbetler, nägilelik, şatlyk ýaly ruhy ahwalatlar açylýar. Ata-ene bar, gaýynata-gaýynaga bar, olar ýaly duýguly setirleri gelniniň, gyzynyň, jigisiniň dilinden eşitmek juda ýakymsyz ýagdaý. Gelin-gyzlaryň özi üçin-de utanç, sylanyşyksyzlyk, iki tarapa-da gelşiksiz. Şonuň üçin-de läläniň sesi eşidilse-de, onda diýilýän sözlerini aňşyrylmaz uzaklykda aýdylmagy kada hökmünde berjaý edilipdir.

Läleleriň mazmunynda pynhan duýgularyň ýaşaýanlygy sebäpli-de, läle kakylýan ýere mana düşünip ugran on üç-on dört ýaşdan ýo-

kary oglanlar eltilmändir, aýyp görlüpdir. Biziň pikirimizçe, duýguly toparyň bu görnüşiniň adalgasy (termini) „läle” diýlen sözdendir. „Läle”, „gül” sözüniň manydaş sözi bolup, gülleriň ähli görnüşini özünde jemleýän umumy düşünjedir. „Gül” sözi-de özünde umumy müjerret (abstrakt) aňlatmany saklaýar, şol bir wagtda-da epitet (aýyrgyç) kabul edip, anyk görnüşi mälim etmäge ukyplydyr: gyzyl gül, sary gül, jümjüme güli, çigildem güli... Emma „läle” sözüne bu häsiýetli däldir. Aýdylýan aýdym güllere meňzedilip „läle” adalgasy berlipdir. Ony aýdýanlar hem, ýagny gelin-gyzlar hem şu adalganyň içinde saklanýar. „Läle kakar läläni, Öz doganmyň halany” sözler hem şony tassyklaýar. Her bent owazly aýdylyp bolnandan soňra „läle” sözi „lä-lä” görnüşinde bogna bölünip, heň boýunça birnäçe gezek gaýtalanýar.

Läleler türkmen halk döredijiliginiň iň milli görnüşleriniň biridir. Läleler töwerekleýin döwür gurap kakylypdyr. Läleler öz ýerine ýetirilişi taýyndan üç topara bölünýär: bokurdak lälesi, eňek lälesi, dodak lälesi. Läleleriň bu görnüşleri biri-birinden ses agzalarynyň gatnaşmagy we onuň netijesinde owazlaryň dürlüçe emele gelmegi bilen tapawutlanýar. Bokurdak lälesinde bokurdaga çalaja kakylmak bilen äheň (ritm) ýasalýar. Eňek lälesinde başam barmak eňege direlip, bokurdakdan gelýän sesi aýanyň hereketi bilen owazlandyrylýar. Dodak lälesinde barmaklaryň dodaklarda hereket etmegi arkaly titreme-sazlaşyk döreýär.

Läleleriň dördünji bir görnüşi hökmünde „hymmylyň” getirilýän ýerleri hem bar. Emma hymmyl aýal-gyzlar döredijiliginiň özboluşly bir görnüşidir. Onuň lälelerden bentleri taýdan-da, ýerine ýetirilişi taýdan-da düýpli tapawutlanýandygy barada A.Poseluýewskiniň, W.A.Uspenskiniň, H.Hanowyň, S.Annanurowyň, K.Berkeliýewiň, R.Nazarowyň, B.Weliýewiň, A.Baýmyradowyň, A.Durdyýewanyň işlerinde bellenilip geçildi. Meselem, ol tapawutlary R.Nazarow şeýle belleýär: «Birinjiden, bu adalganyň (hymmylyň) gelip çykyşy läleden üýtgeşik. Ikinjiden, damak, dodak lälelerinde barmagyň, dodagyň, eňegiň kömegi bilen sesiň titremek meňzeşlikleri bar. Olarda belli läle bentleri sanalýar. Emma hymmyl çalmakda eginler, hymmyl çalýan bütin göwresi titreýär. Iki el we egin aşak-ýokaryk hereket edýär.

Galyberse-de, hymmyl çalnanda köp zat sanalman, edilýän hereket bilen baglanyşykly „yhymmyl-yhhaýy” sözleri gaýtalanýar we kä ýerde aýry setirler getirilýär”.

Yhymmyl – yhhaýy,
Yhymmyl – yhhaýy,
Daglara gider daýy,
Gäwmişe düşer paýy.

Yhymmyl – yhhaýy,
Yhymmyl – yhhaýy,
Ýetip geldi jigimiň
Sähetli güni – aýy.

Hymmyl aýdylanda gelin-gyzlar iki topara bölünip, garşyma-garşy durýarlar. Ol setirleri gaýtalap, eginlerini silkip, bir-birine tarap gaýdýarlar. Olaryň hereketlerinde, ýüzlerinde abaý-syýasat, gahar-gazap, hüşgärlik duýulýar. Söweşe girjek esgerleri ýatladýar. Hymmyl aslynda söweşlere öýkünmekden dörän bolmagy-da mümkin.

Läleleriň haýsy zamanlarda ýüze çykyp başlandygyny anyk aýtmak kyn. Emma olaryň türkmen halkynyň oguzlar at bilen ýaşan zamanlaryndan soňky döwürlerde peýda bolup başlandyklaryny çen tutmak mümkindir. Bu çaklamany aýtmaga «Gorkut ata» şadessanynda gelin-gyzlaryň erkekler bilen deňhukuklylygy, deň derejede hereketleri, durmuşa çykjak ýigidini gyzyň özüniň saýlap synagdan geçirmegi, söweşlere gatnaşyp görkezýän gahrymançylyklary we beýleki işjeň hereketleri esas berýär. Bu toparyň diňe gelin-gyzlara degişli bolup, olaryň erkek kişilerden uzakda tutulmagyny nazara alsak, onda olary derebegligi (feodalizm) jemgyýetiniň güýje girip, yslam dininiň doly kabul edilip başlan döwürlerini – IX asyrdan soňraky zamanlary çak etmek bolar.

Läleler gelin-gyzlaryň başdan geçiren ýagdaýy we halkyň ýaşaýşy, ýurduň syýasy-durmuş ahwaly bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Olaryň gaýgy-aladasy, arzuw-islegi lälelerde şöhlelenipdir, gam-gussany egismäge, geljege umytly garamaga kömek edipdir.

Biziň günlerimizde mälim bolan läleleriň köpüsiniň many-mazmuny, ruhy türkmen halkyna XVIII-XIX asyryň durmuşyny ýatladýar. Şundan çen tutsaň, bu görnüşiň şol asyrlarda has ýaýgyn bolup, bentleriniň hem aglaba köpüsiniň şol döwürlerde dörändigini aýtmak mümkin. Duýguly toparyň beýleki görnüşleri ýaly läleleriň hem temalary dürli-dürli. Olarda döwrüň ykdysady ýagdaýy, çarwaçylyk, ekerançylyk aýry-aýry bentlerde öz yzyny galdyrypdyr:

Baýyrlaryň etegi,
Goýun-guzy ýatagy.
El degende ýelpildär,
Öz doganmyň telpegi.

Joýa-joýa böker men,
Sary gawun eker men,
Sary gawun bişipdir,
Sapagyndan düşüpdir.

Ekin ekdim darydan,
Içmek tikdim ýarydan.
Gelseňiz-le, boýdaşlar,
On iki süňňüm eriden.

Gelin-gyzlar geçen asyrda, esasan, öý-hojalyk işleri bilen meşgul bolupdyrlar. Ik egripdirler, keçe edipdirler, haly-palas, tara dokapdyrlar, gaýma gaýapdyrlar, keşde edipdirler... Olaryň zehininden we nepis senedinden kemala gelen halylar dünýä bazarlarynda şan-şöhrat gazanypdyr. Türkmen halylary biziň şu günki günlerimizde-de, dünýäniň her ýerlerinden gelýän syýahatçylaryň, söwdagär-täjirleriň ünsüni özüne çeken nepis senet bolup, at-abraýyny saklap gelýär. Aýal-gyzlarymyzyň şular ýaly el işleri, umuman, zähmete bolan gatnaşyklary-da lälelerde şöhlelenipdir:

Gaýra-gaýra bakar men,
Dokma-darak kakar men.
Şol joramy görmesem,
Eräp-eräp akar men.

Gelin-gyzlaryň lälelerinde il-ýurduň, türkmen halkynyň başdan geçiren taryhy wakalary-da, belli derejede öz yzyny galdyrypdyr. Aýratyn-da, 1858-nji ýylda, 1861-1862-nji ýylda bolan söweşler, türkmen ýigitleriniň şöhratly ýeňişlerini yşarat edýän bentler taryhy maglumat hökmünde-de ähmiýetli:

Keýmirden aldy pata,
Däldir sözleri hata,
Gajar-gyzylbaş durmaz
Atlansa ýigit ata.

Tamdyranyň kirşine,
Haly-dokma erşine,
Aman-esen gel, ýarym,
Gidip Gajar urşuna.

Duýguly toparyň owaz bilen ýerine ýetirilýän görnüşleriniň biri hüwdülerdir. Oňa „eneleriň aýdymy" hem diýilýär. Bu aňlatma juda takyk kesgitleme bolup, hüwdüleriň tebigatyndan habar berýär. Duýguly toparyň beýleki görnüşleri, arzuw-islegleri, garaýyşlary beýan etmekden, däp-dessurlardan, ýagdaý-şertlerden döräp, ýerine ýetiriliş düzgün-tertipleri, wagty-salymy, şertleri bar bolsa, hüwdülerde olar ýaly şert derwaýyslygy ýokdur. Hüwdüler eneleriň mährinden döräpdir. Hüwdüleri aýtdyrýan güýç hem eneleriň perzende bolan söýgüsidir.

Hüwdüler ýeke-täklikde, ýagny özbaşdak ýerine ýetirilýän, halk içine giňden ýaýran, her öýde aýdylýan duýguly görnüşdir. Hüwdüler halk döredijilik görnüşleriniň iň gadymysy. Onuň döreýiş taryhy Adam atanyň we How enäniň dünýä inip, ogul-gyza ulaşan zamanlaryndan gaýdýar. Şoňa görä hüwdüleriň ýaşan ýaşyny adamzat taryhynyň uzynlygy bilen kesgitlemek mümkindir. Çagany „hüwdülemek" sözüň manydaşy bolup, „allalamak" hem ulanylýar. „Hüwdi" sözüniň gelip çykyşy-da, „allalamak" sözi-de Allatagala, Hudaý bilen baglanyşyklydyr. Türkmenlerde: „Allanyň müň bir ady barmyş" diýlen bir gep bar. Onuň näderejede hakykata laýykdygy başga me-

sele, ýöne hüwdülerde ulanylýan „huwwa, huwwa” sözler araplarda Allanyň adyny aňladýan „Hüwä” sözdendigi anyk. Diýmek, „hüwdi” adalganyň özi-de Hudaý bilen baglanyşyklydyr. Hüwdüleriň häzirki görnüşi türkmenleriň yslam dinini kabul edeninden soňra, IX asyrda ýüze çykandyr. Gynansak-da, hüwdüleriň ondan öňki görnüşi barada pikir ýöretmäge ýagdaýymyz ýok, nusgalar saklanmandyr.

Çaga heniz bäbekkä Allanyň adyny gulagyna guýmak maksatdan bu owazly sözler hüwdiniň düzümine girizilipdir. Ol „huwwa--huw”, „hüwwä-hüw”, „allaý-allaý”, „alleý-alleý”, „allan-allan” ýaly tirkeş sözler ýa-da „hüwdüläýin”, „allalaýyn”, „allalasam”, „huwwa etsem”, „alla etsem” ýaly söz we söz düzümleriniň owazly aýdylmagy arkaly nygtalýar:

Huwwa-huwwa, huw seni,
Arassa saklar suw seni.

Hüwdi-hüwdi, hüwlensin,
Akar suwlar bulansyn.

Hüwdi, hüwdi, hüw guşlar,
Bu guşlar kaýda gyşlar.

Alleý-alleý alyşar,
Akja köýnek ýaraşar.

Allan-allan almasyn,
Bagyň güli solmasyn.

Allalaýyn gideýin,
Atyň başyn ideýin.

Allalasam has ýigit,
Eker bagynda çigit.

Allaý-allaý, alhanym,
Bal goşulan talhanym.

Hüwdi aýdylmaga başlananda: „Huwwa, balam, huwwa-huw, hüwwäläýin (huwwalaýyn) men seni” ýa-da „Allaý-allaý edeýin, Alla-alla men seni, Allalasam men seni” ýaly sözler pessaý owaz bilen gaýtalanyp, ýuwaş-ýuwaş belentlenýär, hüwdi äheň-owazyny döredýär. Şondan soňra ene hüwdi bentlerini şol äheň-owazda sanamaga başlaýar...

„Huwwa”, „Alla” sözler bilen hüwdiniň başlanmagy öz-özüni hüwdi aýtmaga taýynlamaklygyň (psihologik) serişdesi bolmak bilen bir wagtda mukaddes bir zady ýerine ýetirmegiň düzgün-tertibi hökmünde-de garamagymyz gerek.

Çünki hüwdüler eneleriň aýdymy, eneleriň ýüreginden gaýnap çykan owazdygy üçin mukaddes. Şonuň ýaly-da Allanyň adyny bäbegiň kalbyna guýýanlygy sebäpli, hüwdüler halk döredijiliginiň iň mukaddes, belki, dogalar kysymly görnüşidir. Halkyň çaga bolan söýgüsini, arzuw-islegini hüwdüler özünde jemleýär. Çaga gezek gelende türkmenler iň hamrak, perzent üçin pidagär halklaryň biri. Ata-babalarymyzyň: „Bal süýji, baldan bala süýji”, „Oglanly öý bazar, oglansyz öý mazar” ýaly döreden nakyllary-da muňa şaýatlyk edýär. Halkyň çagalara bolan mähremligini hüwdüleriň aşakdaky bendi hem tassyklaýar:

Allaý-allaý alançak
Akar suwlar bulançak.
Altmyş başly ak öýüň
Gelişigi sallançak.

Çaganyň enesi agtygyny hüwdülände, gepiniň bir ýerinde özüniň kimdigini mälim edýän sözi getirýär. Ýa-da degişliligi aňlatmaýan, umumy mazmunly bentleri aýdýar:

Allaý-allaý, allasy,
Gül ýassykda kellesi,
Gaýa başyn ýel alsa,
Gaýga galar enesi.

Allaý-allaý, el biter,
Nar agaja gül biter
Üç ýaşyna baranda
Saýrap duran dil biter.

Aşakdaky ýaly bentler bolsa, hüwdini aýdýan aýalyň mamasydygyny mälim edýär:

Allaý-Allaý, allasy,
Senden geler gül ysy.
Söýse söýsün mamasy,
Söýgüli enäň balasy.

Gara gözmüň garasy,
Garamykdyr dänesi,
Söýüp gelniň balasy,
Söýüp gider mamasy.

Garalydyr, garaly,
Garar otyr mamasy,
Bir şahasy däneli,
Döner otyr mamasy.

Bir şahasy gyzyl gül,
Güller otyr mamasy.
Bir şahasy peýwentdir,
Peýlär otyr mamasy.

Gyzlar jigilerini hüwdülänlerinde, ejeleriniňkiden, enedir mamalarynyňkydan tapawutly bolýar. Olarda „jigimjan”, „ballym” ýaly sözler getirilip, çaganyň bagtly adam bolup ýetişmegi baradaky arzuw-niýetleri beýan edilýär.

„Güpür-güpür” at gelýär,
Çykyň gözläň, kim gelýär?
Ala donun galgadyp,
Meniň ballym jan gelýär.

Meniň jigim alganak,
Çalyp tutar çalganak,

Çalganak guş tutmasaň,
Tutgun ýaşylbaş ördek.

Meniň jigim ýagşydyr,
Al palasyň nagşydyr.
Bir agasy tüýdükçi,
Bir agasy bagşydyr.

## Monjugatdylar

Gelin-gyzlar döredijiliginiň baý mazmunly çeper görnüşleriniň biri monjugatdylardyr. Bu görnüşiň hem haýsy zamanlardan ýüze çykyp başlandygyny takyk aýtmak kyn. Olaryň duýguly toparyň beýleki görnüşlerinden özboluşly aýratynlygy bilen tapawutlanýan taraplary nazara alynsa, aýal-gyzlaryň öý hojalyk işlerine ymykly baglanan zamanlaryny, takmynan, IX-X asyrdan bärki döwürleri çen etmek bolar.

Monjugatdylar, adatça, Nowruz gijesi – mart aýynyň 22-sine geçilýän gije oýnalypdyr. Monjugatdylar oýun şekilinde oýnalypdyr, şol bir wagtda-da oňa „täleýe garamak", „pal atmak", täze ýylda garaşýan ykbaly äşgär edýän „bilgiç" hökmünde garapdyrlar. Bu adalganyň „monjuk" we „atmak" sözlerinden ýasalanlygy-da, belki şonuň üçindir. Olara, belli derejede, ynanç-ykbal mazmunly seredilendigini, monjugatdylaryň dowamly güýmenje üçin oýnalmandygyny görkezýär. Monjugatdylaryň geografiýasy käbir taýdan çäkli görnüşdedir. Ol, köplenç, çomry ilatda, hususan-da, Kesearkaç etraplarynda meşhur bolupdyr.

Monjugatdylar oýnalanda bir gaba suw guýlup, oňa her kim öz monjugyny atýar. Kimiňkidigi belli bolar ýaly monjuklaryň gyzyl, gyrmyzy, mämişi, mawy, gök, ýaşyl, sary, ak we ş.m. atylýar. Ýygnananlaryň içinde gepe çeper gyzlaryň ýa-da gelinleriň biri aşakdaky bendi aýdyp, oýny başlaýar:

Geliň, gyzlar üýşäliň,
Bagtymyzdan diýşäliň.
Ol barýan ýigit näme,
Ýagşy-ýaman gülşäliň.

Şondan soňra monjugatdy bentlerini ezber bilýän aýallaryň biri bentleri aýtmaga başlaýar. Her bendi aýdandan soňra, monjuk çykarmaly çaga: „Çykar, guzym, monjugy” diýilýär. Çaga monjuklaryň içinden birini çykaryp, oýny alyp barýan aýala berýär. Çykan monjuk kimiňki bolsa, sanalan bent şoňa degişli hasap edilýär.Sanalan bendiň mazmunyna görä bijesi „monjugy” çykan gyza ýomak atyp gülüşýärler. Monjuk çykarýan çaganyň oglan-gyz tapawudy ýok, aýdylan bendiň mazmunyna düşünip, onuň ýakymly-ýakymsyzdygyny aňynda aýlamakdan kiçi bolmagy gerekdir. Eger çaga oňa düşünse, monjugy ýüz görüp çykaryp biler, oýna karam aralaşar.

Nowruz geldi bu gije,
Gyzlar atarlar, bije.
Kimiň bijesi çyksa,
Baýragy horaz jüýje.

Nowruz geldi, ýaz geldi,
Durna geldi, gaz geldi:
Oturan adamlara
Bilbilden owaz geldi.

Aý aýdyňdyr, gelmegin,
Ile mälim bolmagyn,
Aý buluda girende,
Daňylsaň hem galmagyn.

Aý dogar gädiginden,
Tanadym ädiginden,
Baryň aýdyň oglana
Dänmesin diýdiginden.

Gelniň gaýtarma döwrüni suratlandyryp, aşakdaky ýaly monjugatdy däpleri döräpdir.

Boz atyňy oýnatma,
Çek jylawňy, çeýnetme.
Gelseň hem gije gelgin,
Gündiz gözüň oýnatma.

Aý aýdyňdyr, biler men,
Ak donumy geýer men,
Aý buluda girýänçä,
Kararym ýok, öler men.

Daň horaz-a, daň horaz,
Daňdan gygyran horaz.
Sesim sesiňe gurban,
Ýarym oýadan horaz.

Mawut donuň gatba-gat,
Birin geýde, birin sat.
Öz öýmüze gelmeseň,
Goňşymyza gel-de ýat.

## Toý aýdymlary (Öleňler)

Toý aýdymlary hem däp-dessurlar bilen baglanyşykly şahyrana toparlaryň biridir. Olar hem halk aýdymlary ýaly toý-tomaşanyň bezegi bolup, oňa şowhun-dabara bermeklige hyzmat edýän bolsa-da, özüniň mazmun we görnüşi, ýerine ýetirilişi taýdan özboluşly häsiýetlere eýedir. Özbaşdak şahyrana görnüş hökmünde toý aýdymlarynyň öz ösüşi, ýaýraýyş giňişligi, däbi-äheňi bar. Toý aýdymlary „öleň”, „üleň”, „haý üleň”, „ýar-ýar”, „leýeran” ýaly dürli atlar bilen halk içine ýaýrapdyr. Şonuň üçin, olaryň belli birini adalga (meselem, „öleň” ýa-da „ýar-ýar”) edilip alynman, hemmesini özünde jemleýän „toý aýdymlary” diýlen söz düzümini umumy adalga hökmünde peýdalanylýar.

Amyderýa boýlarynda bu görnüş „öleň”, „üleň”, „haý öleň”, „ýar-ýar” atlar bilen meşhur bolsa, Aşgabat, Kaka sebitlerinde „leýeran”, „ýar-ýar” atlary göterýär. Garrygalada, Daşoguz welaýatynyň käbir etraplarynda „ýar-ýar” at bilen bilinýär.

Toý aýdymlary Türkmenistanyň ähli ýerinde az ýaýramandyr. Bu şahyrana görnüşiň ýaýraýyş giňişligi, gelip çykyşy barada ylmy işlerde, kitaplarda dürlüçe maglumatlar berilýär.

Toý tutupsyň, gutly bolsun,
Gapyňyz gyr atly bolsun,
Saçagyňyz etli bolsun,
Gelinler pişme seçsin,
Oglanlar alyp gaçsyn...

Dazlap gelýän sapandan,
Gurulgy ýatan gapandan,
Agzy gara tüpeňden
Allaň özi saklasyn...

Şularyň özem öleňler ýaly toý bentleridir, bular hem belent heňde aýdylypdyr. Bir tapawutly tarapy – bu bentler aýdylanda, şowhun beriji saz gurallary ulanylmandyr, hemem ony diňe erkek kişiler ýerine ýetiripdirler.

Haý öleň, haý-haý öleň,
Haýdyr bu gün ýar-ýar.
Al-gyzyl, reňbe-reň,
Toýdur bu gün, ýar-ýar.

Gandu-şeker ezilmiş
Dahanynda, leýeran.
Çar tarapdan dost gelsin,
Toýdur bu gün, leýeran.

Soňundan durmuşa çykjak gyza bagtly durmuş, agzybir ýaşamagy arzuw edýän bentler ýerine ýetirilipdir:

Iki ýorgan, bir düşek,
Tagtyň bolsun, ýar-ýar.

Pygamberiň gyzyça,
Bagtyň bolsun, ýar-ýar.

Altyn gabak atylan,
Öýüň bolsun, ýar-ýar.
Jemendäni jem eden,
Toýuň bolsun, ýar-ýar.

Gelnalyjylaryň gelmegi bilen gyz öýündäki hereket has janlanýar. Toý aýdymlary hem herekete şowhun-şagalaň berip, gyzgalaňly pursatlaryna baryp ýetýär. Gyz tarapdaky aýal-gyzlar, gelen gudalar eşitsin, gelniň nähili maşgaladygyny bilsinler, sarpasyny saklasynlar diýen pikirleri ýaýratmak üçin, durmuşa çykýan gyzy taryplaýjy bentleri aýdylýar.

Sebet-sebet üzümler,
Çöpli bolar, ýar-ýar.
Bizden size gyz gitse,
Sepli bolar, ýar-ýar.

Gapydaky geçimiz
Çöpürlidir, ýar-ýar.
Göçürýän gyzymyz
Pikirlidir, ýar-ýar.

Ýük teýinden suw gitdi
Küýze tutuň, ýar-ýar.
Bize edilen hezzeti
Gyza ediň, ýar-ýar.

Jan jigimiň toýuna
Bukja açyň, ýar-ýar.
Gelen gyzyň başyna
Tylla seçiň, ýar-ýar.

## Küştdepmeler

Duýguly toparyň bu görnüşi hem türkmen toýlarynyň bezegidir. Toý-tomaşalara şowhun berip, adamlaryň ruhy dünýäsini baýlaşdyrýan küştdepmeler, aslynda, toý aýdymlarynyň hatarynda durmaly. Emma oňa, däp-dessur şygryýeti hökmünde däl-de, özbaşdak bir ugur şekilinde garamak meýli bar. Hatda toý aýdymlarynyň bu tapgyry soňky ýyllarda dörän görnüş. Goşgularyny bolsa „ýygyndydan ýygnalan” bentler ýaly edip görkezmek meýli käbir ylmy kitaplarda göze ilýär.

„Küştdepdi” we „küştdepme” sözleri il içinde deň ulanylýar. Ikisi-de şol bir manyny aňladýar. Bu adalga „küşt” (ýa-da „küş”) we „depmek” sözleriniň birleşmesinden döräpdir.

Küştdepmeler başlananda, köplenç, „öýýä-öýýä, öýhä-öýhä, owha-owha, haý, küýş-küýş...” diýlen ses aňladýan sözleri birnäçe gezek gaýtalanýar.

Olar bellibir sazlaşyk owazy dürdänelerden soňra, oňa goşulyp bentler aýdylyp başlanýar. Bentleriň arasynda ýokarky sözler gaýtalanýar. Şeýle edilmek bilen, indiki aýdyljak bende äheň-depgin berilýär. Küştdepmeleri sesi owazly bir adam ýuwaş äheňde başlap, märekede toý-şagalaň ruhuny döredensoň, köpçülik hem gatnaşýar. Şeýlelikde, başy ýeke-täklikde, ýagny bagşyçylyk usulynda başlanan küştdepmeler hor aýdymyna öwrülip gidýär. Aýaklaryň deňine sazlaşykly urulmagy aýdylýan bent-gazallaryň äheňi bilen utgaşyp, şowhunly owazy emele getirýär. Aýaklaryň sazlaşykly depimine görä, küştdepmeler „bir depim” we „üç depim” ýaly toparlara bölünýär.

„Küştdepdi”, köplenç, degişme äheňli, ýumoristik häsiýetli bentlerden bolup, ol edil aýdym ýaly islendik halatda ýerine ýetirilýär. Olar mümkinçilik bolan wagty saz arkaly, saz ýok ýerinde bolsa diňe tansa, çapak sesine goşulyp aýdylýar... Ýeri gelende, küştdepdiniň gün geldikçe däp-dessur bilen doly baglanyşyp barýandygyny, soňky wagtlarda onuň, köplenç, toýlarda, ilki toý mübärekleýän bentler bilen aýdylyp başlanýandygyny hem bellemek gerek. Bu günler bolsa biz ol şahyrana görnüşe doly hukukly däp-dessur şygryýeti diýip aýdyp bileris. Şygyr bentlerini äheňli sanamak küştdepdiniň diňe bir kysymynyň berjaý edilmegidir. Ýöne, oňa „islendik halatda ýerine ýetirilýär” diýmek bir taraply bolar. Ol nähili-de bolsa, bir dabaraly çärelerde, toýlar-

da, tomaşalarda aýdylýar. Keýpi tutup küştdepdi aýdyp ýören ilçilikde bolsa bardyr, emma seýrekdir. Aýdymlar ýaly köpçülikleýin ýagdaýda däldir. Onuň aýdymy bilen tansynyň bilelikde ýerine ýetirilmegi üçin şertler gerek. Şular ýaly ýagdaýlara bagly bolup durýanlygy sebäpli-de, küştdepmeler däp-dessur şygryýetiniň hataryna girýär.

– Gökmi seniň geýeniň,
Almamydy iýeniň?
Oýnamaýaň, gülmeýäň,
Ýokmy seniň söýeniň?

– Gökdür oglan, geýenim,
Hawa, alma iýenim.
Ýöne seniň işiň däl,
Barmy, ýokmy söýenim.

– Köýnegiň bar erişli,
Ýakasy nepis nagyşly,
Özüň-ä bir perizat,
Durşuň akylly-başly.

Köýnegim bar erişli,
Ýakasy bar nagyşly
Ýigit, seniň bu sözüň,
Söýgüliňe degişli.

## Dönem, ýareýjan, lollujan, haraý we kän salam aýdymlary

Duýguly toparyň aýdymlar görnüşiniň içine girýän dönem, ýareýjan, lollujan, haraý, kän salam özleriniň mazmun-görnüşi taýdan, ýaýran giňişligi jähtden tapawutlanýar. Halk aýdymlary Türkmenistanyň ähli ýerinde aýdylýan bolsa, toý aýdymlary ol ýa-da beýleki görnüşde ähli künjekde bilinýän bolsa, dönem-ýareýjan, lollujan Kaka etrabynda meşhurdyr. Olar Änewli, Manyşly, Çukurgalaly we Mehinli türkmenleriň arasynda ýaýgyn bolup, ogul öýerip, gyz çykarylanda, çaga doglan-

da we ş.m. ýagdaýlar bilen baglanyşykly tutulýan toýlarda ýerine ýetirilýär. Dönem we ýareýjan biri-birine ýakyn aýdylýar.

Ikisiniň-de bentleri murapbag (dörtleme, dört setirli) görnüşinde:

## Dönem:

Bir kagyz ýazaýyn ak bilen gara, dönem.
Ony göndereýin bigaýrat ýara, dönem.
Mundan artyk çekme, bagtyma gara, dönem.
Haý, dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.

Oraga gideňde oragyň mende dönem.
Neneň orak orjak bu yssy günde dönem.
Başyňa döneýin garakçy bende dönem.
Haý, dönem, aý dönem, ala göz ýara dönem.

## Ýareýjan:

At sürende at sürşi dälidir ýareýjan.
Köçä çyksa ýigitleriň hanydyr ýareýjan.
Birsalym görmesem, bagrym gan eder ýareýjan.
Oýan, oýan ýar gözüňe döneýin ýareýjan.

Ak bolupdyr ol oglanyň bilegi, heý.,.ýareýjan.
Guşuňkyça ýok bolupdyr ýüregi, heý.,.ýareýjan.
Alla kabul etsin biziň dilegi, heý.,.ýareýjan.
Oýan, oýan ýar gözüňe döneýin eý, ýareýjan.

Dönem aýdym sanawaçlaryň „dönüm” şekilde aýdylýan görnüşleri-de bar. Bu görnüş hem dönemiň usulynda bolup, bir tapawudy redif bolup „dönüm” sözi gelýär. Bularyň hem bogun ölçegi, ýerine ýetirilişi dönemler ýalydyr.

## Deňeşdirip görüň:

Bu dünýäde wepaly ýar bar bolsun, dönüm,
Biwepa ýar derde giripdar bolsun, dönüm,

Ýyglama söwdügim, goý bahar bolsun, dönüm,
Ýyglatdym ýarymy, diňdire bilmen, dönüm.

## Haraý aýdymlary:

Aşyk diýen ýanar men,
Ot alyp men, ýanar men.
Älem bagtyn ak gördüm,
Öz bagtyma ýanar men.

Baglaryň bidänesi,
Ýarym gülüň dänesi.
Ýarymda günä ýokdur,
Sanjylasyn enesi.

## Baýatylar:

Gijäm-ýar, gündizim-ýar,
Ülkerim, ýyldyzym-ýar.
Älem guçar ýaryny,
Men guçaram dyzym, ýar.

Bu kölüň sonasy bar,
Gazy bar, sonasy bar.
Öýlerine baraý diýsem
Ýanynda enesi bar.

Haraý aýdymlarynyň hem esasy temasy yşk-söýgi bolup, olarda birek-birege wepalylyk, söýginiň başa salýan külpetlerini mertlerçe çekmek, dözümlilik, gaýduwsyzlyk ýaly taglymlar öňe sürülýär. Haraý aýdymlary türkmen halk şygryýetiniň öwüşgin baýlygyny, görnüş dürlüligini görkezýän degerli subutnamalaryň biridir.

## Bagşyçylyk ýollary

Halkymyz öz gözbaşyny geçmiş taryhymyzyň jümmüşinden alyp gaýdýan milli aýdym-saz sungatyna, bagşy-sazandalaryň zehi-

nine, ýerine ýetirijilik ussatlygyna aýratyn sarpa goýýar. Bu sungaty hünär edinenlere köňlüniň töründen orun berýär. Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler eýýamynyň başlanmagy bilen bolsa, bu sungata bolan garaýyş düýpgöter üýtgedi. Başgaça aýdanyňda, milli sungatymyza öz zehini, ussatlygy bilen öçmejek yz goýan ussatlara biz indi başga nazar bilen garaýarys.

Ady, ýüz keşbi tas ýatdan çykankyrlan bagşy-sazandalaryň keşbini „mawy ekranda“ görmek, olaryň ýerine ýetirijilik ukybyny täzeden synlamak adamda ýagşy duýgulary oýaryp, ruhuňy göterip, bu topraga, eziz Watana bolan söýgiňi, buýsanjyňy artdyrýar.

Türkmen sungatyny, medeniýetini özboluşly ýol-ýörelgä öwren halypalar sanardan kän.

Gadym döwürlerde türkmen halky, esasan, çarwaçylyk bilen meşgullanyp, saz sungaty hem şol çarwaçylyk şertlerine laýyklykda ösdürilipdir. Munuň şeýledigine tüýdügiň çopan saz guralydygy-da, türkmen dutarynyň gara öýüň dört tärimine niýetlenen pes sesli gural bolmagy-da şaýatlyk edýär. Şeýle şertlerde tire-taýpa bolup dagynyk ýaşan türkmen halkynyň bagşyçylyk sungaty dürli ýollar bilen ösdürilip gelipdir, aragatnaşyk serişdeleriniň juda ujypsyzdygy sebäpli, biri-birlerinde aralary has üzňe türkmen tireleriniň hersinde dutar çalmaklyk saz sungatynyň umumy ösdürilişi dürli usullar, özboluşly aýratynlyklar arkaly amala aşyrylyp gelnipdir. Başgaça aýdanyňda, her taýpanyň özüne mahsus dil aýratynlygynyň bolşy ýaly, dutar çalmakda we aýdym aýtmakda olaryň hersine, esasanam özlerine mahsus usullardyr aýratynlyklar ornaşyp gelipdir. Muňa bagşyçylyk sungaty diýilýär.

Asyrlar boýy dowam edip gelýän türkmen medeniýetiniň taryhynda halk bagşy-sazandalaryna uly orun degişlidir. Ol hemişe halk talantlarynyň hasabyna kämilleşip geldi. Olaryň döreden saz eserleri geljekki türkmen professional sungatynyň özeni bolup hyzmat etdi. Türkmen milli sazyny özleriniň ýiti zehinleri bilen nesilden-nesle, dilden-dile geçirip, biziň döwrümize ýetirdiler. Olar gadymy miraslary özleriniň täze äheňli nagyşlary, ritmleri bilen bezäp, çeperçilik derejesini barha kämilleşdirmegiň hötdesinden geldiler. Halk bagşylarynyň repertuarlarynda dürli tematikada bolan aýdymlardyr sazlara uly orun berlipdir. Ylaýta-da, aýdym döredijiligi has giň ge-

rimde gülläp ösüpdir. Öz aýdymdyr sazlary bagşyçylyk sungatynyň dürli ýollarynda ýerine ýetirilipdir.

Bagşyçylyk sungatynyň köp ýollulygy türkmen sazynyň ýetmezçiligi däl-de, onuň dürli öwüşginliligi, ýakymlylygy, owaza baýlygydyr. Her ýoluň öz ýakymy, öz labzy, özüne mahsus baýlyklary, aýratynlyklary bar. Ýollaryň hemmesi birleşip bolsa, dürli öwüşginli ýeke-täk milli sungaty türkmen sazyna hyzmat edýärler.

Atlary rowaýata öwrülen Weýran bagşy, Kör gojaly, Aýal bagşy, Garadäli Gökleň, Gulgeldi ussa, Amangeldi Göni, Ýow bagşy, Durdy bagşy, Şükür bagşy, Kel bagşy ýaly halypalaryň ýerine ýetirijilik usullaryny diňläp baha bermäge mümkinçilik bolmandygy bolsa, olar hakdaky rowaýatlary okanyňda olaryň öz döwrüniň Babagammarlary bolandyklaryna göz ýetirmek kyn däldir. Bu halypalar, bize gelip ýeten maglumatlara görä, türkmen aýdym-saz sungatynyň sakasynda öçmejek yz galdyryp, ol sungatyň has kämilleşmegine mynasyp goşant goşupdyrlar. Olaryň ýerine ýetirijilik usullary öz ýaşan ýerlerindäki tire-taýpalar üçin özbaşdak mekdep bolup hyzmat edipdir. Öňki döwürlerde bagşy-sazandalaryň biri-biri bilen gatnaşmak mümkinçiligi örän kyn ýagdaýlarda, şertlerde bolupdyr. Şonuň üçin şol ussatlaryň ýaşan ýerlerinde olaryň ýerine ýetirijilik usullarynyň özbaşdak ýol bolup, türkmen aýdym-saz sungatynda dürli ýollaryň emele gelmegine sebäp bolan bolmagy mümkin diýip pikir edýäris. Bagşyçylyk sungatynda esasy bäş sany bagşyçylyk, ýagny „damana“, „ahal-teke“, „salyr-saryk“, „ýomut-gökleň“, „çowdur“ ýollarynyň bardygy bellenilip geçilýär. Bagşyçylykda esasy gerek zat ýakymly ses bilen el ýitiligidir. Biziň pikirimizçe, özbaşdak „ýol“ bolmak üçin, şol aýdym aýdylyş usulyny halkyň ykrar etmegi hökmany. Ikinjiden, her ýoluň öz ýerine ýetirijilik usulyna mahsus ses ulanylyşy (burna, bokurdaga salyp aýtmak) bolmaly. Üçünjiden, aýdymyň heňini her ýoluň ýerine ýetirijilik usulyna mahsus bolan heň öwrümleri bilen bezäp, şol aýdymyň her ýolda özbaşdak, özboluşly owaz bilen ýaňlanmagyny gazanmaly. Şeýle hem aýdymyň bezeg serişdeleri bolan „jukguldy“, „hüýýüldi“, aýdymyň sözlerine goşulyp sanalýan „ýar“, „jan“, „eýgeleý“, „eýweýeý“, „a...h“ ýaly sözlerdir sesleriň ulanylyşynyň bagşyçylyk ýollarynda biri-birinden tapawutlydygyny ýol bolmak üçin zerur şert diýip hasap edýäris.

## Ahal-teke ýoly

Bagşyçylyk sungatymyzda giň ýaýran bagşyçylyk ýollarynyň biri hem ahal-teke ýoludyr. Bu ýoluň merkezi Gökdepe etraby bolup, ol, esasan, mukamlar ýoly hasaplanýar. Ol damanany hem öz içine alýar. Ahal-teke türkmenleriniň bagşyçylyk ýoluny häsiýetlendirýän iň esasy aýratynlyk örän gadymy döwürlerden bäri bu ýerde instrumental sazlaryň, ýagny dutar sazynyň juda ýörgünli bolup gelýändigidir. Şonuň üçin bu bagşyçylyk ýolunyň gürrüňi edilende, gurluşy taýdan çylşyrymly, kämil professional mukam sazlarymyzyň häzirki derejesine ýetmegi üçin ýiti zehinlerini siňdiren ussatlaryň hem şol sanawda boljakdygy tebigydyr. Ahal bagşyçylyk ýoluny açyk ses ulanylyp, açyk bokurdak gaýnatmasy, tändermesi, açyk jukguldy ýaly usullar mahsusdyr. Aýdymlar, esasan, şadyýan, şagalaňly, akgynly häsiýetde ýerine ýetirilýär. Her bir bagşyçylyk ýolunda bolşy ýaly, aýdymlaryň tekstine goşulyp sanalýan sözler ýa-da söz bölekleri bu ýoluň aýdymlarynda hem aýdymlaryň häsiýetine görä „ýar“, „jan“, „waý“, „baheý“ goşulmalar görnüşinde köp ulanylýar. Bu ýoluň geçen asyr ussatlaryndan häzirki döwre çenli sanawyny Ýow bagşy, Aşyr ata (Sary bagşynyň halypasy), Kepeläň köri, Ýegenoraz bagşy, Sary bagşy, Hally bagşy, Sahy bagşy, Orazgeldi Ylýasow ýaly ussatlary görkezmek bolar.

«Goňurbaş mukamy», «Aýralyk mukamy», «Gökdepe mukamy», «Göroglynyň at oýnadyşy», «Ýandym», «Hajygolak» ýaly mukam sazlarynyň ählisi diýen ýaly özleriniň gözbaşyny şu ahal-teke ýolundan alyp gaýdýarlar.

Ahal-teke ýolunyň düýbüni tutujy Gökdepeli Amangeldi Gönübekowdyr. Ol özüniň ölmez-ýitmez sungatyny birnäçe terbiýeläp ýetişdiren bagşydyr sazandalaryna geçiripdir. Gönübekowlaryň maşgalasy hasaplanypdyr. Şol maşgalada ýetişen sazandalar halkyň ünsüni özüne çekipdir. Onuň terbiýeläp ýetişdiren şägirdi Kel bagşy öz halypasynyň berýän tälimini, onuň saz repertuaryny yhlas bilen öwrenip, örän tiz özleşdirýär. Ýiti zehinli, ýüwrük eli bilen haýran galdyrýan Kel bagşynyň at-owazasy il içine ýaýrap, şöhraty gitdigiçe artyp başlaýar. Şu güne çenli bagşy-sazandalaryň repertuarlaryndan düşmän gelýän „Hatyja“, „Suwa geledir“, „Kepderi“, „Ýusup Ow-

gan“ diýen mukamlar Kel bagşydan galan saz mirasymyzdyr. Kel bagşy birnäçe ökde sazanda bagşylary hem terbiýeläp ýetişdirdi. Şolardan Mylly Täçmyradowy, sazanda Täçmämmet Suhangulyýewi, Pürli Saryýewi, meşhur aýdymçy Sary bagşyny we başga-da birnäçeleri mysal getirmek bolar.

Bu ýoluň görnükli wekillerinden Mylly Täçmyradowyň repertuary diýseň giňdi, ol her bir ýönekeýje aýdymdyr saza-da täzelik girizmegi başarýan ussatdy. Mylly Täçmyradowyň türkmen sungatyny we onuň milli sazyny we çalyş ussatlygyny ösdürmekde bitiren hyzmaty üçin, Türkmen döwlet filarmoniýasyna onuň ady dakyldy.

Türkmen halkynyň görnükli saz ussady we kompozitory Pürli Saryýew hem ahal-teke ýoluny ösdürmekde köp hyzmatlary bitiren sazanda. Onuň tanymal sazanda bolup ýetişmeginde kakasy Sary bagşynyň täsiriniň ýetendigi gümansyzdyr.

Ahal bagşyçylyk ýolunyň soňky uly halypasy, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi Sahy Jepbarow bu ýoluň repertuaryny baýlaşdyrmakda, kämilleşdirmekde köp işler bitirdi. Ol diňe bir Ahal ýolunyň aýdymlaryny ussat ýerine ýetiriji bolman, beýleki ýollaryň aýdymlaryny hem Ahal ýolunda ulanylýan heň öwrümleri bilen bezäp, şol ýola mahsus häsiýetli, täzeçe öwüşginde ýaňlanmagyny gazandy. Şeýle aýdymlaryň hataryna Damana ýolundan „Ak ýüzli Maralym“, „Meňzär“, „Al senem“, Salyr--saryk ýolundan „Näzliniň“, „Leýli gelin“, „Hoş gal indi“, Ýomut--gökleň ýolundan „Jan-jan“, „Ýar gyrmyzy geýnipdir“, „Ak maýa gerek“, „Gola gel“ ýaly aýdymlary görkezmek bolar. Onuň zehin gazanynda taplanan almaz suwy berlen, birnäçe mukamlarymyzyň heňine täzeden işläp döreden „Bu gün“ („Ýusup owgan“ sazy), „Aýra gider“ („Ýandym“ sazy), „Geler sallana“ („Burnaşak“ sazy), „Bellidir“ („Tapmadym“ sazy), „Düşdi nazarym“ („Gyzyl börük“ sazy) ýaly aýdymlary Ahal bagşyçylyk ýolunyň iň kämil eserleri bolup, diňleýjileriň aňyna girip, söýgüsine mynasyp boldy. Şol aýdymlar Ahal ýolunyň repertuarynyň baýlaşmagynyň, ýerine ýetirijilik usulynyň nusga alarlyk kämilleşmeginiň ussat Sahy Jepbarowyň zehinini, zähmetini gaýgyrmandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

## Ýomut-gökleň ýoly

Ýomut-gökleň ýoly Daşoguz welaýatynyň Tagta, Köneürgenç etraplaryny we käbir beýleki ilatly ýerlerini, Günbatarda – Aşgabat tarapda, Gazanjyk, Gyzyletrek, Esenguly etraplaryny Çeleken şäherini, Garrygala etrabyny öz içine alýar. Bu bagşyçylyk ýoly hem öz ýerine ýetirijilik aýratynlygy boýunça beýleki ýollardan görnetin tapawutlydyr. Bu ýolda ses bokurdaga salnyp, gysylyp ulanylýar. Ýomut-gökleň ýolunda jukguldy aýdymyň häsiýetine, sesiň tembrine görä bir urgy görnüşinde ýerine ýetirilýär. Aýdymlaryň başynda „ow“, „eýhi gelow“ aralyklarda „a...h“, „eýwe-ýeý“ ýaly goşulma sözleriň köp ulanylmagy, bentleriň soňunyň saza siňip gidýän uzak hüýýüldili gutarmagy bu bagşyçylyk ýoluna mahsus häsiýetlerdir. Ýomut-gökleň ýolunda bagşyçylygyň dessan aýtmak usuly, şeýle hem gyjak saz ýerine ýetirijilik ugry has ösen derejededir. Munuň şeýledigini milli saz sungatymyzy öwrenmekde ýeke-täk ýygyndy bolan W.A. Uspenskiniň hem-de W.M. Belýaýewiň „Туркменская музыка“ kitabyny okanyňda göz ýetirýärsiň. Hemra gyjakçy, Annameret gyjakçy, Handurdy gyjakçy, Pirjan gyjakçy, Sapar Bekiýew ýaly ussatlaryň şol bagşyçylyk ýolunyň wekilleri bolmagy ol ýerde gyjak saz ýerine ýetirijilik sungatynyň ösendigine güwä geçýär.

Ahal, damana bagşyçylyk ýolunda bagşa dutardyr gyjak, salyr-saryk ýolunda esasy dutar ýa-da tüýdük sazandarlyk edýän bolsa, ýomut-gökleň ýolunda bagşa diňe gyjak sazandarlyk edýär. Bu ýolda gyjak saz guraly esasy alyp baryjy funksiýany ýerine ýetirýär. Bu ýerde gyjak saz ýerine ýetirijilik sungatynyň ösmegine has irki döwürlerden ösen Horezm saz medeniýetiniň täsiri diýip düşünmek bolar.

Daşoguz topragy dessançy bagşylaryň mekany hasaplansa-da, bu jelagaýlarda her bagşy öz ýoluny, öz heňini, öz ugruny goýup gidipdir. Garadäli Gökleňden gaýdýan bu ugur bolsa, onuň şägirtleri Sapar Süýrentgiden, Nazar Bagadan soňra Baýar bagşa gelip ýetipdir. Bular halky terbiýelemekde, aýdym-saz sungatyny ösdürmekde, aýdym-saz muşdaklaryny ýetişdirmekde sazçylyk, dessançylyk mekdebi bolup hyzmat etdi.

Edebi mirasymyzy soňky nesillere ýetirmek üçin janly kitaba öwrüldiler. Ýomut-gökleň ýolunda aýgytlaýjy rol Aýnaň Päl-

wan bagşa we onuň nesilleri Hoja bagşylar lakamy bilen belli bolan bagşylar hem dessanlary ürç edip öwrendiler, ony halka aýdyp berip, ilaty ruhlandyrmagy özlerine borç hasap etdiler.

Pälwan bagşy barada söz açanymyzda „Görogly“ eposynyň köp bagşylardan ýazylyp alnandygyny, emma olaryň hiç biriniň Pälwan bagşynyň aýdyp beren wariantynyň derejesine ýetmeýändigini bellemek gerek. Bu ýolda çykyş eden meşhur Magtymguly Garlyýew tutuşlygyna aýdyma öwrülip giden äpet bir gudratdy. Dessanlardan doly haly horjun, aýdymdan doly çuwaldy. Ol halkyň teşne gulaklaryny gandyryp bilýän çyn bagşylaryň biridi. Onuň şol gudratly sungaty häli-häzirem ýaşap ýör. Bu ussat bagşylarymyz hakdaky süýji-süýji söhbetleriň aňyrsyna çykma ýok. Halypalardan galan sungatyň hyrydarlarynyň entekler egsiljek gümany ýok. Şeýle meşhurlyk gazanan sungat adamlaryna näçe hormat etseň-de, ol bärden gaýdýar.

Bu halypalarymyzyň şägirtleri bolan Garrygalaly molla Guwanç, Rejep Gyzyl, Aly Seýit Gyjakçy, Nurberdi Gulow, Gurban Seýitmämmedow, Ilaman Annaýew, Tüýli Otuzow, Aşyrmämmet Dawudow we şonuň ýaly görnükli bagşy-sazandalarymyz ýomut-gökleň ýolunyň ösmegine uly goşant goşdular.

## Damana ýoly

Damana diýmek çeşmeden suw içýän, dag eteklerinde, kötelde ýaşaýan diýmekdir. Bu ýola, esasan, dag eteklerindäki birnäçe etraplar girýär. Oňa Duşakdan başlap, Gyzylarbada çenli aralyga Kelteçynar, Änew, Bagyr, Germew, Çukuragylly ýaly ilatly ýerler damana ýolunyň merkezi hasaplanylýan ýerlerdir. Beýleki ýollarda bolşy ýaly, Damana-da öz ösüş ýoluny halypa şägirtlik usuly bilen adygan XIX asyrda ýaşap geçen ussat bagşy Durdy änewliden alyp gaýdýar. Onuň ýoluny, kesp-kärini ogullary dowam etdirýärler. Olardan Hojamyrat bagşy, Halmyrat bagşy we agtygy Begmyrat bagşy dagy damana ýolunda gowy tanalýan bagşylardyr.

Bu ýoluň örüsiniň has giňelmeginde bagyrly Abylesen, Güwämet (Gurbanmyrat) bagşynyň bitiren işlerini belläp geçmegi mynasypdyr. Bu barada Türkmenistanyň halk artisti, gyjakçy sazanda Ata Ablyýew

bilen gürrüňdeş bolanymyzda Mylly aganyň agasy, Durdy bagşynyň şägirtleri bagyrly Abylesendir Güwämet bagşyny alyp, Gyzylarbat etrabynda ençeme toýlary sowandyklaryny, kähalatlarda toýuň köp bolmagy bilen şol ýerde ýaşaýandyklaryny, şeýlelikde, bu bagşyçylyk ýoly şol ýerde ykrar edilip, söýlüp diňlenýän ýol bolmagyny gazanandyklaryny gürrüň berýär. Soňra bu ýol şol ýeriň gagşal tiresinden bolan Batyr bagşy, Gazak gara ýaly ussatlar tarapyndan ösdürilip, kämilleşdirilip dowam etdirilýär. Şeýlelikde, bu ýol halk tarapyndan ykrar edilip, halypa şägirtlik usuly bilen nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize gelipdir.

Durdy bagşydan soňra Abylesen bagşy damana ýoluny öz ýaşaýan ýeri Bagyra hem Gyzylarbat sebitlerine ýaýradýar. Aşgabatly Goçmyrat bagşy dagy damana ýolunyň görnükli wekilleri hökmünde tanalýar eken. Mälim bolan maglumatlara salgylanyp, öz gözbaşyny Durdy bagşydan alyp gaýdýan damana bagşyçylyk ýolunyň XIX asyrdan biziň günlerimize çenli döwürdäki ussatlarynyň atlaryny şeýle tertipde, ýagny Durdy bagşy, Abylesen bagşy, Güwämet bagşy, Hojamyrat, Halmyrat (Durdy bagşynyň ogullary), Baýramdurdy Garaýew, Japar Hojanepesow, Oraz Begnyýazow ýaly bagşylar diýip görkezmek bolar. Bu bolsa damana bagşyçylyk ýolunyň halk tarapyndan ykrar edilendigine güwä geçýär.

Aýdym aýdylanda açyk, zowwan ses ulanylyp bokurdak täňdermesi, jukguldy ýaly elementler ulanylmaýar. Özboluşly ses gaýnatmalary, zaryn perdeleriň üsti bilen zaryn heň öwrümleri, zaryn owaz bagşyçylyk ýoluna mahsus häsiýetlerdir. Şonuň üçin hem bu ýoluň aýdymlary öz zaryn heň öwrümleri bilen diňleýji köpçüliginiň näzik duýgularyna täsir etmegi başarýar. Elbetde, goňşy halklaryň biri-biriniň diliniň, däp-dessurynyň, sungatynyň bellibir derejede täsir edýändigini bilýäris. Şonuň üçin damana ýolunyň käbir zaryn heň öwrümleriniň azerbaýjan, kürt heňlerine mahsus bolan elementleri ýadyňa salýandygy geň däldir.

„Ak ýüzli Maralym”, „Jigijan”, „Nar agajy” ýa-da onuň heňine sanalýan „Ýaryň güli geldi, özi gelmedi” ýaly aýdymlar damana ýolunyň görnükli mysallary bolup biler.

## Salyr-saryk ýoly

Mary we Tagtabazar (Pendi) etraplarynda giňden ýaýran Salyr-saryk ýoly öz ösüş ýoluny has irki döwürlerden alyp gaýdýar. Bize mälim bolan maglumatlara görä beýleki bagşyçylyk ýollarynyň ussat wekilleri esasy XIX asyra degişli bolsa, Salyr-saryk ýolunyň käbir bagşylarynyň XVIII asyra degişli wekilleriniň atlary gabat gelýär. Bu bolsa Mary etrabynyň bagşyçylyk sungatynyň has irki döwürlerden bäri ösüp kämilleşendigine güwä geçýär. Salyr-saryk ýoluna dutaryň, tüýdügiň ýanynda ýanama aýtmak usuly hem giň ýaýrandyr. Şonuň üçin bu ýerde bagşyçylyk bilen birlikde tüýdük sazy hem has ösendir. Bu ýoluň düýbüni tutan Jepbar saryk diýlip hasap edilýär. Atlary rowaýatlara öwrülip giden Kör gojaly, Nobat bagşy, Garly Ýolaman (uly Garly), Muhy bagşy, Oraz Salyr, Garly Soltan (kiçi Garly), bular saryk ýolunyň Jepbardan soňky uly ussatlarydyr. Mary etraby üçin dürli sebäplere görä tüýdük, ylaýta-da gargy tüýdük häsiýetli bolupdyr. Munuň şeýledigini bagşyçylyk tüýdüge ýanap aýdylmak usulynyň tüýdük sazlaryny özbaşdak (aýdymsyz) çalmak usulynyň diňe Mary sebitlerinde ösüp, şol ýerde hem belent professionallyk derejesine ýetirilendigi-de şaýatlyk edýär. Galyberse-de, tüýdük saz guraly bilen öçmejek yz galdyran ussatlardan: Mahmyt Aryk aryklar tiresinde, Agajan tüýdükçi (Ýazmuhammet Kösäniň halypasy), Soltan tüýdükçi (kiçi Garlynyň halypasy), kakasy Ýazmuhammet Köse (Baky Maşakowyň halypasy) we başgalary mysal getirmek bolar.

Salyr-saryk ýoluny beýleki ýollardan mese-mälim tapawutlandyrýan esasy aýratynlyk bu ýerde aýdymlaryň we sazlaryň iňňän ösenligidir. Bu ýoluň aýdymlary we sazlary häzirki güne çenli halk arasynda ýerine ýetirilip, halk köpçüligi tarapyndan diňlenilip gelinýär.

Muňa mysal edip: „Ala gaýyşly”, „Durnanyň”, „Aýlansam”, „Ýar gara gözli”, „Torgaý guşlar”, „Leýli gelin”, „Aýjemal”, „Öwezim” ýaly aýdymlar mysal bolup biler. Bu sazlaryň haýsy biriniň heňini alsaň-da aýdym bolup ýaňlanýar.

Aşgabatda radio gepleşikler stansiýasy açylyp, bagşy-sazandalaryň merkeziniň döredilmegi bilen ol ýerde salyr-saryk ýoluna hem Oraz Salyr, Garly bagşy, Nobat bagşy ýaly görnükli wekilleriniň işe çagyrylmagy bilen dutar sungaty babatda salyr-saryk ýolunda täze etap

başlanýar. Şeýlelikde, salyr-saryk ýolunyň-da aýdym-sazlarynyň ýörite dutar üçin işlenen instrumental eserleri peýda bolup ugraýar.

Bu ýoluň görnükli wekillerinden Oraz Salyr uly şöhrata eýedir. Onuň ussatlyk bilen ýerine ýetiren halk aýdymlaryndan „Sen-sen“, „Garybym“, „Tüni derýa“, „Könegüzer“, „Badysaba“ diýen halk aýdymlary giň köpçülige ýaýran aýdymlardyr. Oraz Salyr süýji labyzly, belent, ýakymly sesli bagşy bolmak bilen birlikde, saz döredijihökmünde hem tanalýar. Şol sanda Giçgeldi Amanow, Kiçi Geldimyradow, Rejep Gylyjow we başgalar Oraz Salyryň aýdym terbiýesini gören bagşylardyr.

Salyr-saryk ýolunda türkmen halk aýdym-sazlaryny ýerine ýetiren halypa bagşy Garly bagşynyň ýerine ýetirijilik ussatlygy, kesgitli döredijilik ýoly bagşy-sazandalaryň ünsüni özüne çekýär we professional bagşyçylyk sungatynda görelde bolup durýar. Ol baran ýerinde uly hormat bilen garşylanýardy, toýlarda onuň aýdýan aýdymlaryndan uly lezzet alýardylar. Garly bagşy „Torgaý guşlar“, „Leýli gelin“, „Näzliniň“, „Ogulbeg“, „Peýmanyň“ we onlarça aýdymlary özboluşly ussatlyk bilen ýerine ýetirýärdi. Ol aýdymlar şu güne çenli hem Garly bagşynyň aýdyş nusgasynda aýdylyp, bagşylaryň repertuarynda ýaňlanyp gelýär.

Aýdymçy, dutarçy, gyjakçy, tarçy we sazanda-kompozitor Nobat bagşy hem bu ýoluň görnükli wekili bolmak bilen türkmen halkynyň bagşyçylyk sungatyny uly abraýa ýetiren halypa bagşydyr. Onuň repertuary örän giň, şeýle hem onuň özboluşly ýerine ýetirijilik nusgasy bar. Nobat bagşy birnäçe gezek radioda, filarmoniýada çykyş etdi. Onuň ýazylyp alnan aýdymlary şu güne çenli ýaňlanyp durýar. Şolardan „Şirmaýy daragy“, „Amman-ammany“, „Owadan gelni“ mysal getirmek bolýar. Nobat bagşy däbe eýerip, birnäçe şägirtleri terbiýeläp ýetişdirdi. Şolardan biri-de öz ogly Ödeniýaz Nobatowdyr.

## Çowdur ýoly

Bu bagşyçylyk ýoly, esasan, Daşoguz welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň demirgazyk günbatarynda, çowdur taýpalarynyň ýaşaýan obalarynda geçen asyrlardan bäri esaslandyrylyp, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Bu ýoluň bagşylaryny diňläniňde, Daşoguz etraplarynyň

bagşylarynyň ýerine ýetirijilik usulynda käbir meňzeşlikler duýulýar. Bagşyçylygyň dessan aýtmak usuly, gyjak saz guralynyň bagşa sazandarlyk etmekde esasy rol oýnaýşy (çowdur ýolunda bagşa iki gyjakda sazandarlyk edilýän wagtlaram bolýar) ýaly käbir umumylyklar bu bagşyçylyk ýollarynyň biri-birinden tapawutlary ýok diýildigi däldir. Bu ýolda ses ýomut-gökleň ýolundaky ýaly bokurdaga salnyp, gysylyp ulanylman, göni zowwam ses, jukguldy, güňleç urgy görnüşinde bolman, ýöntemräk ýerine ýetirilýär. Çowdur ýolunyň soňky halypalarynyň biri bolan Palta bagşynyň ýerine ýetirijilik usulyna seredeniňde, beýleki bagşyçylyk ýollarynda bendiň her iki setirinden soň boş kakuw bilen ýa-da şol aýdymyň kiçiräk heň öwrümi çalnyp, sese säginme berýän bolsa, çowdur ýolunda bent bir demde sanalyp, soňky setir kem-kemden ýokarlanyp, iki-üç gezek gaýtalanýandygyny görýäris. Bu bolsa çowdur ýolunyň häsiýetli tapawutlarynyň biridir. Bu ýolda „haý“, „aý-heý“, „weý-weý“ ýaly goşulma sözler köp ulanylýar. Aýdymlaryň jukguldy bermeli ýerlerinde „häk-häk-häk“ ýaly sesleriň jukgulda ýazyp gitmegi bu ýoluň häsiýetli tarapydyr. Aýdymlaryň heňleri her bentden soň soňky setiri gaýtalamak ýa-da jukguldy bilen utgaşdyrylyp çalynýar. Esasy alyp baryjylyk funksiýany ýerine ýetirýän gyjak saz guraly çalnanda hem bu ýolda perdeden perdä kakuwsyz süýşüp çalmak usuly köp ulanylýar. Bu ýolda hem gyjak sazy ösendir. Hanjan gyjakçy, Babajan işan, Janmämmet gyjakçy, Gazak Kakaýew ýaly ussatlar bu ýoluň gyjak saz ýerine ýetirijiliginde uly ýol goýan halypalardyr. Özbaşdak ýol bolmak üçin zerur şertleriň biri, bu bagşyçylyk ýoly asyrlardan biziň günlerimize halypa-şägirtlik usuly bilen getiren ussat bagşylaryň sanawyny düzmek mümkinçiligi çowdur ýolunda ýeterlikdir. Ysmaýyl bagşy, Palta bagşy, Gammar bagşy, Allanur bagşy, Jumamyrat bagşy, Täjibaý Gurbanow ýaly bagşylar bu ýoluň öz diňleýjileri tarapyndan ykrar edilen ussatlardyr. Bu ýoluň häzirki döwürde hem dowam etdirilmegi bagşyçylyk ýoluna halk tarapyndan ykrar edilen özbaşdak ýol diýmäge esas döredýär.

## Amangeldi Gönübekow

Amangeldi Gönübekow 1881-nji ýylda Gökdepäniň Babarap obasynda eneden bolýar.

Gönübekowlaryň maşgalasy sazandalar maşgalasy hasaplanypdyr. Şol maşgalada ýetişip sazandalar halkyň ünsüni özüne çekipdir. XIX asyryň aralyklarynda XX asyryň başlarynda Gönübekowlaryň ady türkmen halk saz sungatynda aýratyn tapawutlanýar. Amangeldiniň kakasy-da, atasy-da (onuňam ady Amangeldi Gönübek ekeni) güýçli sazanda bolupdyr we özüniň ölmez-ýitmez sungatyny birnäçe terbiýeläp ýetişdiren bagşydyr sazandalaryna geçiripdirler. Şonuň ýaly-da olar şu güne çenli dowam edip gelýän ençeme türkmen sazlaryny döredip, altyn fonda goşdular.

Ata-babasynyň terbiýesini alan, özi-de zehine baý bolan Amangeldi ýaşlykda çopançylyk edýär we onuň daşyndan hem dutar çalmagy öwrenýär.

Amangeldi on sekiz ýaşynda Tejene göçüp gaýdýar we bu ýerde halypalardan Kel bagşy, Nagdaý bagşy, Annagurban bagşy, Burkaz bagşy, Hudaýnazar bagşy, Garaja Salyr bagşy bilen tanyşýar.

1918-nji ýylda ol ýene Gökdepä göçüp gelip, Abylesen bagşy bilen çykyş edip başlaýar.

Amangeldi Gönübekow 1936-1955-nji ýyllar aralygynda Türkmen döwlet filarmoniýasynda, türkmen radiosynda sazanda bolup işleýär. Onuň şirin mukamlary respublikanyň ähli künjeginde ýaňlanyp, diňleýjileriň söýgüsine mynasyp bolýar. Aýratyn-da Keminäniň setirlerine döreden aýdymlary şeýle hem täze temada döreden “Türkmenistan”, “Ýeňiş”, “Ýaryş” diýen aýdymlary Amangeldi Gönübekowy has-da uly hormata ýetirýär. Ol ömrüniň tä ahyryna çenli türkmen halk aýdym-sazyna hyzmat edip geldi we onuň taryhynda öçmez yz galdyrdy.

Amangeldi Gönübekow 1963-nji ýylda aradan çykýar.

## Kel bagşy

Türkmen milli saz sungatynyň ösmeginde we onuň taryhynda öçmez yz galdyran Kel bagşy. Özüniň belent hünärinde ussat sazanda, şeýle hem birnäçe sazandalaryň halypasy hökmünde özüni tanatdy we köpçüligiň çäksiz söýgüsine mynasyp boldy.

Kel bagşy Yzgant obasynda 1850-nji ýylda eneden bolýar. “Kel” onuň lakamy bolup, hakyky ady Allaberdidir. Kel bagşynyň ata-babasy-da sungata uly hormat goýupdyrlar we onuň kakasy Aýdogdy

hem ökde sazanda bolupdyrlar. Şol döwürde bir saz bilen gün-güzeran geçirmek maşgalany dolamak agyr bolansoň Aýdogdy aga, esasan, ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. Emma onuň deregine eliniň sypynan wagty ogly Allaberdä dutar öwredýär. Nesil yzarlap gelýän bu hünäri ýiti zehinli Allaberdi hem uly höwes bilen dowam etdirip başlaýar.

Allaberdi 17-18 ýaşlaryna ýetiberende kakasy ony özi bilen Gökdepä alyp gidýär we şol döwrüň tanymal sazandalary Amangeldi Gönübegiňkide saklanýar. Amangeldi Gönübek Allaberdini mazaly synlaýar-da, onuň kellesine pitikläp: “Heýt, Kel... mundan ökde sazanda çyksa gerek!” diýip degşipdir. Halypa sazandanyň bu çaklamasyny uzagyndan hakykat tassyklaýar we onuň “kel” diýen sözi-de dilden-dile geçip, lakama öwrülýär.

Ýaş ýetginjek Allaberdi öz halypasynyň berýän tälimini, onuň saz repertuaryny yhlas bilen öwrenip, tiz özleşdirýär. Ýiti zehinli ýüwrük eli bilen haýran galdyrýar. Allaberdiniň at owazasy il içine ýaýrap, şöhraty gitdigiçe artyp başlaýar. Aýratyn hem ol ýaşlygyna garamazdan, şol döwrüň atly bagşylaryndan Kepele (Kör) bagşa, Batyr bagşa sazandalyk edip, özüniň ökde sazanda bolup ýetişendigini diňleýjilere ynandyrýar.

Bir halypa öz şägirdine “pata” berensoň, ol şägirdiň ýene birnäçe tanymal halypalardan tälim almaklygy şol döwrüň bagşyçylyk sungatynda däp hökmünde dowam edip gelýärdi. Il içinde ýörgünli ady “Kel bagşy” diýlip tutulýan Allaberdi hem Amangeldi Gönübekden pata alansoň, türkmen milli däp-dessuryna eýerip, ady türkmen topragyna belli bolan sazanda Gulgeldi ussa şägirt bolýar.

Şu güne çenli bagşy-sazandalaryň repertuarlaryndan düşmän gelýän “Hatyja”, “Jerenim”, “Suwa geledir”, “Kepderi”, “Ak eşekli”, “Ýusup owgan” diýen aýdymlar, mukamlar Kel bagşydan galan saz mirasymyzdyr. Kel bagşy birnäçe sazanda-bagşylary hem terbiýeläp ýetişdiripdi. Şolardan Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Mylly Täçmyradowy, sazanda Täçmämmet Suhangulyýewi, Türkmenistanyň halk artisti Pürli Saryýewi, meşhur aýdymçy Sary bagşynyň we başga-da birnäçeleri mysal getirmek bolar. Kel bagşy (Allaberdi Aýdogdyýew) 1923-nji ýylda Aşgabat şäherinde aradan çykdy.

## Täçmämmet Suhangulyýew

Meşhur sazanda, Türkmenistanyň ilkinji mukamçy-kompozitorlarynyň biri Täçmämmet Suhangulyýew sazymyzyň uly wekillerindendir. Türkmen halk sazymyzyň pajarlap ösmeginde onuň hyzmaty çäksizdir.

Täçmämmet Suhangulyýew 1865-nji ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynda dünýä inýär. Ahal etrabynyň Amangeldi Göni, ýene şolar ýaly halypalaryndan hörp baglan Täçmämmet Suhanguly wagtyň geçmegi bilen zamanasynyň ussat sazandasy bolup ýetişýär.

Täçmämmet Suhangulyýew ilki-ilkiler zamandaş bagşylarynyň ýanynda saz çalyp gezýär. Soň-soňlar bolsa, ussatlaryň sungatyna eýerip, onuň özem mukamçylaryň hataryna goşulyp gidýär.

Ýigriminji ýyllaryň aýaklarynda Aşgabat şäherinde jemlenen bagşy-sazandalaryň arasynda Täçmämmet Suhangulam bardy. Şonda ol güneşli ülkämiziň çar künjeginden gelen bagşy-sazandalaryň baştutanlaryň biri bolýar. Aýdym-saz ansamblynyň ilki başyny başlamaklyk Täçmämmet Suhangulynyň paýyna düşýär. Türkmenistan radiosynda, sazly drama teatrlarynda, türkmen döwlet filarmoniýasynda köpleri özüniň sungatynyň yzyna eýerdip, saz çalyp gezýär.

Ol öz ogullary Hojamämmedi, Çaryny ökde sazandalar edip ýetişdirýär. Özüniň uly sungatyny şol beýikligi bilen ogullaryna öwretmäge hötde gelýär.

Otuzynjy ýyllaryň başlarynda bolsa halk saz gurallary ansamblynyň örüsi giňäp başlaýar. Şol ýyllar ol beýleki bagşy-sazandalar bilen bile Moskwa şäherine gidip, oba hojalygynyň gazananlarynyň sergisine gatnaşýar. Sergide saz çalyp, türkmen dutarynyň gudratyny görkezýär. Ol otuzynjy ýyllaryň dowamynda türkmen ilimiziň dürli ýerlerinden gelen bagşylara sazandalyk edýär.

1936-njy ýylda Moskwa şäherine aýdym-saz ýazgysyna gidýär. Şol ýazga gidenleriň arasynda Täçmämet Suhangulam bolup, ol Türkmenistanyň halk bagşysy Sahy Jepbaryň, Giçgeldi Amanyň, Oraz Salyryň, Hüýrsähet bagşynyň aýdan aýdymlaryna sazandarlyk edipdir.

Täçmämmet Suhanguly diňe meşhur mukamçy bolman, ol mukamçy kompozitorlaryňam biridi. „Azatlyk”, „Bag içinde”, „Türkme-

nistanym” atly sazlary döredipdi. Şonda onuň öz döreden „Azatlyk” atly sazy hem ýazga alynýar.

Täçmämmet Suhanguly „Dag arman”, „Gyzdurdy” ýaly ene heňlerinden başlap, mukam kerweniniň hakyky ýesiridir.

Meşhur sazanda 1940-njy ýyllarda Türkmenistanyň aýdym-saz döredijiler birleşiginiň agzalygyna kabul edilýär. Tä ömrüniň ahyryna çenli ol ýaşlara aýdym-sazy öwredip gezýär. Onuň töweregindäki bagşy-sazandalarynyň hemmesi oňa „Halypam” diýip ýüzlener ekenler. Ondan sazyň inçe syrlaryny, olaryň takyk hasaplaryny sorar ekenler. Ol türkmen halkymyzyň saz mirasynyň gyzykly taryhyndan gürrüňler berer eken. Şeýlelikde, ol saz sungatynda ölmez-ýitmez nusgalary goýup gidipdir.

Täçmämmet Suhanguly 1942-nji ýylda aradan çykýar. Meşhur sazandanyň sungat edebini Hojamämmet Täçmämmet, Çary Täçmämmet, agtygy Ata Täçmämmet dagy dowam etdiler.

Sazandanyň kowumlary häzir Aşgabat şäherinde ýaşaýarlar.

## Mylly Täçmyradow

Türkmen saz sungatynyň meşhur ussady, ençeme türkmen bagşy-sazandalaryň halypasy Mylly aganyň adyny türkmen topragynda uludan-kiçä tanamaýan ýokdur. Mylly Täçmyradowyň repertuaryna seredeniňde oňa „Türkmen halk saz sungatynyň janly ensiklopediýasy” diýip baha bermek bolýar. Onuň repertuary diýseň giňdi, ol her bir ýönekeýje aýdyma, saza-da täzelik girizmegi başarýan ussatdy.

Mylly Täçmyradow 1886-njy ýylda Gökdepäniň Ýaňgala obasynda daýhan maşgalasynda eneden bolýar.

Saza bolan höwes onda çagalykdan başlaýar. 1898-nji ýylda olaryň maşgalasy Aşgabada göçüp gelýär we ol bu ýerde ilkinji sapagy ussat sazanda Muhammetmyratdan alyp başlaýar.

Mylly Täçmyradow 15 ýaşyna ýetende, ilkinji gezek tanymal Sary bagşy bilen duşuşýar. Şol günden başlap, ol Sary bagşynyň şägirdi we mydamalyk sazandasy bolýar. Myllynyň bagşylaryň tanymal halypasy Sary bagşynyň yzyna eýerip bilmegi, onuň bilen ýerlere gidip, aýdym-saz etmegi onuň zehinli sazanda hökmünde tanalmagyna sebäp bolýar we uly şöhrata ýetirýär.

Ýaş sazandanyň durmuşynda ikinji bir täsir galdyran wakalardan biri, onuň Baýramalyda türkmenleriň abraýly sazandasy Kel bagşy

bilen bolan duşuşygydyr. Mylly aganyň çalşyny perde yzarlaýşyny, basyşyny Kel bagşynyň ýürekden makullamagy oňa täze güýç goşýar. 1921-nji ýyldan Kel bagşynyň şägirdi bolup, ol halk mukamlarynyň ençemesini öwrenýär. Netijede onuň ussatlygy barha ösýär, repertuary baýlaşýar.

Kel bagşy ölenden soň, Mylly aga Kaka etrabynyň Mehinli obasyna göçüp gelýär.

Mylly aga elini dutara bir ýetirensoň şirin owazlar dünýäni aýlanyp çykardy. Ilki başyny asman bilen diňläp oturan keremli daglara barardy. Kyblasyna bakyp, çölde gezen ak jerenleri taryplardy. Soň bolsa gadymy “Gyryklaryň” çetinden girip, “Döwletýar gyryk”, “Selbinýaz gyryk”, “Kelte gyryk”, ”Ýandym gyryk”, garaz şolaryň hemmesini çalardy. “Gyryklary” çalyp boldum edensoň bolsa, aşyk-magşuklaryň ahu-nalasyny saz bilen yzlap, “Gözüm bir gülzara düşdini”, “Bilbil gördümi”, “Hatyjany”, “Sataşdymy” çalardy.

1930-njy ýylda Mylly Täçmyradowy Aşgabat radiosyna işe çagyrýarlar. Ol tä ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde işleýär.

Mylly Täçmyradow aktiw jemgyýetçi we ökde mugallym hökmünde hem özüni tanadýar. 1932-nji ýyldan 1945-nji ýyla çenli ol Aşgabadyň ýörite orta sazçylyk mekdebinde dutardan sapak berýär. Şeýle hem ol ýygy-ýygydan daýhanlaryň, işçileriň öňünde estradalarda çykyş ederdi.

Mylly Täçmyradow türkmen aýdym-saz sungatyny esaslandyryjylardan biridir. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda “Ugradyş”, “Hüjüm”, “Ýeňiş” diýen sazlary döretdi. Onuň sazlary diňleýjileriň söýgüsine mynasyp boldy. Uruş ýyllaryndan soň pagta meýdanynyň gahrymanlaryna bagyşlap birnäçe eserleri döretdi. Olardan “Hasyl ýygyjy”, “Şöhrat saňa”, “Gyzyl kerwen” we başga-da birnäçe aýdymlary mysal getirip bolar.

Mylly Täçmyradowyň birnäçe mukamlary ýazylyp saklanýar we olar şu güne çenli öz gymmatyny ýitirmän gelýär.

1945-nji ýylda Mylly Täçmyradowa Sungatda Türkmenistanyň at gazanan işgäri diýen at berilýär.

Mylly Täçmyradow 1960-njy ýylda 74 ýaşynyň içinde aradan çykýar. Mylly Täçmyradowyň türkmen sungatyny we onuň milli sazyny we çalyş ussatlygyny ösdürmekde bitiren hyzmaty üçin Türkmen döwlet filarmoniýasyna onuň ady dakyldy.

## Pürli Saryýew

Öz halkynyň ruhy siňen, halkyň ruhy baýlygy bolan saz mirasymyzy biziň günlerimize ýetiren ussatlaryň atlary häzirki döwürde hem uly hormat bilen tutulýar. Şeýle hormata mynasyp, ussat sazanda Pürli Saryýew 1900-nji ýylda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň Bamy diýen ýerinde meşhur Sary bagşynyň maşgalasynda dünýä inýär. Onda aýdym-saza bolan söýginiň ir oýanmagynda, kakasy Sary bagşynyň ýetiren täsiri uludyr. Onuň gözüni açyp göreni aýdym-saz ýa-da ol baradaky gyzykly gürrüňler bolýar. Ol heniz alty ýaşyndaka saz çalmagy öwrenip başlaýar. On bir ýaşyna ýetende kakasy meşhur bagşa gyjakda sazandarlyk edip, toý-meýlislere gatnaşyp ugraýar. Onuň ötgür zehini, ýiti eli dutara-gyjaga deň erk etmäge mümkinçilik berýär. Toý-meýlislerde ýaňy adygyp ugran Pürli Saryýewiň Kel bagşy bilen tanşyp, onuň berk talap ediji saz mekdebinde sapak almagy, sazandanyň “jebir berýän zehin taplamagynda” öçmejek yz galdyrýar. Ussat halypa Täçmämmet Suhangulyýewden hem köp sazlary öwrenip öz repertuaryny baýlaşdyrdy. Onuň ýerine ýetirijilik ýollary dürli bolan Garly bagşy, Nursähet bagşy, Magtymguly Garly, Sahy Jepbarow ýaly atly bagşylara sazandarlyk etmegi Pürli Saryýewiň ussatlyga ýetişen kämil sazandadygyny halka äşgär etdi. 1934-nji ýylyň 5-nji martynda ýiti zehini we beýik sungaty bilen halkynyň aňyna baky giren meşhur Sary bagşy aradan çykýar. Ilkinji halypasy, kakasy, ussat Sary bagşynyň ajy aýralygy, Pürli Saryýewiň ilkinji “Bagyşlanýar” atly sazynyň döremegine sebäp bolýar. 1939--njy ýylda Moskwada halk sazandalarynyň arasynda ikinji baýrakly orna mynasyp bolmagy onuň ýiti zehinine, ezber eline, kämil saz ýerine ýetirijiligine berlen uly baha bolupdy. Şol ýyl Pürli Saryýewe Türkmenistanyň at gazanan artisti diýen hormatly at dakylýar. 1940--njy ýylda döredilen Türkmenistan kompozitorlarynyň agzalygyna kabul edilen sazanda, şol ýyllar özüniň “Türkmenistan”, “Şatlyk”, “Säherde” ýaly aýdymdyr sazlaryny döredýär.

1941-nji ýylyň mart aýynda döredilen halk saz gurallary orkestrinde işlän döwri, bu toparyň repertuary üçin “Öň hatarda”, “Ýigitler” ýaly saz eserini döredýär. Bu döwre çenli ol Berdi Kerbabaýewiň goşgularyna “Erk elinde”, “Zarpçy”, “Ýeňilje marş”, “Pagta”, Ga-

raja Burunowyň goşgusyna “Ur, çekijim” ýaly aýdym-sazlary bilen dörediji awtor hökmünde özüni tanadypdy. Şeýlelikde, Pürli Saryýew döredijilik ýoluna ymykly gadam basýar. Döwrüň her bir täzeligine öz dörediji sesini goşmagy başaran sazanda, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda öz bütin ylhamyny, zehinini halkynyň ýeňşine gönükdirdi. Bu ussadyň ezberlik bilen çalýan sazlary, zehin gazanyndan gaýnap çykan joşgunly aýdymlary beýik maksat ugrunda göreşýän halkyny täze gahrymançylyklara ruhlandyrýar. Pürli Saryýewiň bu asylly zähmetine hökümet “1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunyň ýyllarynda edermenlikli zähmeti üçin” diýen orden bilen sylaglap, uly baha berdi.

Uruşdan soňky ýyllar Pürli Saryýew Türkmenistan radiosynyň halk saz gurallary ansamblynda solist, soňra şol kollektiwiň ýolbaşçysy bolup işlän döwründe milli sungatymyzy dowam etdirip biljek birnäçe bagşy-sazandalara öz inçe sungatyny sahylyk bilen öwretdi.

Türkmenistanyň halk artistleri Giçgeldi Amanowyň, Kiçi Geldimyradowyň, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Nurjemal Adyýewanyň, Tugur Berdinyýazowyň sungat äleminde öz orunlaryny tapmaklarynda Pürli Saryýewiň çeken zähmeti uludyr. Bu bagşy sazandalar gönüden-göni Pürli aganyň ýetişdiren şägirtleridir. Bu ussadyň döredijilik tematikasy köp taraplydyr. Onuň Rehmet Seýidowyň “Lälezar bolar”, Nepesgeldi Omadowyň “Mähriban”, “Zähmet gahrymany”, Akjemal Omarowanyň “Watan”, “Bu gün”, Aňňa Goşaýewiň “Höwesli” diýip atlandyrylan goşgularyna aýdymlar döredýär.

Ussatlyga ýetişen her bir sazandanyň özüne mahsus döredijilik ýoly bolýar. Şeýle özboluşlylyk Pürli aganyň saz çalşynda aýdyň şöhlelenýär. Onuň ýiti zehini, ýüwrük eli asyrlar boýy taplanan çylşyrymly mukamlarymyzda ussatlarça hötde gelmäge mümkinçilik berýär. Pürli aga çylşyrymly mukamlarymyzyň asyl nusgalaryny çalmak bilen çäklenmän, ol sazyň tempini gowşatmazdan, improwizasiýa edip, öz goşandyny hem goşmagy başarýan ussatdyr. Onuň zehin gazanynda taplanan “Senem geldi”, “Kerem geldi”, “Näler göründi”, “Ýow bagşy”, “Aşyk oglan” ýaly sazlaryň “Pürli aganyň çalşy” diýen atlara eýe bolmagy oňa halk tarapyndan ussat sazanda diýilmekligine mümkinçilik berýär. Pürli Saryýew ýiti zehinli, ussat sazanda-bagşylara hem örän uly hormat goýar ekeni.

Onuň zehin gazanynda döreden “Ynjytma”, “Maral geldi”, “Kepderi”, “Uçradym”, “Jerenim”, “Ussadym” ýaly halk sazlaryna öwrülip giden birtopar sazlary öz halkyna miras goýan ýadygär eserleridir. Beýle durmuşy fakt bolsa ussat sazandanyň ylham çeşmesiniň belentdigini, döredijilik baýlygynyň egsilmez derejede bolanlygyny açyk beýan edýär.

Milli saz sungatymyzyň guwanjy, ahal ýolunyň ýene uly wekilleriniň biri Pürli Saryýew bu talapkär ussadyň saz mekdebinde sapak alyp ýetişen halypadyr. Pürli Saryýew saz çalanda adaty ýerine ýetirijilik prinsipinden ugur alýar. Ol sazlaryň kakuw strukturasyny üýtgetmek, seslere düşýän aksentiň ýerini çalşyrmak ýaly usullary ulanmaýar. Onuň çalýan sazlarynyň köpüsinde, sazlaryň asyl nusgasyny ýoýmazdan, öz goşantlaryna, improwizasiýalaryna gabat gelmek bolýar. Ol muny ýiti zehininiň, basýan eliniň ussat tehnikasynyň, dutaryň saz ýerine ýetirijilik mümkinçiligini ussatlarça duýmagynyň hasabyna gazanýar. Pürli aganyň ýerine ýetirmeginde “Kepderi”,”Hatyja”, ”Senem geldi”, ”Ýow bagşy”, ”Näler göründi” ýaly sazlara içgin düşünip diňläne onuň saz goşantlaryny duýmak kyn bolmasa gerek.

Pürli Saryýewiň ýiti zehini, ussatlyk tehnikasy, sazy täsin duýmagy onuň ýerine ýetirijilik usulyny formirleýär. Bu usullar Pürli Saryýewe sazanda-improwizator, sazanda-wirtuoz diýmäge esas döredýär.

Ökde pedagog, çuň zehinli kompozitor-melodist Pürli Saryýew 1971-nji ýylyň 7-nji noýabrynda aradan çykdy.

Şeýle bolsa-da, Pürli Saryýew öz sungaty bilen halkyň aňynda baky ýaşamaga hukuk gazandy. Şoňa görä-de onuň ýerine ýetirijilik usuly häzirki we geljekki sazandalarymyza döredijilik we ýerine ýetirijilik mekdebi bolup hyzmat eder.

## Ata Ablyýew

Aňrysyny Alyseýitden alyp gaýdýan Ahal gyjagynyň şu günki ussatlarynyň birisi, meşhur sazandamyz Türkmenistanyň halk artisti Ata Ablydyr. Ýarym asyrdanam gowrak wagt bäri gyjak çalyp gelýän halypa sazandanyň şondan bäri saz bilen külterlän ýoluny diýsene. Özünden öňki saz sütünlerini nusga edinen gyjakçy Ata Ablynyň ömür

kyssasynyň mukamlardan sowuljak gümany ýok. Türkmen sazynyň soňky ösüş ýyllaryny Ata Ablysyz göz öňüne getirmek mümkin bolmasa gerek. Sebäbi, ol sazymyzyň çylşyrymly ýollarynyň hemmesini geçdi.

Ata Ablyýew 1925-nji ýylda Aşgabat etrabynyň Ak suw obasynda eneden bolýar. Meşhur Durdy bagşylaryň (Durdy änewli hem diýilýär) aýdym-saz sungaty Ata Ably üçin uly nusga bolup hyzmat edýär. Ol ir ertir, giç agşam baryp, Durdy bagşynyň öýünden örlän bagşy-sazandalary diňleýär. Olaryň aýdym-sazyna özüniň ýaşlygyndan hemra edinen gyjagynyň sesini goşýar. Şeýdip, ol sazyň ilkinji gadamlaryny ädip ugraýar. Otuzynjy ýyllaryň aýaklarynda bolsa Türkmenistan radiosynyň, filarmoniýanyň bagşy-sazandalary bilenem ýakyndan tanyş bolýar. Ol ýerde meşhur Orazberdi gyjakçynyň, Türkmenistanyň halk artisti, sazanda Pürli Sarynyň, onuň inisi Oraz Sarynyň gyjakda çalýan sazlary ony özüne bendi edýär. Ata Ablynyň saz erkini elinden alyp, ony başga ýana goýbermeýär.

Ata Ably otuzynjy ýyllaryň aýaklarynda şol meşhur gyjakçylaryň sungatyna aralaşýar. Olar bilen aragatnaşyk edip, gyjakda çalynýan heňleriň onlarçasyny öwrenýär. Ol diňe gyjak sazlaryny öwrenmek bilen çäklenmeýär. Meşhur sazandalar Täçmämmet Suhangulynyň, Mylly Täçmyradyň, Pürli Sarynyň dutarda şeýle ussatlyk bilen çalýan sazlarynam birin-birin öwrenýär. Özbaşdak çalyp başlaýar.

Ussat sazandalaryň öňüni çekip barýan mukam kerwenleriniň alyslara alyp barýan owaz ýükünden Ata Ablam geregini edinýär. Ol ilki-ilkiler Türkmenistanyň at gazanan artisti Oraz Sary dagy bilen bile özüniň sungatynyň daşyna märeke baryny kökeren tanymal sazandasy bolup gezýär. Bagşylar bilen obalara bile baryp, gijelerini saz bilen geçirýär.

Kyrkynjy ýyllaryň ortalarynda ol kämil gyjakçy bolup ýetişipdi. Mylly Täçmyradowyň, Pürli Sarynyň çalýan sazlaryna özüniň gyjagynyň sesini ýaýdanman goşup bilýärdi. Mylly Täçmyrat, Jepbar Hansähet bilen bile çalan “Ýandym Leýli” sazam şol ýyllarda ýazylyp alnypdy. Ol ýyllaryň dowamynda onlarça bagşynyň sazandasy bolmak bilen olaryň aýdýan aýdymlaryny täzeden dünýä inen ýaly nusga öwrerdi. Obalardan gelýän bagşylaryň aglabasy Ata Ably-

ny gözlärdi. Aşgabada aýdym aýtmaga gelseler, Ata Abla ýaplanardylar. Ýanlarynda Ata Ablynyň gyjak çalmagyny haýyş ederdiler. Türkmenistanyň at gazanan bagşylary Musdak Aýmediň, Tuwakgylyç Gurbannyýazyň, Juma Wellegiň, olardan başga-da ýene onlap bagşynyň radiomyz üçin ýazga beren aýdymlarynda Ata Ablynyň gyjagynyň hoşboý owazy ýaňlanyp durandyr.

Ata Ably aýdym-saz döretmekde-de özüni tanadan ussatdyr. “Garrylar gerek”, “Sary gyz saklan biraz”, “Halyçy gelin”, “Ussada” ýaly aýdym-sazlaryň onlarçasynyň awtorydyr. Ýaş bagşy-sazandalaryň uly toparynyň halypasydyr. Ata Ably 1964-nji ýylda Türkmenistanyň at gazanan bagşysy, soň bolsa halk artisti diýen hormatly atlara eýe bolýar.

## Nurberdi Gulow

Nurberdi Gulow 1917-nji ýylda Gyzyletrek etrabynyň Şahman obasynda eneden bolýar. Nurberdi Gulow mekdepde okan döwründe çeper höwesjeňler toparyna gatnaşyp, ilki dutar çalmagy, soňra bolsa aýdym aýtmagy öwrenýär. Ol 1936-njy ýyldan 1943-nji ýyla çenli Gyzyletrek etrabynda daýhan bolup işleýär. Nurberdi şol ýyllarda bagşyçylygyny hem dowam etdirip täze ussatlar bilen duşuşýar, täze aýdymlar öwrenýär. Nurberdi Gulow 1944-nji ýylda Aşgabatdaky Döwlet filarmoniýasynda bagşyçylyk edip başlady, ýöne öz obasyny küýsäp, az salymdan soň işden çykyp gitdi. Ençeme ýyl Gyzyletregiň Medeniýet öýünde çeper ýolbaşçy bolup işläp, mekdeplerde aýdym-saz gurnaklaryna ýolbaşçylyk etdi. Ol ýaş höwesjeň oglan-gyzlara aýdym--saz öwretmegini we estetik terbiýe bermekde uly işleri bitiripdir.

Beýik Watançylyk urşy başlananda Nurberdi Gulam söweş meýdanyna ugraýar. Söweşde ol Kaka etrabynda Gylyç bagşy diýilýäniň esger ogly Meret bilen tanyşýar. Meret oňa söweş meýdanyna ýany bilen alyp baran dutaryny çalmagy öwredýär. Öňdenem birneme sazdan habarly Nurberdä bu uly goldaw bolýar. Iki dost söweş meýdanynda asudalyk bolan çaglary esgerlere aýdym aýdyp, saz çalyp berýärler. Şol ýyllary ol bagşyçylygyň güzerinden ýaňy inen pursatlary hasaplaýar.

Nurberdi Gulow Akmämmet Nurmämmet, Aşyr Gurban, Nurýagdy Zypdaly ýaly ilhalar bagşylary ýetişdirdi. Nurberdi Gulowyň türkmen sa-

zyny ösdürmekde bitiren hyzmaty üçin oňa 1968-nji ýylda döwletimiziň Medeniýetde at gazanan işgäri diýen hormatly at dakyldy.

Türkmenistanyň halk bagşysy Nurberdi Gulow 1992-nji ýylda aradan çykdy. Onuň okuwçylara bagşyçylyk sungatyny öwredip gezen mekdebine ady dakyldy. Bagşynyň kowumlary Balkan welaýatynyň Gyzyletrek etrabynda ýaşaýarlar.

## Magtymguly Garlyýew
## (Çuwal bagşy)

Türkmenistanyň halk bagşysy Magtymguly Garlyýew ýurdumyzda deňi-taýy bolmadyk zehinli bagşylaryň biridir. Magtymguly Garlyýewiň ýörgünli lakamy Çuwal bagşy bolupdyr.

Magtymguly Garlyýew 1881-nji ýylda Kakanyň Öňbegi obasynda daýhan maşgalada eneden bolýar. Magtymguly çagalykdan sazy söýýärdi. Ýiti zehininiň bardygyny onuň ýaşlykda aýdyma hiňlenişinden, bagşylara öýkünişinden hem aňmak bolýardy. Şeýle-de bolsa onuň garyndaşlary aýdym aýdanyndan hojalyk işini edenini gowy görýärdiler. Zehinine üns berýän ýokdy. Magtymguly 1916-1917-nji ýyllarda ýerli baýlaryň gapysynda batrak bolup gezýär. Magtymguly uzak gün mal baksa-da, ot ýygsa-da, ekin ekse-de maksady-arzuwy aýdym bolupdyr. Magtymguly ýaşlykda obasynda horluga, kemsidilmäge sezewar edilýär. Bu horluga çydaman obadan çykyp, nirä-de bolsa bir uzagrak ýere gitmäni ýüregine düwýär. Onuň gitmäge saýlap tutan ýeri Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etraby bolýar. Ilki-ilkiler onuň göçüp baran ýerinde ýaşamak aňsat düşmändi. Daşoguz sebitiniň ilaty, esasan, dessançy bagşylary halardylar we olaryň ýerine ýetiriş usullary-da özboluşlydy. Bu däpler bolsa Magtymguly üçin täzelikdi. Şonuň üçin-de Daşoguz bagşylarynyň aýdym aýdyş ýoluny öwrenmek üçin görnükli dessançy Saparbaý bagşy bilen tanyşýar. Saparbaý bagşy 5-6 ýylyň içinde Magtymgula ähli repertuaryny diýen ýaly öwredýär. Şondan soň Magtymguly özbaşdak çykyş edip başlaýar. Magtymguly indi başarjaňlyk bilen Göroglydan „Bezirgen“, „Kempir“, „Harmandäli“, „Öweziň halas edilişi“, „Göroglynyň ölümi“ diýen şahalary, şeýle hem „Şasenem-Garyp“, „Huýrlukga-Hemra“ dessanlary ýerine ýetirýärdi. Bu ussat-

lyk oňa täze şöhrat getirip, ol indi Daşoguz topragynda hakyky bagşy hökmünde tanalýar.

Magtymguly Garly üç gije-gündiz bir aýdymam gaýtalaman aýdyp bilipdir, şondan soň oňa Çuwal bagşy diýen lakamy dakylypdyr. Magtymgulynyň döwründe güýçli bagşylar bilen döredijilik ýaryşlaryny guran wagtlary-da seýrek bolmandy. Bir gün Magtymguly Çeleken ýarym adasyna toýa çagyrylýar. Çelekende şol türkmen topragynda ady belli Çowdur bagşy hem bardy. Toý eýesi bu tanymal iki bagşynyň arasynda aýdym ýaryşyny guraýar. Obanyň bir çetinde Magtymgulyny, beýleki çetinde Çowdur bagşyny oturdýarlar we diňleýjileri-de ikä bölýärler. Ýaryşyň tertibinde „haýsy tarap özüne köp diňleýji toplar“ diýen şert durýardy. Bu aýdyşyk gijäniň bir wagtyna çenli çekýär. Diňleýjiler gezekli-gezegine ýerlerini çalşyp, biri-birlerinden pes oturmaýan bagşylaryň haýsy birini diňlejeklerini bilmän iki arada ser-sepildiler. Iki bagşynyň sesi-de obany gurşap alypdy. Halk ikisiniň-de kemsiz aýdyşlaryna haýran galýardy. Iň soňunda Magtymguly Garlynyň tapylgysyz zehinine göz ýetirip, Çowdur bagşy onuň ýanyna gelýär. Diňleýjiler şundan soň birleşýärler, şonda olar Magtymguly bagşynyň Çowdur bagşy ýaly uly ussat bagşy bolup ýetişendigine göz ýetirýärler.

1928-nji ýylda ol ýurdumyzda gyjakçy Sapar Bekiýew bilen duşuşyp, tä ömrüniň ahyryna çenli bile gezýärler. 1936-njy ýylda Magtymguly Garlynyň „Bibi“, „Janeý-jan“, „Oýan indi“, „Ýandym“, „Nowgül“ diýen aýdymlaryny gramplastinka ýazyp alýarlar.

1937-nji ýylda Daşoguzyň sazly-drama teatryna işe girip, Bally Mätgeldiýew, Ýagşygeldi Myşşyýew, Täjigül Jumaýewa, Gurban Seýitmämmedow, Ilaman Annaýew, Sülgün Meretgeldiýewa ýaly şägirtleri ýetişdirdi.

Magtymguly Garlynyň repertuary çäksiz giňdir. Ol 300-den-de gowrak aýdymy, 7-8 dessany çalyp, aýdyp bilýärdi.

Magtymguly özüni türkmen milli mukamçysy hökmünde tanatdy. Türkmenistan hökümeti Magtymguly Garlyýewiň halkyň öňünde bitiren hyzmatyna ýokary baha berip, oňa 1938-nji ýylda Türkmenistanyň at gazanan bagşysy diýen hormatly ady dakdy.

Magtymguly Garlyýew 1957-nji ýylyň 7-nji maýynda aradan çykýar.

## Nobat Bagşy
## (1900-1938)

XX asyryň I ýarymynyň atly halypa bagşysy hasaplanýan Nobat bagşy 1900-nji ýylda häzirki Tagtabazar etrabyna degişli Baýraç obasynda dünýä inýär. Geljekki tanymal aýdymçy, dutarçy, gyjakçy, tarçy we sazanda kompozitor Nobat Amansähedow şu obada öz çagalygyny geçirýär. Ol ýaşlygyny obada geçirensoň halk heňini, däp-dessurlaryň, türkmen milli edebiýatyny gowy bilýärdi. Nobat bagşynyň kakasy Amansähet bagşy öz kakasynyň dogany Gurban bagşy bilen sazanda hem aýdymçy hökmünde tanalýardy. Bu bolsa Nobatyň çeperçilik duýgusynyň, onda aýdym-saza bolan söýginiň ösmegine aýratyn täsir edýär. Gurban bagşy Nobadyň uly ukybynyň, höwesiniň bardygyny duýup, oňa çagalykdan dutardyr aýdym öwredip başlaýar, özüniň ähli söýgüsini, ussatlygyny ýaşajyk inisine siňdirýär. Netijede ol ýedi ýaşynda halkyň öňünde aýdym aýdyp çykyş edip başlaýar. Daýhanlar onuň näzijek, owadan, ýakymly çaga sesini höwes bilen diňleýärdiler. Haýran galdyryjy tebigy zehin gitdigiçe ösýärdi. Hatda ol owgan aýdymlaryny-da örän aňsatlyk bilen öwrenipdi. Nobat bagşy ýigrimi ýaşa ýetende bir kemsiz ýetişen ussat bagşy sazanda hasaplanylýar. Onuň repertuary örän giňdir. Şeýle hem onuň özboluşly ýerine ýetirijilik nusgasy bardy. 1925-nji ýylda onuň ussatlygyna saz öwreniji A.W.Uspenskiý uly baha berýär. Uspenskiý Nobat bagşydan „At çapar”, „Aýjemal”, „Ýarahym” diýen 3 aýdymy ýazyp alýar. Nobat bagşy däbe eýerip birnäçe şägirt ýetişdirdi. Şolaryň biri öz ogly Ödenýaz Nobatowdyr. Ödenýaz hem kakasynyň ýoluny dowam etdirip ussat aýdymçy, sazanda hökmünde tanalýar. Ödenýaz Nobatowa bitiren hyzmatlary üçin halk bagşysy diýen hormatly at berilýär. Nobat bagşynyň aýdymlary şu güne çenli radioda ýaňlanýar. Ol aýdymlardan „Şirmaýy darak”, „Amman-amman”, „Owadan gelin” we beýlekileri mysal getirmek bolar. Ol birnäçe aýdym-sazlary döredipdir. Emma gynansak-da, olardan bize gelip ýeteni ýok. Nobat bagşy 1938-nji ýylda aradan çykýar.

## Gulbaba Akyýew

Türkmen meşhur aýdymçy-sazandasy, oglanlykdan kämillige ýetişen Gulbaba meşhur sazanda Han Akyýewiň ogludyr. Ol 1956--njy ýylyň 22-nji aprelinde Han Akyýewiň döwletli ojagynda dünýä inýär. Gulbabajyk bäş-alty ýaşlarynda saz çalyp, ýeňiljek aýdymlary aýdyp başlaýar. Gulbabajyk okuw ýaşyna ýeteninden soňra, Mary şäherindäki 2-nji rus orta mekdebinde okady. Durşy bilen milli sungata ýugrulan Gulbabajyk döwlet derejesindäki uly-uly çykyşlara birnäçe gezek gatnaşyp, döwlet baýraklaryna eýe bolýar. Onuň şirin sesi radio-teleýaýlymlarda, konsertlerde häli-şindi ýaňlanýar. Gulbabajyk on ýaşynda 200-den köpräk halk aýdym-sazlaryny bilýär. Gulbabajyk „Daşgaladaky waka" filminde-de „Öz halkynyň bagşysy" bolup oýnaýar. Onuň ýerine ýetiren aýdymlaryndan „Öz halkymyň bagşysy men", „Begler" ýaly aýdymlary halkyň mydamalyk ýadynda galdy.

Türkmeniň ussat sazandalary Çary Täçmämmedow bilen Ata Ablyýew Gulbabany ýatlap şeýle diýer ekenler:

– Biz bir topar bagşy-sazandalar bilen tirkeşdik. Dürli-dürli ussatlary gördük. Aýdymçy gelin-gyzlaryň ýanynda saz çaldyk. Ýöne, Gulbaba ýaly alty ýaşynda ýetişen çaga bagşyny görmändik. Diňlenen gürrüňlerden, rowaýatlardan Gulbaba bagşa taý tapmak bize megerem, başartmasa gerek.

Ol iliň öňünde göründigi diňleýjileriň şowhuny asmana galýardy. Diňleýjiler onuň kiçijek göwresine, çaga ýörişine, özüne gelşipjik duran ak telpegine däl-de, körpe bagşynyň dutary ezber tutuşyna, ýaşyna gelişmeýän ussatlyk bilen aýdym aýdyşyna el çarpardylar. Dogrusyny dogry aýtmak gerek, birentegimize otuz-kyrk ýaşda-da Gulbabanyň ýeten ussatlygyna ýetmek başartmaýar. Gulbaba bilen işlemek örän hezildi. Oňa täze sazdyr aýdymy öwretmek üçin uzak wagt gerek däldi. Dutarçylar ansamblymyzyň çykyşynda hemmämiziň öňümizde oturyp „Balsaýady" çalşy hiç bir diňleýjiniň göz öňünden gitmese gerek.

Gulbaba, entekler oýnamalydy, entekler ýaşamalydy, täze-täze aýdymlary aýtmalydy.

Ona ýetmän kämillige ýetişen,
Şirin sesi bulutlara gatyşan,
Awçy bilen çölde jeren atyşan,
Dymdy dutar çalan eliň, Gulbaba.

1966-njy ýylyň 1-nji iýunyna türkmen halkynyň iň körpe bagşysy Gulbaba Akyýew dünýäden ötdi.

Gulbabanyň adyny ebedileşdirmek üçin birnäçe çäreler geçirildi. Häzir ýörite zehinli ýaşlarymyza Gulbaba adyndaky baýrak gowşurylýar.

## Daňatar Öwezow

Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi Daňatar Öwezow ýurdumyzyň ýaş professional sungatyny dutardan opera, oratoriýadyr simfoniýa çenli ösdürmäge işjeň gatnaşan türkmen kompozitorlarynyň hatarynda durýar.

Daňatar Öwezow 1911-nji ýylda Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Mülkýusup obasynda eneden bolýar. Ol şu obada ýaşlyk ýyllaryny geçirýär. Geljekki kompozitoryň kakasy Öwez Esen ogly bütin ömrüni daýhançylykda geçirýär. Daňataryň ýaşlygy agyr ýagdaýda geçýär. Kakasy aradan çykansoň, hojalygy dolandyrmak onuň paýyna düşýär. 1923-nji ýylda Daňatar Öwezow iki sany aýal dogany bilen Mary şäherindäki çagalar öýüne düşýär we şol ýerde okamaga başlaýar. 1925-nji ýylda D.Öwezow Daşkent şäherinde ýerleşýän tehnikumyna okamaga gidýär. Onuň şol ýerde öňden bäri eden arzuwy hasyl bolýar, ol ahyrsoňy saz bilen meşgullanmaga başlaýar. 1930--njy ýylda ýaş sazanda özüniň duhowoý orkestri üçin ilkinji „Türkmen marşyny“ ýazýar. Ondan başga-da ýurdumyzdaky duhowoý orkestr üçin „Piýala“, „Sen-sen“, „Bibijan“, „Bady-Saba“, „Daş galdy“ ýaly sazlary kebşirlänleriň biridir. 1933-nji ýylda Daňatar Öwezow Aşgabada gaýdyp gelýär. Geljekki kompozitor dürli wezipelerde işlemeli bolýar. Daňatar Öwezow ilkinji iri eserlerini 1935-nji ýylda ýazýar. Daňatar Öwezow sazçylyk bilimini artdyrmak maksady bilen Leningradyň konserwatoriýasyna okuwa girýär. „Leýli-Mejnun” operasyndan soňra kompozitor, esasan, aýdym žanrynda işleýär. Ol häzirki zaman temasyna bagyşlanan dürli mazmunly aýdymlaryň ençemesini döredýär. Olardan „Köpetdag”, „Näme üçin”, „Şetdaly”, „Waharman”, „Watan”, „Meni “ ýaly eserleri mysal bolup biler. 1948-

-nji ýylda D.Öwezow Moskwanyň P.I.Çaýkowskiý adyndaky döwlet konserwatoriýasyna okuwa girýär. Üç ýylyň dowamynda professor S.A.Balasanýanyň elinde bilim alýar. Onuň döredijilik işiniň esasy ornuny wokal-simfoniki sazlary eýeleýändir. Olara „Watan”, „Dutaryň owazy”, „Zähmet soňy rehnetdir” we beýlekiler mysal bolup biler. Aýdymlaryna „Çal dutarym”, „Gar ýagýar” we ş.m. degişlidir. Aşgabatdaky Türkmen döwlet ýörite orta sazçylyk mekdebi Daňatar Öwezowyň adyny göterýär.

## Weli Ahmedow

Kompozitor Weli Ahmedow 1918-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Mary şäherinde eneden bolýar. Weli Ahmedow daýhan maşgalada ýaşlykdan ýetim galýar we Mary şäherindäki çagalar internatynda terbiýelenýär. 1934-nji ýylda Weli Ahmedow Aşgabadyň sazçylyk mekdebine okuwa girýär. 1948-nji ýylda Moskwanyň Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasyna okuwa girýär. Weli Ahmedow „Pagtaçy gyz“ , „Türkmenistan“ ýaly eserleri ýazyp başlaýar. 1953-nji ýylda Weli Ahmedow konserwatoriýany gutarýar we Aşgabat filarmoniýasynda işe başlaýar. Şol ýyllar Weli Ahmedow türkmen milli saz gurallaryndan çalmak üçin saz döretmekde köp işleýär. Şol ýyllarda döreden sazlarynyň içinde has tapawutlanýanlary „Bal saýat” we „At çapan” sazlary bolup, dutar saz guralynda çalmak üçin niýetlenendir.

Kompozitoryň döredijiliginde çagalar üçin sazlar uly orun tutýar. 1962-nji ýylda Weli Ahmedow Kaýum Taňrygulyýew bilen bilelikde „Çagalar üçin” diýen kitaby çykarýarlar. Weli Ahmedowyň sazyna döredilen aýdymlar birnäçe geçirilen bäsleşiklerde ýokary baýraga mynasyp bolupdyr.

1967-nji ýylda Weli Ahmedow umumybilim berýän mekdep üçin aýdym kitabyny ýazypdyr. Kitapda sazyň nazaryýeti, türkmen, rus kompozitorlary bilen tanyşlyk barada aýdylýar. 1972-nji ýylda kompozitor, K. Gurbannepesowyň sözlerine „Doganlyk“ kantatasyny, birinji uly wokal-simfoniki eserini döredýär. Bu eser ýerine ýetirijiler, hor we simfoniki orkestr üçin niýetlenendir. 1954-1956-njy ýyllarda Weli Ahmedow Türkmen döwlet filarmoniýasynyň çeper ýolbaşçysy bolup işleýär.

Weli Ahmedowyň sazyna döredilen aýdymlar: „Biziň pagtamyz“ , „Çopanyň aýdymy“. Onuň birnäçe hor eserleri hem bar. Olardan: „Nebitdag”, „Saýra bilbil”, „Gözüm düşdi”. Mundan başga-da Weli Ahmedow „Pagtaçy gyz”, ,,Çopanyň sesi”, „Bolarmy” ýaly aýdymlaryň hem sazyny ýazýar. Ol çagalar üçin hem birnäçe sazlary döredýär. Oňa K. Taňrygulyýewiň sözlerine ,,Gözel ülke”, ,,Süýji bolýar”, ,,Alma bişipdir”, ,,Guşjagaz”, ,,Sanawaç”, ,,Pöwrize”, ,,Kömelek”, ,,Hüwdi”, ,,Kiçi bilen geçi” we beýlekileri mysal alsa bolar. Weli Ahmedow ussat kompozitordyr.

## Nury Halmämmedow

Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Nury Halmämmedow saz döredijiliginiň ýagtylygy, türkmen halk heňlerine ýakynlygy bilen tapawutlanýan kompozitordyr.

Nury Halmämmedow 1940-njy ýylyň 24-nji fewralynda Bäherden etrabynyň Mürçe obasynda eneden bolýar. Bäş ýaşynda ene-atadan galan Nury çagalar öýünde terbiýelenýär. Şol döwürde Nury Bäherdeniň internatyndan saý-sebäp bilen Baýramalynyň çagalar öýüne düşýär. Nury 1947-nji ýylda umumybilim berýän mekdepde okamaga başlaýar. Nurynyň özünden başga üç erkek we bir aýal dogany bolupdyr. Olar Baýly, Aşyrberdi, Begmämmet we Artyk (aýal dogany). Nurynyň uly agasy Baýly bagşyçylyk bilen meşgul bolmagy maksat edinip, Annahal diýilýän bagşydan köp zatlary öwrenipdir. Şonda ýany bilen körpe jigisi Nuryny hem äkider eken. Baýly öz inisi Nuryny obalarynda bolýan toýlara, üýşmeleňlere äkidýär. Şondan soňra Nuruda ýaşlykdan saza bolan söýgi döreýär. 1948-nji ýylda bolsa okuwyny, sazçylyk mekdebi bilen bilelikde dowam edýär. Sazçylyk mekdebinde Nurynyň tebigy zehininiň bardygy ýüze çykyp, ol ýedi ýylda geçilmeli programmany tejribeli mugallyma Olga Alekseýewna Kriwçenkonyň ýolbaşçylygynda dört ýylda geçip, Türkmen döwlet sazçylyk uçilişesiniň fortepiano bölümine okuwa girýär. Ikinji kursdan bolsa görnükli pedagog Aşyr Kulyýewden saz düzmegiň

kompozisiýasyndan sapak alýar. Ol şol döwürde „Marş“, „Ýatlama“, „Türkmen tansy“ atly sazlaryny ýazýar.

1958-nji ýylda Nury Halmämmedow Moskwanyň P.I.Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasynyň kompozitorlyk bölümine okuwa girýär. Ol okuw döwründe fortepiano üçin „Dutaryň owazy“ atly sýutana ýazmak bilen tamamlaýar. Kompozitor Nury Halmämmedowyň döredijiliginde kinofilmlere saz ýazmak möhüm ýerde durýar. Olardan „Şükür bagşy“, „Magtymguly“, „Keçpelek“, „Serdar“, „Mukamyň syry“ we başgalary mysal getirmek bolar. Ol bulardan başga hor we fortepiano üçin Ata Atajanowyň sözlerine „Dostluk bagy“, Kerim Gurbannepesowyň sözlerine çagalar üçin „Aýaz baba bize geldi“, Gurbannazar Ezizowyň sözlerine „Dostluk aýdymy“, Magtymgulynyň sözlerine „Uýat eýleýir“, „Neýläýin“, „Gözel Şirgazy“, Mollanepesiň sözlerine „Ýadyma düşdi“, „Gyz“, „Haýrana galar” we başgalary mysal getirmek bolar. Ol bulardan hem başga birnäçe aýdym we saz eserleriniň awtorydyr. Nury Halmämmedow 1983-nji ýylda aradan çykýar.

## Rejep Rejebow

Türkmenistanyň görnükli kompozitory Rejep Rejebowyň saz döredijiligi diňe Türkmenistanyň çäginde däl-de, ondan daşarda-da bellidir.

Kompozitor Rejep Rejebow 1944-nji ýylyň 23-nji iýunynda Gyzylarbat şäherinde gullukçy maşgalasynda eneden bolýar. Saza gyzyklanma ýaşlykdan döräpdir. Ýedi ýaşyndan dilli tüýdükde halk heňlerini çalmaklyga synanyşýar. l951-nji ýylda umumybilim berýän mekdepde hem-de şol bir wagtda sazçylyk mekdebinde okap başlaýar. 1959-njy ýylda doly däl orta mekdebiniň üflenip çalynýan saz gurallary bölüminiň, turba bölümine okuwa girýär. Okuw döwründe fortepiano we gaboý hem turba üçin birnäçe saz ýazýar.

1963-nji ýylda ýörite orta sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlaýar we şol ýyl Moskwanyň P.I. Çaýkowskiý adyndaky konserwatoriýasynyň kompozitorlyk bölümine okuwa girýär. Okuw döwründe tarly saz gurallary üçin, fleýta hem wiolonçel, fortepiano üçin saz eserlerini ýazdy. Fortepiano üçin ýazan saz eserleriniň toplumy esasynda

„Çagalar albomy” atly belli ýygyndysy çykýar. Ol saz gurallary üçin döreden saz eserleri bilen bir hatarda „Bulutlar”, „Saňa”, „Güljagaz”, „Daş galdy”, „Tapylar”, „Näme üçin” ýaly aýdymlary ýazýar. 1966-njy ýylda kinorežissýor B.Mansurowyň çagyrmagy bilen „Teşnelikden gandyrylanlar” atly kinofilmiň sazyny ýazýar.

1968-nji ýylda konserwatoriýany tamamlap, Aşgabada gaýdyp gelýär we D.Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite orta sazçylyk mekdebinde sazyň teoriýasy dersinden sapak bermäge başlaýar. Ol sapakdan daşary döredijilik işi bilen meşgul bolýar. Kompozitoryň döredijiliginde kinofilmlere saz ýazmak esasy ýerde durýar. Ol 1973-nji ýylda „Tüssesiz ot bolmaz”, 1975-nji ýylda „Ýok diýmäni başar”, 1980-nji ýylda „Jemalyň daragty” ýaly başga-da birnäçe kinofilmleriň sazyny ýazdy. Kompozitor R.Rejebowyň döredijiliginde aýdym eserleri uly orna eýedir. Ol A.Atajanowyň sözlerine „Türkmenistan güneşi”, „Gül açan arzuw”, „Biziň mekdep bagymyz”, „Ýalňyz ýoda”, G. Aşyrowyň sözlerine „Ýör gideli gezelenje”, A. Kekilowyň sözlerine „Gözledim seni”, I.Nuryýewiň sözlerine „Dillen läläm”, G.Ezizowyň sözlerine „Daglar”, „Dostluk hakda aýdym” ýaly başga-da birnäçe aýdymlary mysal getirmek bolar.

T.Artykgulyýewiň sözlerine „Bizdedir”, G. Goçmyradowyň sözlerine „Baýram han“, H. Gurbanowyň sözlerine „Gül Watanyň gujagynda” ýaly aýdymlary mysal getirmek bolar. Ol bulardan hem başga birnäçe aýdym we saz eserlerini ýazdy.

## Çary Nurymow

Magtymguly adyndaky döwlet baýragy atly sylagy alan kompozitor Çary Nurymowyň döredijiligi diňe Türkmenistanda däl-de, onuň çäginden daşarda hem bellidir. Ol türkmen kompozitorçylyk gurşawyna 60-njy ýyllaryň başynda gelýär. Onuň eserleriniň sany köpdür. Kompozitoryň üç balet, üç konsert we uly simfoniki, wokal, hor, kamera-gural eserleri bardyr. Şeýle-de kinofilmleriň we köp aýdymlaryň sazlaryny hem öz içine alýar. Watanyna bolan söýgüsi, ülkesiniň gözelligi, öz döwrüniň tutanýerli zähmeti Ç. Nurymowyň

döredijilik temalarynyň we şekilleriniň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Onuň döredijiligi özüniň köp taraplylygy, üns çekijiligi, tolgundyryjylygy bilen tapawutlanýar. Kompozitoryň balet eserinde, simfoniýalarynda, aýdymlarynda we sazlarynda millilik esasy orunda durýar. Kompozitor Çary Nurymow 1941-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynyň Azat obasynda daýhan maşgalasynda eneden bolýar. Çary ýedi ýaşynda umumybilim berýän mekdepde hem-de sazçylyk mekdebinde okamaga başlaýar. Geljekki kompozitoryň ilkinji mugallymy ajaýyp pedagog, pianist Olga Alekseýewna Kriwçenko.

Çary Nurymow 1955-nji ýylda Türkmen döwlet ýörite orta sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Ol ýörite orta sazçylyk mekdebinde bir wagtyň özünde iki bölümden sazyň (teoriýasy) nazaryýeti hem-de üflenip çalynýan saz gurallar bölüminiň gaboý klasynda okaýar.

Bulardan başga-da Çary Nurymow kompozitor A. Kulyýewden saz ýazmak usuly dersinden sapak alýar. Kompozitor Ç. Nurymow diplom işine ýazan „Simfoniki orkestr üçin uwertýura” sazy gutardyş toparynyň hasabat konsertinde ýerine ýetirýär. Çary Nurymow ýörite orta sazçylyk mekdebini iki hünär boýunça tamamlandan soňra, 1959-njy ýylda Moskwanyň döwlet sazçylyk pedagogik institutynyň kompozitorlyk bölümine okuwa girýär. Okuw döwründe Çary Nurymow gaboý üçin simfoniýa we sonatina, fortepiano üçin sonatino, skripka we fortepiano üçin sonato ýazýar. Institutda okan döwründe ýazan eserlerinden simfoniki orkestr üçin uwertýurasy tapawutlanyp, onda Ç. Nurymow aýratyn iki sany tema esaslanýar. Birinji tema – hereketli, temperamentli. Onda ýaşlyk joşgunyny, ýaşaýşyň uçgunlaryny, gyzgynlygyny duýup bolýar. Ikinji temasy – mylaýym, liriki häsiýete eýe. Uwertýuranyň aralyk böleginde tämiz orkestr nagyşlary emele getirilip, iki tema hem özara baglanyşyp şahalanýar. Ý. Akulowyň ýolbaşçylygynda bu uwertýura ilkinji gezek 1964-nji ýylda Moskwada merkezi radio we telewideniýäniň orkestri tarapyndan ýerine ýetirildi. Ç. Nurymow instituty 1964-nji ýylda mi mažor simfoniýasyny ýazmak bilen tamamlaýar.

Kompozitor ,,Gämi“, ,,Garagum-kanal“ diýen kinofilmlerine saz ýazypdyr. Şol döwürde ýazylan aýdymlaryň sazlaryndan ,,Aýgözel“, ,,Näzlim uz maňa“, ,,Aşgabat“, ,,Toý aýdymy“, ,,Biz Watanyň lälesi“, ,,Ganatly nesil“ we beýlekiler uly ada eýe boldy.

Ç.Nurymow türkmen sazynda, orkestriň sazandarlyk etmeginde sözsüz aýdym aýtmak žanryna ilkinji çemeleşip, terbiýeläp ýetişdiren sazanda kompozitorlaryň içinde Jeren Gurbangylyjowa türkmen aýal-gyzlaryndan ilkinji kompozitordyr. Kompozitor Ç. Nurymow saz döredijiligine ýokary baha berip, Türkmenistan döwletiniň hökümetiniň hormat hatlary, medallary bilen sylaglandy. Kompozitor Çary Nurymow 1992-nji ýylda aradan çykýar.

## Baýramdurdy Hudaýnazarow

Baýramdurdy Hudaýnazarow Türkmenistanda ady belli kompozitordyr. Onuň köp sanly aýdymlaryny çeper höwesjeňleriň we hünärli aýdymçylaryň ýerine ýetirmeginde çykyşyny teleýaýlymda ýygy-ýygydan görmek bolýar.

Baýramdurdy Hudaýnazarow 1946-njy ýylyň 11-nji maýynda Aşgabadyň ýanynda Köpetdagyň jülgesindäki Arçabilde gullukçy maşgalasynda eneden bolýar. Ol 1953-nji ýylda umumybilim berýän mekdepde okamaga başlaýar. Saza bolan söýgi Aşgabadyň çagalar medeniýet köşgünde Bäşim Lallakowyň ýolbaşçylygyndaky dutar gurnagyna gatnaşmakdan başlaýar. Ol 1960-njy ýylda Türkmen döwlet ýörite orta mekdebiň Allaberdi Allaberdiýewiň ýolbaşçylygyndaky dutar öwreniş bölümine okuwa girýär. Okuw döwründe Ilmyrat Pudakowyň sözlerine ,,Pöwrize“ atly aýdymy ýazýar. 1964-nji ýylda mekdebi tamamlaýar we ýurduň halk döredijilik öýünde uly usulçy bolup işläp başlaýar. Ol işden daşary döredijilik işi bilen meşgullanyp başlaýar. 1967-nji ýylda Türkmenistan boýunça geçirilen çeper höwesjeňleriň festiwalynda kompozitor B. Hudaýnazarowyň, G. Seýitliýewiň sözlerine döreden ,,Gözleriň“ diýen aýdymy l-nji derejeli diploma mynasyp bolýar. 1970-nji ýylda kompozitoryň şahyr A. Agabaýewiň sözlerine döreden ,,Çalsana bagşy“ diýen aýdymy

gözden geçirilişde birinji baýraga mynasyp bolýar. Kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarowyň döreden aýdymlarynyň içinde birnäçesi çeper höwesjeňleriň Türkmenistan we halkara festiwalynda ýokary baýraklara mynasyp boldy, olardan A.Atajanowyň sözlerine „Goňşy gyz“, „Gel obamyň lälesi“, „Ak derýa“ ýaly aýdymlary we başgalary mysal getirmek bolar. Ol türkmen halk aýdym-sazlarynyň birnäçesini dutar üçin täzeden işläp nota geçirdi. Olardan „Keçpelek“, „Näz eder“, „Baga seýle“, „Tapylar“, „Peýmanyň“, „Nar agajy“, „Bilbil gördüm“, „Dön göwnüm“ we başgalary aýtmak bolar. Baýramdurdy Hudaýnazarow Türkmenistanyň dürli etraplarynda bolmak bilen „Küştdepdi” halk tans sazynyň on bäş görnüşini ýazdy. Kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarow 1971-nji ýylda Daşkent döwlet Konserwatoriýasynyň kompozitorlyk bölümine okuwa girýär. Okuw döwründe ol halk saz gurallary we (orkestr) saz topary üçin birnäçe saz eserlerini ýazýar. Olardan üç bölümden ybarat „simfoniki eserini”, ýedi bölümden ybarat uly simfoniki orkestr üçin „sýuita” atly saz eserini ýatlamak bolar. Kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarow diplom işi üçin türkmen kompozitorlarynyň arasynda ilkinji bolup, „Fagot hem orkestr üçin konsert” atly saz eserini ýazýar. Kompozitoryň bu eseri türkmen halk saz gurallary üçin döredilen çeper eserleriň biri bolup durýar.

Kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarow 1977-nji ýylda konserwatoriýany üstünlik bilen tamamlaýar. Kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarow çagalar üçin birnäçe aýdymlary ýazdy. Olardan A. Aşyrowyň sözlerine „Leýlisaç”, B. Kerbabaýewiň sözlerine „Towuk”, T. Taganowyň sözlerine „Mekanyň” ýaly başga-da birnäçe aýdymlary mysal getirmek bolar.

Kompozitor Baýramdurdy Hudaýnazarow konserwatoriýany gutarandan soňra, 1979-njy ýyldan Türkmenistan kompozitorlar birleşmesiniň jogapkär mürzesi bolup işe başlaýar. Işinden daşary aýdym-saz döredijiligi bilen meşgullanýar.

## Jeren Gurbangylyjowa

Ilkinji türkmen kompozitor zenany Jeren Gurbangylyjowa 1955--nji ýylyň 3-nji iýunynda Aşgabat şäherinde gullukçy maşgalasynda

eneden bolýar. Ol ýedi ýaşynda ýörite sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Sekizinji synpy gutarandan soň, Jeren 1970-nji ýylda Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň fortepiano bölümine okuwa girýär. Jeren Gurbangylyjowa okuwdan daşary görnükli mugallym, kompozitor Çary Nurymowdan saz düzmek usulyndan sapak alýar. Ol şol döwürde fortepiano we skripka üçin birnäçe saz eserini hem-de simfoniki orkestr üçin iki tans sazyny ýazýar.

1974-nji ýylda Jeren Gurbangylyjowa Türkmen Döwlet pedagogik sungat institutynyň kompozitorlyk bölümine girýär. Okuw döwründe Türkmenistanyň talyp kompozitorlarynyň iň gowy eserleriniň gözden geçirilişinde Jeren Gurbangylyjowanyň fortepiano üçin ýazan sonatasy birinji baýraga mynasyp bolýar. Diplom işi üçin 1979-njy ýylda „Orkestr hem wiolonçel üçin konsert“ atly saz eserini ýazmak bilen instituty tamamlaýar. Jeren Gurbangylyjowanyň şu saz eseri 1980-nji ýylda Türkmenistan kompozitorlar birleşmesiniň maslahatynda ýaňlanýar. Kompozitoryň bu saz eseri özüniň owazlylygy, dürli saz öwüşginliligi bilen diňleýjileriň ünsüni özüne çekýär. Kompozitor Jeren Gurbangylyjowa çagalar üçin şahyr N.Baýramowyň sözlerine „Çopan“, „Eje“ atly aýdymlary ýazdy. Ol bulardan başga-da birnäçe aýdym we saz eserlerini döretdi. Kompozitor Jeren Gurbangylyjowa 1979-njy ýyldan bäri Daňatar Öwezow adyndaky ýörite sazçylyk mekdebinde sazyň nazaryýeti dersinden sapak berýär. Kompozitor Jeren Gurbangylyjowa işinden daşary saz döredijilik işi bilen meşgullanýar.

## Nury Muhadow

Nury Muhadow 1924-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda Aşgabadyň Bagyr obasynda eneden dogulýar. Onuň kakasy Muhat aga aýdym-saza belet adamdy. Ol saz gurallaryny ýasaýan meşhur ussatdy. Nury ýaşlykda Pürli Saryýewiň çalan sazlaryny, Alty Garlyýewdir Bäşim Nuralyýewiň sungat baradaky gürrüňlerini telim gezek diňläpdi. Şol wagtlar Moskwa konserwatoriýasynyň talyby, öz agasy Weli Muhadow dynç alşa gelende, Nury onuň ýanyndan aýrylman, saz bilen

baglanyşykly köp sowallar bererdi. Nury ýaşlykda gyjak çalýardy. Nury Muhadow 1939-njy ýylda Moskwa konserwatoriýasynyň türkmen bölümine okuwa girýär. Ol professor A.P.Stogorskiniň synpynda wiolonçelden sapak alýar. Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy sebäpli, Nury Muhadow Moskwa bilen hoşlaşmaly bolýar. Ol 1942--nji ýylda Sowet Goşunynyň hataryna çagyrylýar. Bu ýerde ol ýörite harby mekdebi tamamlap, Stalingrady goraýan diwiziýalaryň biriniň hataryna goşulýar. Nury Muhadow Stalingratdaky, Kurs çatrygyndaky söweşlere, Ukraina, Rumyniýa, Wengriýa, Çehoslowakiýa söweşlerine gatnaşýar. Uruş döwri Nury Muhadow duhowoý orkestr düzýär, ol orkestr esgerleriň iň ýakyn hemrasyna öwrülýär. Beýik Watançylyk urşy gutarandan soň, Nury Muhadow Aşgabada gelýär. 1948-nji ýylda Aşgabatda ýer titremesi zerarly Türkmen döwlet opera we balet teatry wagtlaýyn Mara göçürilýär. Bu ýerde Nury Muhadow birinji dirižor edilip bellenilýär. 1952-nji ýylda Nury Muhadow Türkmen döwlet ýörite orta sazçylyk mekdebine gaýybana okuwa girýär. Sazçylyk mekdebini üstünlikli tamamlaýar. 1958-nji ýylda bolsa, N. Muhadow Daşkentdäki döwlet konserwatoriýasyna okuwa girýär. Ol professor Boris Isakowiç Zeýdmanyň elinde okaýar. Okuw ýylynda birnäçe eserleri döredýär. Olardan has görnüklisi bolan „Mollanepes“ simfoniki poemasyna we „Çudesnyý lekar“ baletine saz döredýär. Çagalaryň hor toparlary üçin hem-de köp sanly aýdymlar üçin ýazan sazlary hem öz ornuny örän tiz tapýar. Nury Muhadow çagalar üçin köp sanly eserleriň hem awtorydyr. Ýazan eserlerinden has tanymallary K.Gurbannepesowyň sözlerine „Nazarjanyň piljagazy“, A. Haýydowyň sözlerine „Gülälek“, „Çopan oglan“, A. Çüriýewiň sözlerine „Gül mekanyň bahar-ýazy“, M. Myşşyýewiň sözlerine „Goraň çagaň bagtyny“, „Çaga dünýäň geljegi“ we beýlekiler bolup durýar. Çagalar hory we fortepiano üçin „Şöhrat aýdymy“, „Ur, baraban“, „Bagda alma bişipdir“, „Tüýdükçi Myratly“ we ş.m. mysal almak bolar. Nury Muhadowyň bitiren hyzmatlary nazarda tutulyp, oňa 1965-nji ýylda TSSR-iň sungatda at gazanan işgäri diýen hormatly at dakyldy.

## Durdy Nuryýew

Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri, kompozitor Durdy Nuryýew 1933-nji ýylyň 17-nji oktýabynda Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynyň Azat obasynda eneden bolýar. Durdy Nuryýew 1944-nji ýylda mekdep-internata düşýär. Şol ýerde hem ol saz bilen meşgullanyp başlaýar. Soňra Durdy Nuryýew Marynyň Mugallymçylyk mekdebine we sazçylyk mekdebine okuwa girýär. Marynyň sazçylyk mekdebinde okan ýyllary Durdy Nuryýew fortepianoda türkmen heňlerini çalmaga, kiçijik aýdymlar ýazmaga synanyşýar. Sazçylyk mekdebi 1951-nji ýylda fortepiano boýunça L.K. Lobanowanyň, dutar boýunça Han Akyýewiň synpynda tamamlaýar. Şol ýyl hem Türkmen döwlet ýörite orta sazçylyk mekdebini tamamlandan soňra, Durdy Nuryýew respublikanyň sazçylyk mekdebiniň okuw bölüm müdiri wezipesine bellenýär. Sazçylyk mekdebinde işlän döwründe ol birnäçe tejribe toplaýar we ilkinji eserlerini çagalar üçin döretmäge girişýär. Fortepiano üçin dokuz sany dürli häsiýetdäki sazlary döredip, D.Nuryýew ol sazlary „Çagalar albomy“ diýen kitabynda jemleýär we ol kitap 1958-nji ýylda çap edilýär.

Durdy Nuryýew 1959-njy ýylda Daşkent döwlet konserwatoriýasyna, professor Boris Isakowiç Zeýdmanyň klasyna kompozitorçylyk hünäri boýunça okuwa girýär. Konserwatoriýada okan ýyllary ol kirişli gurallar orkestri, fortepiano we litawra üçin uwertýura „Garagum kanaly“ atly simfoniki kartina we ş.m. eserler ýazdy. Durdy Nuryýewiň diplom işi „Türkmen simfonettosydyr“ Kompozitor 60--njy, 70-nji ýyllar aýdymlar, hor eserler, wiolonçel üçin sonatina, baýan, gaboý fortepiano üçin pýesalar, „Ýuwaş gelin“ kinofilmine saz ýazdy. Ol „Gunça” we „Umytsyz söýgi“ operettalarynyň hem awtorydyr.

Gysga wagtyň dowamynda Durdy Nuryýew saz döredijiliginiň dürli žanrlarynda we formalarynda öz güýjüni görkezdi. Başga-da ol „Ýalynly ýürekler“ operasyny ýazdy. Durdy Nuryýew Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite orta sazçylyk mekdebinde mugallym bolup işledi.

Çagalar hory üçin N.Baýramowyň „Öseliň, tiz öseliň“, „Toýa ýör, toýa“, H.Seýidiň „Babamyz“, A.Kekilowyň „Kepderi“, G.Burunowyň „Gazlar“ diýen goşgularyň sözlerine sazlary ýazýar.

## Türkmen milli saz gurallary

Türkmeniň saz gurallary üç görnüşden ybaratdyr:
1) türkmeniň üflenip çalynýan saz gurallary;
2) türkmeniň kirişli saz gurallary;
3) türkmeniň kakylyp çalynýan saz gurallary.



Ýer kösi (hum kös)



Gamyş naý



Sandyk üstünde keýik

## Türkmeniň üflenip çalynýan saz gurallary

Türkmenler öz geçmiş taryhynda üflenip çalynýan saz gurallarynyň: dilli tüýdük, gamyş balaman, agaç balaman, naý, şatlyk, gargy tüýdük, surnaý, aw bory, bürünç bory, kernaý, gopuz, çaga jüljülleri ýaly onlarça görnüşlerini döredipdirler. Olaryň käbirleri biziň günlerimize çenli gelip ýetenem bolsa, käbirleri ýitip gidipdir.


Gargy tüýdük


Naý


Kernaý


Iki burnaly kernaý


Söweş borusy


Şatlyk
(şadyýan tüýdük)


Surnaý



Gamyş naý



Dilli tüýdük



Goşa dilli tüýdük



Gamyş balaman



Agaç balaman



Aw bory (tüýdük)



Meşikli tüýdük



Demir gopuz



Çaga jül-jülleri

## Türkmeniň kirişli saz gurallary

Kirişli saz gurallar hem saz gurallar taryhynyň bir görnüşi bolup, olaryň köpüsi kämilleşen saz gurallarydyr. Kirişli, ýagny tarly saz gurallar biziň milli saz gurallarymyzyň iň esasylary hasaplanylýar.Ol özüniň gözbaşyny dutar saz guralyndan alyp gaýdýar. Biziň bu saz gurallarymyz özüniň guralyşy we seslenişi bilen biri-birinden tapawutlanýar.


Dutar


Tanbur


Saz


Baglama


Ikidilli


Rubap


Gyjak


Bozuk


Ud


Sandyk üstünde keýik


Alt dutar
Sekunda dutar
Prima dutar
Kontrabas dutar
Bas dutar
Kontrabas gyjak
Bas gyjak
Dagdan gyjak
Kiriş kakar bilen ça-lynýan pik-kolo dutar
Prima dutar
Soprano dutar
Alt dutar
Sekunda dutar
Kiriş kakar bilen çalynýan dutar
Alt gyjak
Prima gyjak
Çeň
Sanbur
Kanun

## Dutaryň syry

Bu saz guralynyň gurluşy üç bölekden ybarat: kädi, gapak, sap. Onuň kädisi, esasan, tut agajyndan ýasalýar. Tut näçe garry bolsa, şeýle-de diametri 60-70 santimetrden uly bolsa, gowy dutar düşýär. Tut agajynyň kädi üçin niýetlenip kesilen bölegi 40-50 santimetrden kelte bolmaly däl. Şol kesindi dört bölege bölünip, onuň içinden gözsüz, iň oňady saýlanyp alynýar. Kädini taýýarlamak üçin palta, byçgy, törpi, teşe ýaly gurallar gerek. Hatda kädiniň daşyny ýylmamak üçin çüýşe döwügi, gyýçak hem zerur bolup durýar. Ilki palta bilen kädiniň daşky formasyny ýasamaly. Soňra ululy-kiçili teşeler bilen kädiniň içini köwmeli. Kädiniň gyrasynyň galyňlygy bir santimetr çemesi galdyrylýar. Onuň düýbüniň, ýeňse tarapynyň galyňlygy bir ýarym, iki santimetre golaý bolmaly. Kädiniň içini köwmek işi gutarandan soň, kädini şemal degmez ýaly ýerde öýüň içinde guratmaly. Dutaryň gapagy hem tutdan ýasalýar. Onuň galyňlygy bir santimetr çemesi bolmaly. Tut agajy näçe garry bolsa, onuň çyzyklary-da şonça inçe bolýar. Bu bolsa, dutaryň has owazly çykmagyna ýardam edýär. Gapagy ilki guratmaly, soň tamdyrda köýdürmeli.

Sap erik agajyndan ýasalýar. Kädini gapaklamazdan ozal sapy berkitmeli. Sapyň uzynlygy 37 santimetr, dutaryň, umumy uzynlygy bolsa, 87 santimetrden geçmeli däl. Sapyň gurluşy biraz çylşyrymly. Ilki onuň ujundan iki ýerden deşip, oňa gulak oturtmaly, süňk önümlerinden şeýtan ýassyk ýasamaly. Sesi tutmaýan önümden buýnuz ýasap, ony kädä berkitmeli. Soňra, kirişleri dakyp, dutary düzmeli. Perde baglamazdan ozal, dutaryň sapyndan sesleri tapyp, olaryň gutarýan ýerinden galam bilen bellik etmeli. Ondan soňra kirişleri aýryp, perde baglanmaly. Gapagyň ýüzünde kirişleri göterip duran ujypsyzja çöp bar. Oňa eşek diýilýär. Eşek köýdürilen tut agajyndan bolanda dutaryň sesi dury çykýar.

## Gyjak türkmen saz guraly

Gyjak halkymyzyň milli sungatynyň ösmeginde, onuň halklaryň arasynda giňden wagyz edilmeginde uly orun tutup gelen saz gurallarynyň biridir.

Gyjaga meňzeş edilip çalynýan saz guraly ýer ýüzünde ýaşaýan halklaryň köpüsinde duş gelýär. Bu saz guralynyň türkmen halkynyň medeni durmuşynda haçan we haýsy döwürler ornaşanlygy hakynda dürli pikirler öňe sürlüpdir. Käbirleri: «Bu saz guraly türkmen saz sungatyna XIX asyryň aýaklarynda, XX asyryň başlarynda ornaşypdy» diýen ýaly çaklamalaram öňe sürlüpdir. Ýöne toplanan maglumatlar bu pikirleriň ýüzleýdigini görkezýär. Gadymy türki halklarda duran, içi köwek agaja «gypjak», «jypjak» diýlenligi üçin häzirki içi köwlüp ýasalýan gyjak saz guralymyzyň aýdylyşynda meňzeşlik bar.

XVIII-XIX asyrlarda türkmen topragy bilen baglanyşykly ýazylan iki çeşmä göz gezdireliň! Onuň biri serkerde şahyr Seýitnazar Seýdiniň «Saz eýlese, dutar-u-gyjak» diýen setirleridir. Ikinjisi bolsa, 1836-njy ýyllarda Kümüşdepeli türkmenleriň arasynda bolan rus syýahatçysy G.S.Kareliniň bize miras galdyran ýazgylary. Ine, şol ýazgylardan bir parça: «Biziň türkmenleriň arasyna gelmegimize bagyşlanyp uly dabara guraldy. Onda sazandalar hem bar ekeni. Olaryň biriniň saz guraly, skripkaňky ýaly uzyn boýunly, goýnuň içegesinden ýasalan dört kirişli, skripkanyňky ýaly örän giň ses berýän bir saz guralydy». Görşümiz ýaly, bu ýerde gönüden-göni gyjagyň gürrüňi edilýär.

Häzirki döwürde türkmen saz sungatynda gyjagyň iki görnüşi ulanylýar. Ol üç we dört kirişli gyjakdyr. Üç kirişli gyjak, esasan, halk aýdym-saz sungatymyzda, halk bagşylarymyza sazandarlyk etmekde giňden ýaýrandyr. Dört kirişli bolsa, köplenç, türkmen hem-de dünýäde tanalýan nusgawy kompozitorlaryň eserlerini fortepiano we halk saz gurallary bilen goşup çalmakda ulanylýar.

Aly Seýit, Pürli Sary, Oraz Sary, Ata Ably, Annageldi Jülge, Çary Gurban, Sapar Beki, Çary Alladurdy ýaly gyjakçylar türkmen saz sungatynda atlary uly hormat bilen tutulýan sazandalar hasaplanylýar.

Gyjak üçin ýörite saz eserini döreden adamlar hem bar. Olaryň iň önjeýli işlänlerinden Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor Aman Agajykowyň, sazandalar Ata Ablyýewiň, Annageldi Jülgäýewiň hem-de ussat sazanda Oraz Saryýewiň atlaryny agzap geçmek ýerlikli bolar.

Edil şu günlerde-de aýdym-saza, şol sanda türkmen halk saz guraly bolan gyjaga uly sarpa goýulýar.

## Türkmeniň kakylyp çalynýan saz gurallary

Öz köklerini asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan biziň ata-babalarymyzyň, halkymyzyň geçmiş taryhynda kakylyp çalynýan saz gurallarynyň onlarça görnüşleri döredilip, olary diňe aýdymdyr sazlarda däl, eýsem durmuşyň dürli maksatlarynda hem giňden ulanypdyrlar. Türkmeniň kakylyp çalynýan saz gurallaryny aw maksatlarynda giň meýdanda tegelenişip, olary kakyp, aw ürküzip, bukudan çykaryp tutmakda ulanylýan aw guraly bolup hyzmat edipdir. Duşmanyň üstüne hüjüm edilende ýüzläp kakylýan depreklerden çykýan gümmürdiler, duşmany ökje götermäge mejbur edipdir. Diýmek, türkmeniň saz guraly watany duşmandan goramakda «ýarag» hökmünde hyzmat edipdir.

Elbetde, kakylyp çalynýan saz gurallary türkmeniň toý-meýlisiniň hem bezegi bolupdyr.


Ýer kösi (hum kös)


Kös


Pyýala saz guraly


Deprek


Tebil


Dowul


Nagara


Goşa nagara



Üçburçluk



Topuk düwme



Mis çan



Gerdenlik



Üç gat jaň



Düňk jaňy



Gamyş çeň



Düwmeler



Ritm daşlar



Ritm çemçeler



Söweş dowul



Oýun dowul



Düýe kösi

## Türkmen halk aýdym-sazlarynyň döreýşi baradaky gadymy rowaýatlar we gürrüňler

### At çapan sazy

Ahal ilinde bir baý adam uly edip toý tutýar. Ol toýuna goňşy ýurtdan bir atly bagşy çagyrýar. Bagşy toýa gelýär. Oňa baý hezzet-hormat edýär. Bezelen gara öýe salyp bagşyny iýdirip-içirýärler. Bagşy toý başlamazynyň öň ýanynda dutarynyň kirişini oňarýar. Toýa taýýarlanýar. Toý başlamazynyň öň ýany oba basybalyjylar gelýär. Ony eşiden bagşy basybalyjylaryň baştutanynyň ýanyna baryp: «Bu obada toý bar, bu toýy bulamaň!» diýýär. Basybalyjylaryň baştutany sen bagşy bolanyň üçin men saňa zat diýmäýin, başga biri bolsa, men ony öldürerdim diýýär. Bagşa sen aman sypdyň diýýär. Bagşy toý eýesiniň ýanyna baryp, bolan wakany gürrüň berýär. Onda toý eýesi uruş bolar, sen sag-aman öýüňe gaýt, men seni ugradaýyn diýýär. Şeýdip, bagşyny ugradýar. Bagşy obadan çykyp barýarka basybalyjylar oba girýär. Bagşy gidip barýarka oba çozan basybalyjylaryň gylyçlarynyň seslerini, atlarynyň dükürdisini eşidýär. Ol ýoluny çölüň içi bilen dowam etdirip barýarka, bir çopan goşunynyň üstünden barýar. Bagşy şol goşuna baryp, çopana bolan zatlary gürrüň berýär. Bagşy şol ýerde bir gije ýatyp, türkmen halkynyň iň ajaýyp sazy «At çapan» sazyny döredýär. Şeýdip, «At çapan» sazy döreýär.

## Şeýtan perde

Rowaýata görä, Babagammar dutar ýasap bolansoň, ondan owaz alyp bilmän kösenipdir. Bir ýerden Şeýtan peýda bolupdyr, Babagammar ony özüne şärik etse, syryny aýtmajakdygyny mälim edipdir. Ýöne, Şeýtan oňa özüne salam bermekligi şert edip goýýar. Babagammar ilki boýun towlaýar. Ahyrsoňy bolmajakdygyna gözi ýetip, türkmeniň «hilelik hem batyrlykdyr ýerinde» diýen aýtgysyna eýerip, öňüne saçak ýazýar-da Şeýtan gelende «Essalawmaleýkim» diýýär. Şeýtan heşelle kakyp gülýär-de, Babagammara dutaryndaky (şol wagtky ýok bolan) ýokarky buýnuz bilen gulagyň arasyndan perde bogmagy maslahat berýär. Şol perde boglandan soň, dutaryň häzirki owazy peýda bolýar. Şol rowaýat bilen baglanyşykly şol perde «Şeýtan perde» ady bilen mälimdir. Şondan soň Şeýtan Babagammaryň üstünden gülüp, gününe goýmaýar. Şonda Babagammar özüniň Şeýtana däl-de, saçaga salam berendigini aýdýar. Netijede, Şeýtan ýene ýeňilýär.

Eşek termini bilen baglanyşykly şeýle bir rowaýat hem döräpdir. Bagşyçylyk sungatynda uly yz galdyran Garly Ýolamanow bir toýda aýdym-saz edip, hezil berip otyrka, bir dikdüşdi peýda bolupdyr-da, bagşynyň elindäki dutaryny siltäp alypdyr. Onsoň dutaryň gulaklaryny towlap, kirişlerini üzülere gelýänçä çekipdir. Şol bolşuna dilinem oýnadypdyr.

– Bagşy aga, kirişler düzüldimi?

Häliden bäri näme söz gatjagyny bilmän jany ýanyp duran bagşy biragyz söz bilen ony jaýdar çüýläpdir.

– Han ogul, kirişler owal-ahyr düzüwdir. Ýöne, sen dutaryň sesini sazlajak, bolsaň «atdaşyňy» biraz öňe-yza süýşürip gör – diýip, gapagyň üstündäki şinejigi-eşegi görkezipdir.

## „Gyryldy” sazy

Bir gün daň saz beren uçurlarynda Maňgyşlak türkmenleriniň üstüne galmyklar dökülipdir. Erkek adamlaryň köpüsi balyk tutmak, guş awlamak üçin gaýyk bilen deňziň jümmüşine gidenleri sebäpli, galmyklar onçakly garşylyk görmän, deňzi ýakalap oturan uly obany boýun egdiripdirler. Dürli sebäpler bilen obada galan erkek adamlaryň derde ýararlysynyň hemmesini gyrypdyrlar.

Mallaryny bolsa iki sany atlynyň öňüne salyp, öýlerine tarap ýollapdyrlar. Esasy maksatlary ol ýerdäki türkmenleri hemişelik golasty etmek bolany sebäpli, obany weýran eden galmyklar deňze giden türkmenleriň dolanyp gelerine garaşypdyrlar. Olaryň serkerdesi aýallary, oglan-uşaklary üýşürip:

– Siz deňze gidenleriňiz dolanyp gelende olary nähili garşy alýarsyňyz – diýip sorapdyr. Şonda gözüniň ody alnan ýaş oglanlaryň biri gorkusyna:

– Barymyz kenara çykardyk. Amandöwlet bagşy bolsa, hol daşyň üstünde oturyp saz çalardy diýipdir. Galmyklar gussa batyp oturan 70 ýaşly gojany köne dutary bilen idenekledip öýünden çykaryp, kenarda ýatan gara daşyň üstünde oturdypdyrlar. Oňa çenli Gün ýerden esli saýlanyp, deňze gidenleriň gaýyklary kenara golaýlapdyr. Olar adaty garşylanyşlaryny görüp, oba aman-esen oturan eken diýen oý bilen gaýyklaryny arkaýyn sürenmişler.

Ýöne, has ýakyna gelenlerinde, Amandöwlet bagşynyň sergin howada ýaňlanýan sazynyň öňki sazlaryndan däldigini aňypdyrlar. Kürek urmalaryny goýup, üns bilen diňlänlerinde bolsa, bagşynyň hyjuw bilen çalýan henize çenli eşidilmedik bu gussaly sazyndan: «Obanyň erkek göbeklisi gyryldy, mallar sürüldi, duşman siziň geleriňize garaşyp bukup ýatyr, olar gaty köplük, başyňyzy gutaryň!» diýen manyny alypdyrlar we gaýyklaryny yza öwrüpdirler-de, açyk deňizde gözden ýitipdirler, galmyklar öz syrlarynyň nähili ýol bilen deňizçilere mälim edilendigini bilip bilmändirler.

Balykçylar beýleki bir türkmen obasyna ýüzüp baryp, bu wakany habar beripdirler. Şol sagadyň özünde birnäçe oba habar ýetip, iki ýüz töweregi saýlama atlara atlanan türkmen ýigitleri obanyň töweregini gabapdyrlar-da, deňze ser salyp ýatan duşmanyň birini sypdyrman gyrypdyrlar. Şol günüň özünde sürlen mallary-da yzyna alyp gelip, eýeli-eýesine gowşurypdyrlar. Bu waka haýran galan adamlar Amandöwlet bagşynyň şol günki çalan sazyny her toýda gaýtalap çaldyrypdyrlar. Ony beýleki bagşylar-da öwrenipdirler. «Gyryldy» at bilen halk arasynda ýaýran bu sazy käbir bagşylar mydama hem, öňürti onuň taryhyny gürrüň berip, hyjuw bilen çalypdyrlar.

## Ýoldaky waka (rowaýat)

Şahyrlykdyr bagşyçylyk bilen ile özüni tanadan Orazpolat şol gün adatdakysyndan ir oýanýar. Ol ilki endigine görä, gapdalyndaky külbede ýaşaýan kakasy Annagurt aganyň hal-ahwalyny sorap, soň toýa münüp gidýän öküziniň ýanyna barýar. Bedew atdan kem görmeýän öküzine ot-suw berensoň, ýene-de külbesine girýär.

Bagşy töre geçip, gara gazmasyny eline alýar-da, turuwbaşdan sesine bat beribräk hiňlenip ugraýar:

Bir wepaly ýaryň başyna gurban,
Biwepanyň gaşy-gözi gerekmez.
Bir goç ýigit görseň daşyna gurban,
Her namardyň elli, ýüzi gerekmez...

Niçe zatdan iller bolarmyş gorkak,
Bedew at-da-çaman, ýaby-da-ürkek,
Sözi biygtyýar bar hatyn-u-erkek,
Gurt ogluna şonuň özi gerekmez.

Goňşy obadan gelen ýigit birküç günden obalarynda dabarasy dag aşjak tutumly toýuň boljakdygyny, bagşylaryň şol ýerde geçjek bäsleşigine çagyrýandyklaryny oňa habar berýär. Çakylyk bilen gelen ýigidi ugradandan soň, Orazpolat içini hümledipdir:

– Gurt ogly, gurt ogly, ýene-de gaýratyňy görkezmeli ýeri geläýjek öýdýän...

Orazpolat şol öňki endigine eýerip, toý güni irden öküzine münüp, ýola rowana bolýar. Toý ýerine ýeteňkirläberende, endigine görä, haýbat bilen birki gezek aýagy bilen öküziniň böwrüne depýär, öküz sakga duraga-da, öňe-yza gaýşarylýar, birdenem silkinip, ýokary bökjek ýaly edipdir-de, bagşyny pylçap ýere urýar, özi bir ýerde, dutary başga bir ýerde diýýär. Şol wagt toýa barýan adamlaryň biri bu ahwalaty görüp, çalaja dillenýär:

– Bagşy weýran bolaýdy öýdýän.

Ol şeýle diýipdir-de, bu ýagdaýy habar bermek üçin, toýa ýumlugaýypdyr.

Bagty çüwüp, endam-janyna zeper ýetmedik Orazpolat hiç zat bolmadyk ýaly, ýene-de öküzine münüp, toýa baranda degişgen, wäşi ýigit:

– Ýeri, Weýran bagşy, sag-aman geldiňmi, aman-esenlikdir-dä hernä? – diýip ýylgyrýar.

Şol toýdan soň, onuň ýörgünli ady Weýran bagşa öwrülýär. Soň-soňlar meşhur bagşynyň ady uzakdan-uzak obalara-da ýaýrapdyr.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap, Saýlanan eserler, 1-nji tom, Aşgabat,Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap, Saýlanan eserler, 2-nji tom, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

6. *Дмитриева Л.Г. Черноиваненко Н.М.* Методика музыкального воспитания в школе. – Москва, „Просвещение”, 1989.

7. *Кабалевский Д.Б.* Программа по музыке 1-3 класс. – Москва „Просвещение”, 1980.

8. *Жаворонков В., Ларионов В*. Композиторы и музыковеды Туркменистана. – Ашгабат, 1982.

9. *W. Ahmedow, K. Taňrygulyýew, G. Orazow*. Aýdym 3-4-nji klaslar. – Aşgabat, l972.

10. *S. Rejepow*. Aýdym-saz we estetiki terbiýe. – Aşgabat, 1994.

11. *Y. Nurymow.* Türkmen sazlary we sazandalary. – Aşgabat, l995.

12. „Güneş” źurnaly, 2004.

13. *H. Amangeldiýew.* Aýdym-saz. I synp. – Aşgabat, 1998.

14. *H. Amangeldiýew*. Aýdym we saz. II synp. – Aşgabat, 2002.

15. *H. Amangeldiýew* Aýdym we saz. III synp. – Aşgabat, 2002.

16. *A. Kulyýew.* Sada saz teoriýasy. – Aşgabat, 1992.

17. *S. Tüýliýew.* Saz teoriýasynyň esaslary. – Aşgabat, 2008.

18. *Ýolaman Nurymow.* Türkmen sazlary we sazandalary. – Aşgabat, 1993.

## Mazmuny

Giriş.. 7
Ses 10
Nota düşegi 11
Nota 11
Gyjak açary 11
Bas açary 12
Oktawalar 13
Takt çyzygy 13
Takt 14
Ton we ýarym tonlar 14
Notalaryň bölünişi 14
Nota taýajyklarynyň nota düşeginde ýazuw düzgüni 15
Mažor perdesi 15
Minor perdesi 16
Perdäniň durnukly we durnuksyz sesleri 17
Bas açarynda notalaryň ýerleşişi 18
Minor perdesiniň üç görnüşi 18
Mažor-minor perdeleriniň üç sesi 19
Parallel tonallyk 20
Alterasiýa (açar) belgileri 20
Saz säginmeleri 21
Temp 22
Dirižýorlyk etmek 23
Interwallar 24
Uzaldyjy belgiler 25
Ritm 27
Metr 28
Ölçeg 29
Fraza 30
Repriza 30

Zatakt . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30
Modulýasiýa. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
Dinamiki öwüşginler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
Konsonans we dissonans interwallar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
Transpozisiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
Başlangyç synplarda saz terbiýesini bermegiň usullary . . . . . . . . . . . . 32
Başlangyç synplarda saz diňletmek işini guramagyň usuly. . . . . . . . . . 35
Köpçülik bolup ýerine ýetirilýän aýdymlar we olaryň başlangyç
synp okuwçylaryny terbiýelemekdäki ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
Wokal, hor endigi we başarnygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 45
Öwrediljek aýdymlary saýlap almagyň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
Aýdymy tapgyrlaýyn öwretmegiň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
Aýdymy nota bilen ýerine ýetirmegiň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52
Iki sesli aýdymlary öwretmegiň usullary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
Saz bilen sazlaşykly hereketler, olaryň görnüşleri
we öwretmegiň usullary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
I synpda aýdym, tans, marş barada düşünje
bermegiň usullary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 61
I synpda aýdym-saz sapagynyň meýilnamalaşdyrylyşy.
Meýilnamanyň ýazylyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 64
II synpda aýdym-saz sapagyny okatmagyň usullary . . . . . . . . . . . . . . . 70
II synplarda bir sagatlyk aýdym sapagynyň meýilnamasy . . . . . . . . . . 72
Aýdym-saz sapagyndan daşary geçirilýän işleri
guramagyň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Çagalara saz gurallarynda saz çalmagy öwretmegiň usullary . . . . . . . . 81
II synplarda aýdym-saz maksatnamasy esasynda sapagyň
meýilnamasyny düzmek. II synpa degişli aýdymlary öwretmek
we olary derňemek. Nury Muhadowyň „Gyzjagaz“ aýdymy . . . . . . . . 85
III synplarda saz sapagyny okatmak. „Öz halkymyň aýdym-sazlary“,
„Halk aýdym-sazlary“ diýen temalary öwretmegiň usullary. . . . . . . . . 89
Kompozitor, ýerine ýetiriji, diňleýji. Aýdym öwretmek boýunça okuw
maksatnamasynyň talaplary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92
II synplarda opera, balet, simfoniýa barada düşünje
bermegiň usullary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94
Başlangyç synplarda konsert sapagyny guramagyň usullary. . . . . . . . . 96
III synplarda geçirilýän bir sapagyň meýilnamasynyň ýazylyşy. . . . . . 96
Aýdymlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 100
Monjugatdylar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 113
Toý aýdymlary (öleňler) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 115

Küştdepmeler . . . . . 118
Dönem, ýareýjan, lollujan, haraý we kän salam aýdymlary . . . . . 119
Bagşyçylyk ýollary . . . . . 121
Ahal-teke ýoly . . . . . 124
Ýomut-gökleň ýoly . . . . . 126
Damana ýoly . . . . . 127
Salyr-saryk ýoly . . . . . 129
Çowdur ýoly . . . . . 130
Amangeldi Gönübekow . . . . . 131
Kel bagşy . . . . . 132
Täçmämmet Suhangulyýew . . . . . 134
Mylly Täçmyradow . . . . . 135
Pürli Saryýew . . . . . 137
Ata Ablyýew . . . . . 139
Nurberdi Gulow . . . . . 141
Magtymguly Garlyýew (Çuwal bagşy) . . . . . 142
Nobat Bagşy . . . . . 144
Gulbaba Akyýew . . . . . 145
Daňatar Öwezow . . . . . 146
Weli Ahmedow . . . . . 147
Nury Halmämmedow . . . . . 148
Rejep Rejebow . . . . . 149
Çary Nurymow . . . . . 150
Baýramdurdy Hudaýnazarow . . . . . 152
Jeren Gurbangylyjowa . . . . . 153
Nury Muhadow . . . . . 154
Durdy Nuryýew . . . . . 156
Türkmen milli saz gurallary . . . . . 157
Türkmeniň üflenip çalynýan saz gurallary . . . . . 158
Türkmeniň kirişli saz gurallary . . . . . 160
Dutaryň syry . . . . . 162
Gyjak türkmen saz guraly . . . . . 162
Türkmeniň kakylyp çalynýan saz gurallary . . . . . 164
Türkmen halk aýdym-sazlarynyň döreýşi baradaky gadymy rowaýatlar we gürrüňler . . . . . 166
At çapan sazy . . . . . 166
Şeýtan perde . . . . . 167
«Gyryldy» sazy . . . . . 167
Ýoldaky waka (rowaýat) . . . . . 169

*Berdimyrat Alyýew*

# AÝDYM-SAZ WE ONY OKATMAGYŇ USULYÝETI


| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Amanowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *T. Aslanowa* |
| Suratçy | *K. Garowow* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Annasähedow* |

Çap etmäge rugsat edildi 28.07.2010.
Möçberi 60 x 90 $^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. Edebi garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 11,0. Şertli reňkli ottiski 20,28.
Hasap-neşir listi 9,95. Çap listi 11,0. Sargyt 1320. Sany 1250.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.